# Türkmenistanda syýasy - jemgyýetçilik pikiriň taryhy

**Aşgabat - 2010**

**Muhammet Akmyradow.** Ýokary okuw mekdepleriniň syỳasaty öwreniş hünäriniń talyplary üçin okuw gollanmasy. - Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty A.Çarygulyỳewiń ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Muhammet Akmyradow.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# Giriş

2007-nji ýyl türkmen jemgyýeti üçin ruhy-ahlak taýdan aýratyn joşgunly ýyl boldy. Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurduň Prezidentlige ählihalk tarapyndan saýlanylmagy ýylyň esasy syýasy wakasy boldy. Bu waka garaşsyz, bitarap Türkmenistanyň öz ösüşiniň täze basgançagyna – milletiň beýik Galkynyş eýýamyna gadam urmagy bilen şöhratlandy.

Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet baştutanynyň wezipesine girişen gününden başlap, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny düýpli özgertmäge başlady. Onuň başlangyjy we ýolbaşçylygy bilen ýurtda demokratiýany pugtalandyrmaga, ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmaga, ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandymaga gönükdirilen ägirt giň gerimli, ösüşli özgertmeler ýaýbaňlandy.

Ýurtda başlanan täze eýýamyň sergin şemalyna halkymyz gowy göz ýetirýär we ony tüýs ýürekden kabul edýär. Munuň özi adamlara ganat bekläp, olaryň ertirki günlerine ynamlaryny artdyrýar, olaryň döredijilik ruhuny ýokary galdyrýar, olary jan aýamazdan, yhlas bilen, ak ýürekden işlemäge atarýar.

Muňa ýurtda geçirilýän durmuş-ykdysady özgertmeler aýdyňlyk bilen şaýatlyk edýär. Şeýle özgertmeleriň netijeleri bolsa her bir ädimde diýen ýaly, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda – hemme ýerde äşgär görnüp dur. Olar, ilkinji nobatda, bilim, ylym, saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi ulgamlaryndaky özgertmelerdir, ýurduň ählumumy kompýuterleşdirilmegidir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň öz çykyşlarynda nazaryýeti, syýasaty we tejribäni, öňde durýan wezipelerini hem-de olary çözmegiň ýollaryny bir ýere jemlemegi, syýasy, ykdysady, durmuşy hem-de ruhy meselelere aýrylmaz baglanyşyklylykda garamak bilen, ýurduň mundan beýläkki ösüşinde ileri tutulýan ugurlary kesgitlemegi bellenilmäge

mynasypdyr. Ol täze taryhy tapgyrda öz syýasy ýörelgeleriniň esasy ugurlaryny ymykly belledi.

Türmenlriň asyrlara kök uran taryhy bar. Şu okuw gollanmasy syýasat ylymy öwrenmäge başlaýan talyar üçin taýýarlanyldy. Adamalar gadymy watlardan bäri syýasat we syýasy durmuş bilen gyzyklanyp gelipdirler. Döwlet işgärleri we filosoflar, şahyrlar we ýazyjylar syýasata ýüzlenipdirler. Şu şertlerde jemgyýetçilik syýasy pikiri öwrenmek wajypdyr we aýratyn ähmiýetlidir. Okuw gollanmasy taýýarlanylanda Hormatly Prezidentimiziň edebiýatlary, syýasy çykyşlary agzalýan meseleler boýunça çeşmeler ulanylyp beýan edildi.

## I.Türkmenistanda jemgyýetçilik pikiriň emele gelmeginiň deslapky şertleri

Häzirki zaman şertlerinde adamzat jemgyýetiniň ilerläp ösmeginiň esasy serişdeleriniň biri bolan ylmyň döremeginiň we kemala gelmeginiň köp müň ýyllyk taryhy bar. Ylmyň elemetleri, aýry-aýry ylmy bilimler baryp ençeme müň ýyl ozal gadymy Müsürde, gadymy Mesopotamiýada, gadymy Hindistanda, gadymy Hytaýda, gadymy Merkezi Aziýada, şol sanda gadymy Türkmenistanda emele gelipdir.

Adamzat jemgyýetiň ilkinji taryhy eýýamynda – ilkidyrmyş obşina jemgyýetinde esasan dürli rowaýatlaryň we hyýaly garaýyşlaryň toplumy bolan mifologik aň agalyk edipdir.

Mifologik aň ilkidurmuş eýýamynda jemgyýetçilik aňynyň uniwersal formasy, hemme zady öz içine alýan görnüşi bolupdyr. Mifologik aň dünýäniň, Günüň, Aýyň, ýyldyzlaryň, beýleki asman jisimleriniň, Ýeriň, daglaryň, deňizleriň, adamyň, haýwanlaryň, ösümlikleriň gelip çykyşy baradaky rowaýatlary, hyýaly düşünjeleri, dini garaýyşlary öz içine alypdyr. Şonuň bilen birlikde, adamlar özleriniň durmyşdaky isleglerini kanagatlandyrmak üçin awçylyk, maldarçylyk, ekerançylyk, hünärmentçilik, binägärçilik, haryt alyş-çalşygy, söwda bilen meşgullanypdyrlar. Şonda dörän ýönekeý tejribeleýin bilimler dürli mifler, rowaýatlar, hyýaly garaýyşlar bilen utgaşdyrylypdyr.

Dürli ýurtlarda, dürli halklarda dörän rowaýatlarda, hekaýalarda, ertekilerde köphydaýlylyk dinleriniň bolandygy, hudaýlaryň hem edil adamlar ýaly, hökümdarçylyk ugrunda özara göreşendikleri beýan edilýär. Meselem, gadymy Gresiýada Zews iň ýokary hudaý, ähli hudaýlaryň hökümdary ýaly suratlandyrylýar. Her bir tebig hadysanyň, ýagyn-ýagmyryň, ýeliň, her bir hünäriň, ösümlikleriň, haýwanlaryň öz hudaýy bar hasaplanypdyr. Dünýäniň heläk bolmagy,

ahyrzaman baradaky, onuň ýene gaýtadan döremegi hakydanky mifler hem bolupdyr.

Adamyň gelip çykyşy, onuň dünýä inmegi, ömür basgançaklary, ölümi, dürli kynçylyklary başdan geçirişi barada hem köp sanly mifler, rowaýatlar döredilipdir. Adamlaryň maddy we ruhy medeniýeti ösdürmekde gazanan netijeleri barada – oduň oýlanyp tapylyşy, dürli hünärmentçiligiň, ussaçylygyň görnüşeri, ekerançylyk kärleri hakynda hem ençeme mifler, rowaýatlar döredilipdir.

Has ösen halklarda mifler belli bir sistema salynmagy esasynda eposlar, dessanlar döredilipdir. Meselem, gadymy grekleriň "Iliada", "Odisseýa", hindileriň "Ramaýana", oguzlaryň-türkmenleriň "Oguznama", "Gorkut ata", finleriň "Kalewala", gyrgyzlaryň "Manas" eposlary dürli döwürlerde dörän mifleriň, rowaýatlaryň belli bir sistema salynmagydyr.

Mifologik aň, mifler öz döwrüniň adamlarynyň durmuşyny, dünýägaraýşyny, dünýä akyl ýetiriş derejesini, dünýäni aňlaýşyny, dünýäni göz öňüne getirişini beýan edipdir. Mifologik aňda her bir dünýä garaýşyň düýpli meselelerine jogap bermäge özboluşly synanyşyk edilýär. Ol soraglar, meseleler dünýäniň, adamyň, medeni endikleriň, jemgyýetçilik gurluşynyň gelip çykyşy, adamyň dünýä inmeginiň we ölmeginiň syrlary ýaly ebedilik meselelerdir.

Ilkidurmuş obşina gurluşynyň dargamagy netijesinde, jemgyýetde fiziki zähmet bilen akyl zähmetiniň biri-birinde bölüni aýrylmagy, hususy eýeçiligiň we döwletiň döremegi netijesinde mifologik aň öz möwritini geçirýän, onuň ornuny indi din we filosofiýa eýeleýär. Indi jemgyýetde adamlaryň durmuş tejribesi esasynda döreýän ylmy bilimleriniň elementlerini filosofiýa öz içine alýar.

Filosofiýa ýönekeý, adaty tejribeleýin aňdan düýpgöter tapawutlanýar. Filosofiýa teoretiki pikirlenmegiň, adamyň pähim-paýhasynyň netijelerine daýanýar. Filosofiýa (grekçe

phileo-söýgi, sophiýa-parasatlylyk) sözi parasatlylyga, pähim-paýhasa söýgi diýmegi aňladýar.

Käbir maglumatlara görä, filosof sözüni ilkinji gezek biziň eramyzdan öňki VI asyrda ýaşan grek matematigi we akyldary Pifagor ulanypdyr. Ol pähim-parasatlylyga we sagdyn ýaşaýyş terzine çalyşýan adamlara filosof diýipdir. Dünýä medeniýetinde düýägaraýyş manysynda filosofiýa termininiň ornaşmagy belli grek akyldary Platonyň, türkmençe aýdylanda, Eflatunyň ady bilen baglanyşyklydyr.

Dünýäniň hadysalaryny we predmetlerini bolşy ýaly synlamak, pähim-paýhasly seljermek we dogyr netije çykarmak, aýdylan pikiri deliller arkaly subut etmek adamlaryň ruhy medeniýetinden mifleri, hyýaly, howaýy garaýyşlary, rowaýatlary gysyp çykaryp başlaýar. Parasatlylyga we dogruçyllyga çalyşmak, basgaça aýdylanda, filosofiýa adamyň özüni gurşap alan dünýä akyl ýetirmegine we adamyň dünýä bilen sazlaşykly ýaşmagyna, adamyň öz hereketleri bilen sazlaşykly ýaşamagynyň ýörelgesi, gollanmasy bolup hyzmat edýär. Hut şonuň üçin adamlaryň gündelik durmuşda, işde toplan tejribeleýin bilimlerini, ylmy bilimleriniň elementlerini hem filosofiýa öz içine alýar.

Adamzat siwilizasiýasynyň iň gadymy ojaklary bolan Gadymy Müsürde, Gadymy Mesopotamiýada, Gadymy Hindistanda, Gadymy Hytaýda, Gadymy Merkezi Aziýada, şol sanda Gadymy Türkmenistanda mifologik aňyň çäklerinde ylmy bilimleriň ilkinji elementleriniň döremegi ýokarda aýdylanlaryň aýdyň subutnamasydyr.

B.e. öňki IV müňýyllygyň başlarynda Gadymy Müsürde we Gadymy Mesopotamiýada ilkidurmuş obşina gurluşy dargap başlaýar we gul eýeçilik jemgyýeti emele gelýär. Ol ýurtlarda yssy, gurak howa şertlerinde ilat esasan derýalaryň kenar ýakalarynda ýaşapdyrlar we derýalaryň joşmagy, sil gelmegi olara birsyhly how salypdyr. Şol sebäpli tebigat hadysalaryna yzygiderli gözegçilik etmeli bolupdyr. Bu ýagdaý olaryň aý-ýyl

senenamasyny, kalendary işläp düzmeginine, wagtal-wagtal gaýtalanýan tebigy harasatlary, Günüň, Aýyň tutulmagyny hasaba almaga mejbut edipdir. Bilim öwrenmek, sowatly bolmak esasan barly gatlaklaryň, ruhanylaryň (zresleriň) elinde bolupdyr. Dürli döwlet edaralaryny, ybadathanalary, piramidalary, köşkleri, irrigasion desgalary, bentleri, kanallary, ýollary gurmak, ekerançylyk ýerlerini ölçemek, salgyt ýygnamak, iş hakyny tölemek ýaly hojalyk aladalary matematikanyň, fizikanyň, gidrotehnikanyň meselelerini beýan edýän ylmy bilimleriň ösdürilmegini we toplanmagyny talap edipdir. Söwdanyň ösmegi, derýada, deňizde gämili ýüzmek, harby hereketler hem belli bir ylmy we tehniki bilimleriň ösdürilmegini talap edipdir. Netijede, Gadymy Müsürde hem, Gadymy Mesopotamiýada hem real durmuş matematikanyň, astronomiýanyň, himiýanyň, fizikanyň, lukmançylygyň başlangyç esaslarynyň işlenip düzülmegine getiripdir.

Gadymy grek taryhçysy Gerodotyň ýazmagyna görä, Gadymy Müsürde ýylyň dowamlylygyny 365 gün 6 sagat möçberinde beýleki halklarda has öň kesgitläpdirler. Gadymy Mesopotamiýada Şumerler döwletinde ýylyň uzaklygy 365 gün, 6 sagat 15 minut, 41 sekunda barabar hasaplanypdyr. (Häzirki zaman ylmy hasaplamalara görä, ýylyň uzaklygy 365 gün 5 sagat 48 minut, 46 sekunda deňdir).

Gadymy şumerler küýze, keramika, tigirli araba, reňkli aýna, bürünç (bronza) öndürmegi ýola goýupdyrlar. Elbetde, şeýle çylşyrymly önümleri öndürmek üçin fizika, matematika, magdanlary öwreniş, himiýa we ençeme beýleki ylmy pudaklar boýunça ylmy bilimleri toplamak weulanmak gerek bolandygy äşgärdir.

Gadymy Müsürde aradan çykan faraonlary, beýleki uly wezipeli döwlet işgärlerini, müňlerçe ýyllap çüýremän durar ýaly, ussatlyk bilen mumiýalamagy başarandyklary olaryň lukmançylyk, himiýa, fizika, biologiýa ylymlaryna degişli bilimleri golanandyklarynyň jedelsiz subutnamasydyr.

Elbetde, şol döwürde gadymy müsürlileriň hem, gadymy mesopotamiýalylaryň hem dünýägaraýşynyň mifologiýa bilen aýrylmaz baglanyşykly bolandygyny bellemek gerek. Emma eýýäm gürrüňi edilýän döwürde hudaýlaryň gelip çykyşy we ýaşaýyşlary baradaky rowaýatlar (“teogoniýa”) dünýäniň gelip çykyşy baradaky ynançlara (“kosmogoniýa”) öwrülýär. Gadymy Wawilonda dürli asman jisimleri – Gün, Aý, ýyldyzlar baradaky maglumatlar diňe bir wagty hasaplamagyň we astronomik öňden görüjilik serişdesi däl, eýsem ol asman jisimleri Ýeri, onuň üstündäki ýaşaýşy dörediji we oňa hemişe täsir edip duran güýç hasaplanypdyr. Wawilonlylar Aýy ýagtylyk berije esasy jisim, “hudaýlaryň atasy” hasaplapdyrlar. Ýyldyzlar diňe garaňky gijäni ýagtyldýan hudaýlardyr. Gün bolsa Aýyň, ýyldyzlaryň şöhlesini ýuwudýan güýçdür, garaňkylygyň çeşmesi, ölümiň sebäpkäridir. Aý her otuz günden könelip, ýaşýar, ölýär we ýene täzeden dogulýar, ol ebedilik ýaşaýşyň alamatydyr diýip, hasap edilipdir. Wawilonlylaryň haýyr bilen şeriň, ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndaky göreş baradaky gadymy rowaýat, wagt geçmegi bilen, ýagtylygyň tümlükden, garaňkylykdan üstün çykmagy hakyndaky hekaýat hökmünde beýan edilipdir. “Ýyldyzlar” hakyndaky (“astral”) dünýägaraýyş astrologiýanyň döremegine getiripdir. Wawilonlylaryň ynam-yrymlaryna görä, asman jisimleri aýry-aýry adamlaryň, tutuş halkaryň ykbalyna gös-göni täsir edýän güýçmişin.

Gadymy Mesopotamiýa medeniýet hakynda gürrüň edilende, onuň dürli taryhy döwürlerde birnäçe halklaryň şumerleriň (sümerleriň), wawilon (Akkda) semitleriniň, assiriýalylaryň, hürritleriň medeniýetlerini öz içine alandygyny bellemek gerek. Olaryň arasynda Mesopotamiýada ýaşan iň gadymy halk şumerler (sümerler) bolupdyr. Olar biziň e.ö. IV-III müňýyllyklarda Tigr we Ýewfrat derýalarynyň arasyndaky jülgäniň günorta böleginde ýaşapdyrlar.

Şumerleriň (sümerleriň) türkmenleriň gadymy ata-babalary bolandygyny hem aýratyn belläp geçmek gerek.

Belli taryhçylar we sümerologlar şumerleriň 5 müň ýyl ozal Merkezi Aziýadan, has takygy Kaspiý deňziniň gündogar kenarlaryndan – Türkmenistandan Mesopotamiýa gelendiklerini we adamzat taryhynda ilkinji siwilizasiýalaryň biri bolan şumer siwilizasiýasyny döredendiklerini ýazypdyrlar.[1]

Şumer siwilizasiýasynyň gülläp ösen döwri biziň e.ö. III müňýyllygyň ortalaryna degişli bolupdyr. Olar adamzat taryhynda ilkinji elipbiýi döredipdirler. Olar şol elipbiýde döredilen eserleri toýundan, şykgydan edilen kerpiçleriň ýüzüni oýup ýazypdyrlar. Ýazgylaryň birnäçesinde agaçlaryň, otlaryň atlarynyň uzyn sanawy berlipdir, beýleki birlerinde haýwanlaryň, gurşlaryň, mör-möjekleriň atlarynyň sanawy, üçünji topar ýazgylarda şäherleriň, oba-kentleriň atlary, dördünji ýazgylarda daşlaryň we minerallaryň atlary berlipdir. Bu ýazgylar şumerleriň botanika, zoologiýa, geografiýa, mineralogiýa ýaly ylymlaryň başlangyçlaryny döredendiklerini subut edýär.

III müňýyllykda Şumerde özara bäsleşýän birnäçe şäher-döwletleriň birleşmesi döräpdir. Olaryň arasynda Kiş we Uruk atly iki şäher-döwleti esasy orun eýeläpdir. Olaryň hökümdarlarynyň arasyndaky bäsdeşlige bagyşlanan birnäçe çeper eserler-poemalar, şol sanda Uruk şäher-döwletiniň

---

[1] Gina Pidchel. Grosse Kunstgeschichte Der Wett. Munhen, 1975, s.23; Karl Mýuller, Ýerla. Archeologie Die Abentuer und Entdecungen. Strasburg, 1990, s.226; Emin Bilgic. Şümerler.// Türk ansiklopedisi, çilt 30, s.115-119; Hasan Pirniýa. Tarih-e Iran-e Bastan. Tehran, s.113-114: Muhammet Çevad Meşkur. Iran der ahd-e Bastan. Tehran, 1985, s.115; Крамер С. История начинается в Шумере. М., «Наука», 1991, с.5-17; Дьяконов И.М. Эпос о Гильгашеме М.-Л., 1961, с.91; Матвеев К., Сазонов А. Земля древнего двуречья. М., 1986. с.38; Begmyrat Gereý. Türkmenler-şümerliler. Türkmenistan-Mesopotamiýa. Berlin, 1998, s.93-94: Ýene-de şol awtor. Oguz han eýýamy. Berlin, 2001, s.4-11.

hökümdäry Gilgameş (Bilgameş) hakyndaky poema döredilipdir. Ol poema soňra şumer dilinden terjime edilipdir.

Gadymy Şumeriň Uruk şäherinde demokratik hökümet döremäge tarap taryhda ilkinji ädim ädilipdir. Gilgameşiň hökümdarlyk eden döwründe iki palatadan ybarat halk ýygnagy döredilipdir. Ýokarky palata şäheriň kethudalary giripdir. Ikinji palata ýarag götermäge ukyply ähli erkek adamlar giripdir.

Gadymy şumer diliniň häzirki türkmen dili bilen ýakynlygy, şumerlileriň ençeme adam atlarynyň, ýer-ýurt, şäher atlarynyň häzirki Türkmenistandaky ýer-ýurt, şäher atlary bilen meňzeşligi hem şumerleriň türkmenleriň gadymky ata-babalary bolandygynyň subutnamasydyr. Germaniýada ýaşaýan arkadaşymyz belli dilşynas we taryhçy alym Begmyrat Gereý ýokarda agzalan ylmy işerinde Anna, Oraz ýaly adam atlarynyň, Mary Änew, Ürgenç ýaly ýer-ýurt, şäher atlarynyň gadymy şumerlerde hem bolandygyny görkezýär.

Şu ýerde türkmenleriň gadymy ata-babalary bolan şumerleriň siwilizasiýasynyň dünýä siwilizasiýasynyň başlangyjy bolandygyny, dünýä siwilizasiýasynyň ösmegine ägirt uly täsir edendigini aýtmak gerek. Bu barada belli şumerolog L.Wulli şeýle ýazypdyr: “müsürlileriň, wawilonlylaryň, assiriýalylaryň, finikiýalylaryň, gadymy ýewreýleriň we ahyrky hasapda, hatda grekleriň hem sungatynyň we dünýägaraýşynyň gözbaşlaryny şumerleriň medeniýetinden gözlemek gerek”.[2]

III müňýyllygyň ahyrlarynda Şumer Akkadyň semit taýpalary tarapyndan basylyp alynýar. Şumerlileriň bir bölegi semit taýpalaryna tabyn bolup, olara goşulyp, gatyşyp gidýärler. Beýleki bir bölegi bolsa, ýene Merkezi Aziýa, Türkmenistana, ata Watana gaýdyp gelýärler.

[2] Вулли Л. Ур Халдеев. М., издательство Восточной литературы, 1961, - 51с.

## II. Gadymy Margiana (Marguş) dünýä siwilizasiýasynyň bäşinji merkezi hökmünde (syýasy aň biliminň ösüşi).

Adamzat siwilizasiýasynyň iň gadymy ojaklaryň biri Hindistandyr. Hindi medeniýetiniň iň gadym yädigärligi Wedlerdir. Wedlerde gadymky hindileriň dini, mifologik garaýyşlary bilen birlikde, olaryň daşarky dünýäiň predmetleri, hadysalary baradaky tejribeleýin realistik bilimleri, dünýäniň döreýşi, adamlaryň gelip çykyşy, olaryň dünýä inmeginiň we ölmeginiň sebäpleri baradaky hyýaly, howaýy garaýyşary beýan edilipdir.

Wedler dört topara bölünýär. Olaryň iň gadymkysyna Samhitler diýilýär. Beýleki üç topar Samhitlerde düşündirişlerde we goşmaçalardan ybarat. Samhitler dört sany ýygyndydan durýar. Olaryň iň irki döwre degişlisi Rigwedadyr. Ol dini gimnleriň ýygyndysy bolup, biziň e.ö. II müňýyllygyň ortalarynda döredilipdir. Wedleriň ikinji bölümi Brahmanlar. Olar dini tekstleriň ýygyndys. Buddizmiň döremeginden ozal agalyk eden brahmanizm dini şol ýygynda daýanypdyr. Wedleriň üçünji bölümi Aranýaklardyr. Olar diwanalaryň, sergezdanlaryň özlerini alyp baryş düzgünleri. Wedleriň dördünji bölümi Upanişadlar bolup, olarda gadymy hindileriň filosofik garaýyşlary beýan edilipdir.

Biziň e.ö. VI-V asyrlarda Hindistanda dünýä dinleriniň biri bolan buddizm döräpdir. Onuň düýp mazmuny adamlary agalyk ediji toparlara talynlyga, dowam edýän jemgyýetçilik gurluş bilen ylalaşyklylyga çagyrmakdan ybarat.

Hindistanda hem awçylygyň, maldarçylygyň, ekerançylygyň ösmegi, dini ybadathanalaryň, hökümdarlaryň köşkleriniň, şäherleriň, harby galalaryň gurluşygyny alyp barmak üçin matematikanyň, fizikanyň, geografiýanyň, astronomiýanyň

başlangyç bilimleriniň dörändigine we ösendigine hiç hili şek-şübhe bolup bilmez.

Mälim bolşy ýaly, hytaý halky dünýäniň iň gadymy halklarynyň biridir. Onuň ýazuw ýadygärliklerinde beýan edilen medeniýetiniň taryhy dört müň ýyldan hem köpdür.

Biziň e.ö. II müýyllygyň başaryna çenli Hytaýda iilkidyrmyş obşina gurlyşy dargap, synpy jemgyýet emele gelipdir. Biziň e.ö. VII-VI asyrlarda Hytaýda uly özbaşdak döwletler-patyşalyklar döräpdir. Olaryň iň kuwwatlylary Si, Szin, Sin, Çu we Sun döwletleridir.

Biziň e.ö. VI-V asyrlarda Hytaýda demir öndürip, ondan dürli zähmet gurallaryny ýasapdyrlar. Uly irrigasion desgalary-kanallary, bentleri gurupdyrlar, Beýik Hytaý diwaryny bina edipdirler, suwarymly ekerançylygy ösdüripdirler. Bu bolsa hünärmentçiligiň we sowadynyň ösmegine getiripdir.

B.e.ö. II müňýyllygyň ikinji ýarymynda Şan In dinastiýasy döwründe astronomik bilimler işläp düzüpdirler. B.e.ö. IV asyrda beýik hytaý alymy Şi Şen dünýäde ilkinji ýyldyzlar katalogyny düzüpdir. Oňa 800 ýyldyz baradaky maglumatlary goşupdyr. Eýýäm şol döwürde hytaýlylar syýahata gidenlerinde kompasy ulanypdyrlar.

Gadymy Hytaýda matematiki, lukmançylyk, agronomçylyk, biologik we beýleki bilimleri ösdürmekde ençeme oňyn netijeler gazanylypdyr. Hytaý alymlary gönüburçly üçburçlukda gipotenuzanyň kwadratynyň katetleriň kwadratynyň jemine deňligini anyklapdyrlar. Lukmançylyga degişli “Neý szin” atly gadymy kitap lukmançylyk ylymlarynyň dünýä taryhynda iňňän möhüm eser hasaplanýar.

Biologiýa bilimlerine degişli “Şi szin” atly gadymy kitapda 200-e golaý ösümligiň ýazgysy berlipdir. Gadymy Hytaýda ekerançylyk ýerlerini işläp bejermegiň tutuş bir toplumy amala aşyrylypdyr, şol sanda şüdügär sürümini geçirmek, belli bir ýer böleklerinde ekinleri çalşyryp ekmek, topragy dökün-ders berip gurplandyrmak ýaly çäreler berjaý edilipdir.

Gadymy Hytaýda etiki-syýasy taglymat dörediji hökmünde Konfusiý (b.e.ö. 551-479) uly meşhurlyk gazanypdyr. Onuň garaýyşlaryny soňra şägirtleri “Lun ýuý” atly kitap edip çykarypdyrlar. Konfusiniň etika boýunça esasy düşünjesi žen (ynsanperwerlik) bolupdyr. Ol adamlaryň jemgyýetde we maşgalada biri-birini hormatlamagyny, ýaşy we wezipesi boýunça adamlara sylag-hormat etmegi wagyz edipdir.

Konfusiniň pikirine görä, döwletiň başynda parasatly adamlar oturmalydyr, olar şahsy görelde arkaly raýatlaryny terbiýelemelidir.

B.e.ö. I müňýyllygyň ortalarynda Hytaýda ilkinji filosofik taglymatlar peýda bolýar. Olaryň iň meşhurlarynyň biri daosizmdir. Bu taglymat esasan “Dao de szin” atly kitapda beýan edilýär. Onuň esasy ideýasyna görä, tebigatyň we adamlaryň ýaşýaşy ähliumumy kanun-dao tarapyndan kesgitlenýär, dao adamlaryň aňyna we erkine garaşsyz hereket edýär hem-de ähli zatlaryň çuňňur esasyny düzýär. Daosizmiň tarapdarlary adamlar daonyň talaplaryna köre-körlük bilen eýermelidir diýip hasap edipdirler. Soňky döwürde daosizin dini taglymata öwrülipdir.

Gadymy Hytaýda hem, ylmy bilimleriň ep-esli ösüş gazanandygyna garamazdan, jemgyýetçilik aňynyň paradigmasynda entek mifologik, mistiki, hyýaly ideýalar agalyk edipdir. Meselem, b.e.ö. II asyrda ýazylan “Huaýnan-szy” atly kitapda Älemiň esasyny ilkibaşky ýaşaýyş efiri emele getirýär diýip aýdylýar. Bu mistiki taglymata görä, efiriň ýeňil hem arassa bölegi bolsa aýallar ýa-da tersine başlangyjydyr. Oňyn başlangyç asmana, tersin başlangyç Ýer togalagyna öwrülipdir. Dünýädäki ähli zatlar şu iki başlangyjyň garylyp-gatyşmagyndan emele gelýär diýip hasaplanypdyr.

Soňky döwürde geçirilen arheologik barlaglar Türkmenistanyň territoriýasynyň Gadymy Müsür, Gadymy Mesopotamiýa, Gadymy Hidistan, Gadymy Hytaý bilen bir

hatarda dünýä siwilizasiýasynyň merkezleriniň biri bolandygyny subut etdi.

Baryp b.e.ö. VII-VI müňýyllyklarda Günorta Türkmenistanda iň gadymy ekerançylyk medeniýeti – Jeýtun medeniýeti kemala gelipdir. Ol medeniýete laýdan pagsa jaý salmak, nagyşly küýzegärçilik önümleri, adamlaryň we haýwanlaryň şekillerini-heýkellerini ýasamak, arpa-bugdaý ösdürip ýetişdirmek mahsus bolupdyr.

B.e.ö. IV müňýyllykda – III müňýyllygyň başlarynda Günorta Türkmenistanda Änewde, Garadepe, Namazgadepe, Altyndepe, Göksüýri diýen ýerlerde maldarçylyk we ekerançylyk medeniýeti ösüdir. B.e.ö. IV-III müňýyllyklarda Änewde ak bugdaýyň ösdürilip ýetişdirilendigini amerikan alymy Rafael Pampelliniň 1904-nji ýylda bu ýerde geçiren barlaglary subut etdi. Elbetde, şeýle ekerançylyk medeniýetini ösdürmek üçin ylmy bilimleriň belli bir derejede ösmegine daýanmaly bolandygy düşnüklidir.

Belli arheolog W.I.Sarianidiniň ýolbaşçylygynda gadymy Maryda-Margianada Goňurdepe diýen ýerde soňky 30 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda geçirilen gazuw-agtaryş işeri gadymy dünýäniň siwilizasiýasynyň bäşinji merkeziniň Marguş (Margiana) siwilizasiýasynyň açylmagyna getirdi. B.e.ö. III müňýyllygyň ahyrynda – II müňýyllygyň başlarynda Murgap derýasynyň aşak kenarynda Marguşda gadymy Gündogaryň iň ösen we iň kuwwatly döwleti kemala gelipdir. Bu ýerde ösen şäher medeniýeti bolup, onda şa köşgi, onuň töwereginde dürli edara ediş jaýlary, ot ybadathnasy, suw ybadathanasy, gurbanlyk ybadathanasy ýaly uly binalar gurlupdyr.

Daşdan, bürünçden (bronzadan) dürli zähmet gurallaryny, möhür-tumarlary, altyndan, kümüşden, gymmat bahaly daşlardan bezeg önümlerini ýasaýan ussahanalar bolupdyr. Adamlaryň, dag goçlarynyň, düýeleriň we beýleki haýwanlaryň toýundan, daşdan, bürünçden edilen şekilleri heýkeltaraşlyk sungatynyň ösendigine şaýatlyk edýär.

Edara we ýaşaýyş jaýlarynyň diwarlary gipsden edilen her dürli geometrik şekilli nagyşlar we barslaryň, ýekegapanlaryň, bürgütleriň, beýleki haýwandyr guşlaryň, hyýaly jaýdarlaryň şekilleri bilen bezelipdir.

Marguş döwletiniň patyşalarynyň biriniň guburyndan tapylan altyndan ýasalan dag goçynyň we pöwrize daşyndan edilen böküp duran ýolbarsyň kiçi göwrümli şekilleri heýkeltaraşlyk sungatynyň ajaýyp eserleridir. Olaryň ululygy bir santimetrdende kiçidir. Şeýle heýkelleri ýasamak üçin ýokary ussatlygyň gerekdigi jedelsizdir. Olar hakykatdan hem Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilmäge mynasypdyr.

Elbetde, binagärligi, zergärligi, senetçiligi şeýle derejede ösdürmek üçin marguşlylaryň tebigy ylmy bilimlere, matematikanyň, biologiýanyň, geografiýanyň, mehanikanyň, mineralogiýanyň, arhitekturanyň elementlerine daýanandygy jedelsiz hakykatdyr.

Marguş döwletinde hojalygyň, medeniýetiň, şol sanda tebigaty öwreniş bilimleriniň ösendigine garamazdan, jemgyýetçilik aňynda mifologiýanyň, dürli mifleriň, hyýaly rowaýatlaryň täsiriniň güýçli bolandygyny hem bellemek gerek. Marguşlylar hudaý hasaplap, Güne, Aýa, oda, suwa çokunypdyrlar. Dürli hyýaly jandarlary, aždarhalary suratlandyrýan möhürleriň tapylmagy hem muňa şaýatlyk edýär.

Ýene bir bellemeli zat, b.e.ö. birinji müňýyllygyň birinji ýarymynda Marguşda ilkinji dünýä dini bolan zoroastrizm (otparazçylyk) dini döräp, ýaýrap başlapdyr.

2006-njy ýylyň noýabr aýynda Türkmenistanda “Gadymy Margiana dünýä siwilizasiýasynyň täze merkezidir” atly halkara ylmy konferensiýa geçirildi. Oňa Russiýadan, ABŞ-dan, Germaniýadan, Ispaniýadan, Angliýadan we ençeme beýleki ýurtlardan gelen alymlar Gadymy Müsür, Gadymy Mesopotamiýa, Gadymy Hytaý, Gadymy Hindistan bilen bir

hatarda Gadymy Margiananyň (Marguşyň) gadymy dünýä siwilizasiýasynyň bäşinji merkezi bolandygyny ykrar etdiler.

Şeýlelikde, gadymy dünýäde Gadymy Müsürde, Gadymy Mesopotamiýada, Gadymy Hindistanda, Gadymy Hytaýda we Gadymy Türkmenistanda – Marguşda ylmy bilimleriň deslapky şertleri we elementleri emele gelipdir.

## III. ARAP HALYFATY DÖWRÜNDE TÜRKMENISTANDA SYÝASY AŇ BILIM ÖSÜŞI

Türkmenistanyň territoriýasynda şol döwürde b.e.öň VI-VIII barada aýdylanda hem-de b.e çenli şol zamanda Isgenderiň basybalyşyndan soň taryhy maglumatlara görä, medeni ojaklaň merkezi bolupdyr. B.e. öň 323 ý. Makedonskiniň garaşylmadyk ýagdaýda aradan çykmagy onuň imperiýasynyň dargamagyna we onuň goşun serkerdeleriniň arasyndan Selewk tapawutlanýar. Ol täze dinastiýanyň, döwletiň başyny başlaýar. Ol Orta Aziýa halklarynyň üstünden agalygy şeýle uzak dowam etse-de, taryhy ähmiýeti uludyr. Selewkitler döwletiniň köp ýerlerinde özbaşdaklygy almak üçin göreşler has ir başlaýar. Dg. Parfiýada Köpetdagyň eteginde jemgyýetçilik täze garaýyşlar emele gelip, onuň esasyny garaşsyzlyk düzüpdir. B.e öňki 250 ýylda sebitinde geljekki dinastiýanyň nesilbaşysy Arşak kem-kemden Parfiýanyňwelaýatlaryna öwrülen Nissiýany basyp alýar. 247 ý. Bolsa, Asaka şäherinde şalyk täjini eýeleýär. Ol Grikaniýany basyp alýar. B.e öňki 237 ý. takmynan Selewk II Arşagy ýeňilşe sezewar edýär. Urşuň meýdany Grikaniýanyň territorýasynda bolupdyr diýip çaklanýar. Soňra Grek-Baktriýanyň patyşasy Diador II bilen şertnama baglaşýar. Selewkitler bilen urşy dowam etdirýär we şol ýyl uly ýeňiş gazanýar. Şu döwri suratlandyrýan uly çeşmeler arhiologik maglumatlara görä, bellenip gaçýär. Grek akyldary Geradot hem Strabonyň işlerinde bellenip geçilýär. Şu döwri suratlandyryp rimliler ýazypdyrlar Esasy işlerinde

akyldarlar harby serkerdeleriň üstünligine üns beripdirler. Harby güýçleriň bitewiligini saklamak täsirini ulanmak bilen düşüňdiripdirler. B.e. öňki  VII- VI asyrlardanm IV a. çenli Uzboýuň kenarynda ilat köp bolandygy ýazuw çeşmelerinde, arheologik ýadygärlikleri bilen tassyklanýar. Syýasy jemgyýetçilik pikirine üns bersek, esasan gahrymançylyk, harby tälim, bitewilik ýaly pikirler  öňe sürülipdir. Parfiýa döwleti döränsoň, Türkmenistanyň territoriýasynda Polibiniň maglumatlarynda döwlet jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ösmegine hyzmat edendigini belläp geçmeli. Şeýlelikde, Parfiýa döwletini döreden arşakitler Türkmenistanyň gadymy ilatynyňmirasdüşeri. Gadymy zamanda döwletara gatnaşyklaryň we syýasy jemgyýetçilik pikiriň gatnaşyklaryň esasynda  şalyk meselesine esasy orun berlipdir. Şol döwrün kadasy boýunça şalygy gönüden-göni söweşe gatnaşan we öňki hökümdardan üstün çykan serkerdeler, ýagny ýarag güýji bilen hökümdarlyga hukuk gazanan adamlar bellenipdir. Arşak I ilki şa adyny götermändir. Ol ony diňe Selewk II bilen bolan söweşde ýeňenden soň, alýar. Özbaşdaklyklygyň alamaty adatça öz puluňy zikgelemek bilen esaslanýar. Soňra bolsa şa adyny alanda, ybadathanada baky oduň ýakylmagy bilen, hökümdaryň hudaýlaşmagy bilen aňladylypdyr.

Parfiýanyň şol döwürdäki syýasy jemgyýetçilik garaýyşda hudaýlaşdyrylypdyr. Olar Aýyň Günüň doganlary hasaplanypdyr. Arşagyň teňňelerinde şa Arşak diýen ýazgylar bar. Şol döwrüň syýasy jemgyýetçilik pikiriniň suratlandyrylyşy hökümdaryň hukuklaryny artdyrmak meselesi syýasy esasy hasaplanyp döwlet möçberinde alnyp barylypdyr. Şol maksatlar bilen patyşanyň şahsyýetini ýokarlandyrmak amala aşyrylypdyr. Arşak uzap ýaşap, onuň döwründe döwlet uly şöhrata eýe boupdyr. Arşaklaryň nesli b.e. öňki 228 ý. çenli dolandyrylypdyr. Olar patyşalaryň arasynda işi şowuna düşmekleri ukyplaryny öňe sürüpdirler.

**Dehistan** G.o G.b. Türkmenistanyň uly ykdysady, söwda, hünärmentçilik we medeni merkezleriniň biri bolupdyr. Alymlaryň çaklamasyna görä, XI-XIV asyrlara çeni şher durmuşy dowam edipdir. Şäheriň meýdany 200 gektar eken. Şäher goranyş diwarlarynyň 2 gaty bilen gurşalypdyr. Onuň territoriýasynda kerwensaraýlaryň 3si ýüze çykaryldy. Şäher diwarlarynyň töwereginden küýze we kerpiç bişirýän uly peçler, gündogaryň orta asyr üçin mahsus bazaar meýdanlary tapyldy. Dehistanyň şäher gurluşygynda social deňsizligi görkezýän binalar, jemgyýetçilik jaýlary we desgalary aýratyn orun eýeleýär. Olaryň hataryna minara, metjit-medreseler we dini ugurly binalar girýär. Minaralaryň beýikligi 20 m. aşaky bölegi 7-8 m. bolan. Minaralaryň köpüsini şol döwürdäki patyşalaryň adyna ýazypdyrlar. (Muhammet – Horezm şasy).

**Abywerd** – Kakanyň merkezinde ýerleşýän Orta asyrlaryň iň uly şäherleriniň biri. Araplar Türkmenistany basyp alansoň, ýazuw çeşmelerinde köp gezek ýatlanylýar. Abiwerd barada Makdisi taryhy ýazuwlarynda we awtory näbelli bolan „Hudud-al-älem" pars geografik ýazgysynda giň ekin ekilýän we sürülýän meýdan hökmünde häsiýetlendirilipdir.

XI asyrda Horasany eýelemek üçin seljuklar bilen gaznalylaryň arasynda söweş barada agzalanda Abywerd hem agzalýar. Oňa käte Togrul beg, käte-de Masut giripdir.

**Köne we täze Nusaý** – Aşgabadyň 15 km. G.b.-da ýerleşip, düýbi b.e. öňki III asyrda tutulan. Köne Nusaý Parfiýanyň paýtagty bolupdyr diýen çaklama bar. Bu ýerde köşk we mukaddes jaýlar, parfiýaň şalarynyň genji-hazynasy saklanýan jaýlar bolupdyr. Nusaýdan tapylan ýazuwlar b.e. öňki II asyra degişli arameý ýazgylaryna degişlidir. Talyp ýazuw dokumetleri parfion arhiwiniň hojalyk dokumentlerine degişlidir.

**Amul** – häzirki Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň golaýynda ýerleşýär. Ol Amyderýanyň orta akymynda gurlupdyr. Amulda köne eýýam bilen täze eýýamynyň

sepgidinde takmynan, 2100-2000 ýyl ozal ilat bol suw bolany üçin, geografik taýdan amatly ýerde ýerleşmegi bilen döräpdir. Şonuň üçin, ol giňelip, ykdysady taýdan pugtalanypdyr. Amul barada orta asyr arap awtorlary Belazuri, Ibn Hordad Bek, Istahri, Ýakut maglumatlar ýazypdyr. Amul Hytaýa, Horezme, Hindistana barýan söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşipdir. 1221-nji ýylda mongollar çozup, derbi-dagyn edýän döwrüne çenli Amul gülläp ösüpdir.

Bu şäherler, gadymy ýadygärlikler şol döwrüň syýasy jemgyýetçilik pikirini öwrenmäge ýardam edipdir.

VIII-XII asyrlarda, Günbatar Ýewropada ykdysady we medeni ösüşiň heniz gaty pes derejede bolan mahalynda, Gündogarda arap halifatynyň şol döwür üçin öňdebaryjy ykdysadyýeti arap ylmynyň hem-de medeniýetiniň rowaçlanmagyna sebäp bolupdyr. Ylmyň matematika, astronomiýa, himiýa, medisina, geografiýa we taryh pudaklarynda gazanan üstünlikleri has uly bolupdyr. Köplenjisi lukmanlar, astronomlar, syýahatçylar bolan arap filosoflary abstraktlaýyn degşirmelerden tebigat bilimine we tejribä has artyk ýykgyn edipdirler.

VII asyryň başynda Arabystanda täze din – yslam dini kemala gelýär. Ol iňňän uly sosial-ykdysady özgerişler bilen şertlendirildi.

Musulmançylyk parslaryň we abissinleriň çozyşyna garşy başlanan uruşda arap milli aňynyň oýanmaklygy, çarwa-beduinler bilen şäherli fellahlaryň ýaragly çaknyşyklary döwründe, arap ýurtlarynyň daşary söwdasynyň krizise düşen wagtynda kemala gelipdir.

Gündogar tranzit söwdanyň pese düşmegine söwda ýollarynyň üýtgemegi we goňşylaryň çozyşlary sebäp bolupdyr. Şäherleriň aristokratiýasy öz serişdelerini çarwa we ekerançy raýatlary we şäher ilatynyň aşaky gatlaklaryny has güýçli ezmäge gönükdiripdi. Jemgyýetdäki bu garşylyklar we dürli gatlaklaryň göreşi “pygamberlik” hereketi görnüşinde täze

diniň – yslam dininiň ýüze çykmagyna, kemala gelmegine getirdi. Netijede aristokratiýa giň halk hereketiniň başynda durup, ony daşky ekspansiýa tarap öwrüpdir. Ekspansiýanyň birinji obýektleri Eýran we Wizantiýa bolupdyr.

VII asyryň ikinji ýarymynda araplar yslam dininiň baýdagy astynda iňňän uly basybalyjylyk uruşlary alyp bardylar. VIII asyryň birinji ýarymynyň ahyrynda Arap halifatynyň çäkleri öňki Rim imperiýasynyň çäklerinden hem uly bolupdyr. Ol Arabystandan, Eýrandan, Ermenistandan, demirgazyk-günbatar Hindistandan, Siriýadan, Müsürden, Palestinadan, Afrikanyň bütin demirgazyk kenaryndan we Pireneý ýarymadasyndan ybarat bolupdyr. Şol döwürde araplar Atlantikadan Hytaýa çenli söwda ýolyny öz ellerinde saklapdyrlar. Gibraltardan başlap Hind derýasyna çenli hemme basylyp alnar ýurtlarda arap dili ýaýrap agalyk etdi.

Söwda gatnaşyklary we deňizde gämili ýüzmeklik araplarda ösüşiň ýokary derejesine ýetdi. IX asyrda arap söwdägärleri Günbatar Ýewropanyň çäklerine aralaşyp, gündogarda Seýlona we Hytaýa, günorta tarapda – Merkezi Afrika, demirgazykda bolsa Nowgorod şäherine çenli baryp ýetipdirler.

Arabystanyň şäherlerindäki hünärmentçilik senagaty uly üstünliklere eýe boldy. Arap hünärmentleriniň her dürli önümleri Ýewropa ýurtlaryna akidilip çig mallara we gullara çalşylypdyr.

Ekerançylyk, aýratyn hem suwarymly ekerançylyk, şeýle hem harby gurluşyk, söwda we harby floty arap ýurtlarynda Ýewropa ýurtlaryndakydan ýokary derejede durupdyr.

Arap ýurtlarynda ykdysady we syýasy özgerişler medeniýetiň, şol sanda ylmyň ösüşine güýçli itergi beripdir.

Arap halyfaty ýaly Arap medeniýeti hem köpmilletlidi. Ol medeniýeti ösdürmek bilen diňe bir araplar däl, eýsem halyfatyň garamagyndaky beýleki milletler: eýranlylar, berberiler (mawrlar), türk dilli halklar, müsürliler we beýlekiler meşgullanypdyrlar.

Yslam dini we arap dili köpmilletli döwletde belli bir birleşdiriji wezipäni ýerine ýetiripdir. Şeýlelikde "arap medeniýeti", "arap ylmy" diýen düşünjiler orta asyrlarda şertli häsiýete eýe bolupdyr. Arap medeniýeti gadymy Gündogaryň we antik dünýäniň medeniýetlerini özboluşly umumylaşdyrdy we ösdürdi.

IX asyryň başynda, al-Mamun halyf bolan döwründe Bagdat ençeme mekdepleri, medreseleri we kitaphanalary, ýüzden hem köp kitap dukanlaryny ylmy jemgyýetçilik bilen birleşdirýän uly ylmy we medeni ýaýradylmagyna howandarlyk edipdirler. "Bilim adamyň çakdanaşa uly bezegidir" diýip halyf al-Mamun aýdýar ekeni.

Bagdat şäherinde terjimeçileriň we göçürip ýazyjylaryň işçi topary döredilipdir. Olar Platonyň we noeplatonçylaryň, Aristoteliň we onuň işlerine düşündiriş ýazanlaryň, Gippokrat we Galen ýaly lukmanlaryň eserlerini, Ewkilidiň, Arhimediň we Ptolemeýiň matematikadan we astronomiýadan klassyky işlerini arap diline terjime edip, çap etmek bilen meşgullanypdyrlar.

## IV. Ibn Ýulasyň, Ibn al-Haýsamyň, Muhammedal Battanyň we beýleki alymlaryň tebigaty öwreniş ylymlaryna goşan goşantlary.

Ýakyn Gündogar ýurtlarynda VIII-XI asyrlarda irrigasion desgalaryň, köşkleriň, ybadathanalaryň gurluşygynyň, ekerançylygyň ösmeginiň, söwda gatnaşyklarynyň giňelmeginiň, täze ülkeleriň basylyp alynmagynyň täsiri netijesinde geografiýa, astronomiýa, matematika, fizika ylymlary uly ösüşe eýe bolýar. Taryhy çeşmelerden mälim bolşy ýaly, araplar orta asyrlarda linzaly optiki enjamlary oýlap tapypdyrlar. Olar bolsa soňky döwürde mikroskopy we teleskopy oýlap tapmaga itergi beripdir. Lukmançylykda araplar köp sanly hirurgiki enjamlary ulanypdyrlar. Eýýam IX asyrda araplaryň kompasy ulanandyklary barada maglumat bar. Emma olar ony deňiz söwdasyndaky bäsdeşlerinden ýaşyryp saklapdyrlar.

X asyrda ylmyň ösüşine uly goşant goşan alymlaryň biri Ibn Ýulas (950-1009) bolupdyr. Onuň terjimehaly baradaky maglumat juda az. Ol Kair şäheriniň golaýyndaky obserwatoriýada giňişleýin gözegçilik alyp barypdyr. Ibn Ýulas Günüň, Aýyň, planetalaryň hereketi hakynda astronomik hasaplanypdyr. Şeýle hem alym trigonometrik tablisalary düzüpdir. Ibn Ýulas presession durnuklylygyň ähmiýetini anyklapdyr. Alym tekiz we sferiki üçburçlyklaryň çözgüt usullaryny (kömekçi burçlaryň usulyny) kämilleşdiripdir.

Gürrüňi edilýän döwrüň görnükli alymlaryň biri Ibn al Haýsam (965-1039) bolupdyr. Onuň ömri we durmuşy baradaky maglumatlar hem juda az. Al-Haýsam Kairde işläpdir. Ol özüniň iki eserini gadymy grek alymy Ewklidiň “Başlangyçlar” diýen eserini seljermäge bagyşlapdyr. Şonda matematikanyň kesgitlemelerini, aksiomalaryny we paralleler teoriýasyny gözden geçirmäge esasy ünsüni beripdir. Ol fizika

ylmy boýunça hem birnäçe iş ýazypdyr. Şonda öz döwrüniň optikasyny doly beýan edipdir.

Ibn al-Haýsam "Agramlylygyň merkezleri hakynda kitap" diýen eserinde agram ölçemegiň, terezileri ýasamagyň we ulanmagyň meselelerini beýan edipdir. Onuň bu eseri barada Türkmenistanly, Maryly alym Abdyrahman al-Hazynynyň "Parasatlylygyň tereziler kitabynda" gürrüň berilýär.

Ibn al-Haýsam lukmançylyk ylmy bilen hem meşgul bolupdyr. Ol esasan adamyň gözüniň gurluşy, göz keselleri we olary bejermek hakynda ýazypdyr.

IX asyrda ýaşan we işlän meşhur arap alymlarynyň biri Sabit ibn Korra bolupdyr. Ol gadymy grek alymy Arhimediň eserlerini arap diline terjime edipdir. Arhimediň ol eserleri grekçe originalda saklanmandyr. Ibn Korranyň terjimesi arkaly Arhimediň ol eserleri ylmy jemgyýetiçilige mälim bolupdyr.

Sabit ibn Korranyň "Karastun hakynda kitap" diýen eserinde agram ölçemek üçin zerur enjamlar hakynda gürrüň edilýär. Karasutn diýmek deň eginli däl terezi diýmegi aňladýar. Ibn Korranyň arap dilinde ýazylan bu eseri latyn diline terjime edilip, orta asyrlar Ýewropasynda giň ýaýrapdyr.

Ibn Korra tereziler teoriýasyny we jisimleriň udel agramyny kesgitlemek meselelerine bagyşlap "Tereziniň häsiýeti we ony deňlemek hakynda kitap" diýen işini hem ýazypdyr. Arhimediň gidrostatika baradaky işlerine düşündiriş bermeklik Ibn Korranyň agzalan işiniň ugur alyş esasy bolupdyr. Ibn Korranyň soňky kitaby baradaky maglumat hem Abdyrahman Hazynynyň "Parasatlylygyň tereziler kitabyna" goşulandygy netijesinde saklanyp galypdyr.

Orta asyrlarda arap-musulman medeniýetiniň iň görnükli wekilleriniň biri, meşhur astronom Al-Battany (850-929) bolupdyr. Arap alymlarynyň, şol sanda Al Battanynyň zähmeti netijesinde gadymy grek alymy Ptolemeýiň esasy eseri "Almagest" ýitmän saklanyp galypdyr. Ol halyf al-Mamun döwründe Bagdatda esaslandyrylan obserwatoriýada işläpdir.

Öz ylmy barlaglaryna daýanyp, Al-Battany 879-njy ýylda Gipparhyň astronomik hasaplamalaryna düzediş girizipdir.

Al-Battany katetleriň arasyndaky gatnaşyga görä göniburçly üçburçlygyň burçuny kesgitläp boljakdygy barada ylymda ilkinji bolup netije çykarypdyr. Şonda ol dikligine duran taýagyň kölegesi boýunça Günüň beýikligini ölçäp bolýanlygyndan ugur alypdyr. Al-Battany $1^0$ üsti bilen kotangensleriň tablisasyny hem hasaplap çykarypdyr.

Ilki orta asyrlar döwründe Ýakyn Gündogarda geografiýa ylmynyň ösüşine uly goşant goşan alym Ibn Hordadbek (820-912) bolupdyr. Ol Arap halyfatynyň uly wezipeli emeldarynyň maşgalasynda dünýä inipdir we öz döwrüniň köp taraply hem ýokary derejeli bilimli adamy bolup ýetişipdir. Kabir maglumatlara görä, ol X asyryň başlarynda halyf al-Wasykanyň weziri bolup işläpdir we halyfyň baý kitaphanasyndan peýdalanmaga mümkinçilik alypdyr.

Ibn Hordadbegiň galdyran ruhy mirasynyň esasy eseri “Ýollar we ýurtlar hakynda” atly kitapdyr. Meşhur geografiýaçy alym diňe bir halyfatyň garamagyndaky ýutlar we halklar däl, eýsem dünýäniň ençeme beýleki ýurtlary we halklary barada, olaryň ýerleşýän territoriýasy, ykdysady, syýasy we medeni durmuşy, däp-dessurlary barada, söwda ýollary, şäherleriň we obalaryň arasyndaky ýollary uzaklygy hakynda gymmatly maglumatlary berýär. Ibn Hordadbek Orta Aziýa we Kawkaz ýurtlary barada, slawýanlaryň hökümdarlarynyň “knýaz” deresi barada gymmatly maglumatlary habar berýär.

XI asyrda ýaşan pars taryhçysy Gardizi ibn Hordadbegiň diňe bir geografiýaçy däl, eýsem taryhçy, filolog we sazşynas bolandygyny belleýär. Ibn Hordadbegiň “Saz diňlemegiň medeniýeti hakynda”, “Şatlanmak we lezzet almak kitaby”, “Ýyldyzlara garap ýol ýöremek hakynda kitap”, “Söhbetdeşler we dosltar hakynda kitap” atly we ençeme beýleki eserleri ýazandygy hakynda maglumatlar bar. Emma ol eserler biziň günlerimize gelip ýetmändir.

Musulman Gündogarynda geografiýa ylmynyň ösüşine X asyrda ýaşap geçen arap syýahatçy we ýazyjysy Ibn Fadlan uly goşant goşupdyr. Ol Abbasylar hanedanyndan bolan halyf Muktadiriň tabşyrmagy boýunça 921-922-nji ýyllarda ilçiler toparynyň kätibi bolup, Buhara, Horezme we Wolga boýundaky bolgarlar ýurduan syýahat edipdir. "Ibn Fadlanyň syýahaty" diýen at bilen çap edilen kitabynda ol oguzlaryň-türkmenleriň, başgyrlaryň, bolgarlaryň, ruslaryň we beýleki halklaryň durmuşy, däp-dessurlary, ykdysady hojalygy, medeniýeti barada baý we gymmatly maglumatlary berýär.[1]

## V. Orta asyrlar döwründe Türkmenistanda taryh, filosofiýanyň ösüşi

Türkmenistanda irki orta asyr döwründe taryh, filosofiýa, lukmançylyk, dilşynaslyk ýaly ylymlaryň ösüşi şol döwürdäki häkimiýet baştutanlarynyň syýasatyny wagyz etmek, adamlaryň saglygyny goramak, medeniýetiň talaplaryny beýan etmek bilen baglanyşykly bolupdyr.

Gürrüňi edilýän döwürde gadymy grek filosofiýasyny we Gündogaryň filosofiýa pikiriniň gazananlaryny özleşdirmek netijesinde arap-musulman filosofiýasy öz ösüşinde ýokary netijeler gazanýar. Onda esasam dört akymyň bardygy äşgärdir: 1) gündogar peripatetizm (aristotelizmi); 2) "Päkize doganlaryň" taglymaty; 3) sufizm (sopuçylyk) filosofiýasy; 4) ortodoksal musulman filosofiýasy.

X asyryň ikinji ýarymynda Basra şäherinde "Päkize doganlaryň" dini-filosofik jemgyýeti döredilipdir. Olaýň taglymaty sinkretik häsiýetli, ýagny dürli filosofik akymlaryň ideýalarynyň garym-gatym edilen görnüşinde bolupdyr. Olar

[1] Путешествие Ибн Фадлана. М.,1939; Агаджанов С.Г. Очерки истории Огузов и туркмен Средней Азии IX-XIII вв. Ашхабад, 1969, с.11-12

logikada we fizikada Aristototeliň taglymatyna, lukmançylykda we psihologiýada Galeniň ideýalaryna, umumy filosofiýa meselelerinde neoplatonizme we neopifagorilizme daýanypdyrlar. Filosofiýada kämillige ýetmek üçin grek filosofiýasyny musulman şerigaty bilen birleşdirmek gerek diýip, olar hasap edipdirler.

Orta Aziýaly akyldarlar Al-Faraby, Al-Biruny, Ibn Sina hem gündogar peripatetizminiň görnükli wekilleri bolupdyr. Olar barada ýörite temada gürrüň ediler.

Gündogar peripatetizminiň ilkinji görnükli wekili **Al-Kindi** (800-879) bolupdyr. Ol logikanyň we akyl ýetiriş teoriýasynyň meselelerine uly ähmiýet beripdir. Ol meseleleri Aristoteliň eserlerine düşündiriş bermek bilen baglanyşdyrypdyr. Ol dünýäniň ähli zatlaryny Allanyň ýaradandygyny ykrar edipdir. Şol bir wagtda Al-Kindi tebigatda we jemgyýetde sebäplilik kanunynyň hereket edýändigini subut etmäge çalşypdyr.

Al-Kindiniň we beýleki erkana pikirli filosoflaryň taglymatyna sufizm filosofiasynyň we ortodoksal musulman filosofiýasynyň wekilleri garşy çykypdyr.

Ortodoksal musulman filosofiýasyny işläp düzmekde we ösdürmekde möhüm orun **Al-Gazala** (1059-1111) degişlidir.

Abu Hamyd Muhammet al-Gazaly Horasanyň Tus şäherinde dünýä inipdir. Ol Tusda, Gürgende, Nyşapurda döwrüniň belli alymlaryndan teologiýa, filosofiýa, dilşynaslyk boýunça sapak alypyr. Ol Bagdatdaky Nyzamyýew medresesinde ençeme ýyllap talyplara sapak beripdir.

Al-Gazaly peripatetizmiň tarapdarlarynyň garaýyşlaryny tankytlamak maksady bilen “Filosoflaryň ýalana çykarylmagy” atly eserini ýazypdyr. Dünäni, ondaky ähli zatlary Allatagala ýokdan bar etdi, ýaratdy. Ähli zatlaryň, şol sanda adamlaryň ýaşamagy, ömri, durmuşy Allanyň gudratyna baglydyr diýip, Gazaly subut etmäge çalşypdyr. Al-Gazaly tebigatdaky we jemgyýetdäki sebäpliligi inkär edipdir. Biziň sebäplilik

baglanyşygy diýýänimiz wakalaryň wagt taýdan adaty yzygiderligidir diýip, ol tassyklapdyr.

Al-Gazaly “Ylym baradaky kitap” atly eserinde ylmyň jemgyýetdäki möhüm ähmiýetini belläpdir. “Amalsyz ylym miwesiz agaç ýalydyr” diýip, ol hemişe nygtap aýdypdyr. Gazalynyň bu kitaby 2004-nji ýylda arap dilinden türkmen diline hem terjime edilip, çapdan çykarylyp ýaýradyldy.

XII asyryň ortalaryndan soň arap dünýäsiniň gündogarynda ylmyň we filosofiýanyň ösüşi pese düşüpdir. Şol bir wagtda arap dili filosofiýanyň we ylmyň ösüşi arap dünýäsiniň Gübatarynda Pireneý ýarymadasynda we Demirgazyk Afrikanyň günbatar böleginde ýokary ösüşe eýe bolupdyr. Bu sebitde **Ibn-Baja** (XI asyryň ahyry – 1138) , **Ibn-Tufeýl** (1110-1185) we **Ibn Ruşd** (1126-1198) peripatetizm filosofiýasynyň we ylmyň ösüşine uly goşant goşupdyrlar.

Ibn Baja Ispaniýanyň Saragosa şäherinde doglupdyr. Ol filosofiýa, psihologiýa, logika meseleleri bilen meşgullanypdyr. Şeýle hem ençem ýyllap, Almohad halyflygynda wezir bolup işläpdir.

Ibn Baja filosofiýada Aristoteliň taglymatynyň tarapdary bolupdyr, eserlerini arap dilinde ýazypdyr. “Terkidünýä adamyň ýaşaýyş obrazy”, (başgaça ady “Ýalňyz adam üçin gollanma”) “Hoşlaşyk haty”, “Paýhasy adam bilen birleşdirmek hakynda hat”, “Jan hakynda kitap” diýen eserlerinde adamyň ahlak taýdan öz-özüni kämilleşdirmegi barada ýazypdyr. Meşhur arap filosofy Ibn Baja adam kämil däl jemgyýetde hem bagtly bolup biler. Munuň üçin ol uniwersal aktiw akyl bilen birleşdirmelidir diýip, hasap edipdir.

“Ýalňyz adam üçin gollanma” eserinde Ibn Baja hyýaly ideal döwletiň taslamasyny teklip edipdir. Ol döwletde hemme adamlar bagtly ýaşaýarlar. Onda lukmanlar hem, kazylar hem gerek bolmaz. Sebäbi ol döwletde adamlar dogry iýmitlenýärler, saglygyna zyýan etjek iýmiti döwletde kazylar, sudýalar üçin iş ýok. Sebäbi raýatlaryň hemmesi biri-birine

sylag-hormat bilen garaýarlar. Şeýle arzuwly döwlete adamlar öz-özlerini ahlak we intellektual taýdan kämilleşdirmek arkaly ýetip bilerler diýip, Ibn Baja tekrarlapdyr.

Kordowa arap halyflygynda görnükli alymlaryň, filosoflaryň biri Abu Bekir Muhammet ibn Abdal Mälik ibn Tufeýl (latynça Abubatser) (1110-1185) bolupdyr. Ol Ispaniýanyň Guadik şäherinde doglupdyr. Ibn Tufeýl hem aristotelizm filosofiýasynyň tarapdary bolupdyr. Ylym bilen meşgullanmakdan başga-da ol Kordowa halyflygynda Grenada, Seuty, Tanžer şäherleriniň häkimleriniň mürzesi we lukmany, soňra Almohad halyflarynyň köşk lukmany bolup işläpdir.

Ibn Tufeýliň "Ýakzanyň ogly Haý hakynda" atly filosofiki romanynda Aristoteliň Ibn Sinanyň eserlerini täsiri görnetin ýüze çykýar Romanda bir sebäp bilen, çola ada düşüp, ýeke galan oglanyň öz pähim-paýhasy arkaly dünýä akyl ýetirýändigini hakynda gürrüň edilýär.

Orta asyrlardaky arap filosofiýasynyň we ylmynyň Günbatar şahasynyň iň görnükli wekili Ibn Ruşd (latynça Awerroes) (1126-1198) bolupdyr.

Ibn Ruşd arap-ispan medeniýetiniň iň uly merkezi bolan Kordowa şäherinde doglupdyr. Şol ýerde ol teologiýany, filosofiýany, ýurisprudensiýany we lukmançylygy düýpli öwrenipdir. Ol Sewilýe, soňra Kordowa şäherlerinde kazy bolup işläpdir. Soňra Almohad halyfy Al-Mansuryň köşk emeldary we lukmany bolupdyr. Ömrüniň soňky ýyllarynda Ibn Ruşd ortodoksal dindarlar topary bilen arasy bozlup, köşkden kowlupdyr hem-de her dürli ýanalmalara sezewar bolupdyr. Ol Marokko gitmäge mejbur bolupdyr we şol ýerde aradan çykypdyr.

Ibn Ruşd 7 kitapdan ybarat ensiklopedik häsiýetli lukmançylyk boýnça eser ýazypdyr. Onda öz döwründe çenli lukmançylyk ylmynyň we praktikasynyň gazananlaryny umumylaşdyrypdyr. Ol şol döwürde belli bolan keselleriň ýüze

çykyş alamatlaryny beýan edipdir we olary bejermegiň ýollaryny, serişdelerini salgy beripdir.

Ibn Ruşd arap dilli peripatetizmiň iň yzygiderli wekilidir. Onuň döwürdeşleri “Aristotel tebigata düşündiriş berdi, Ibn Ruşd bolsa Aristotele düşündiriş berdi” diýip, aýdýar ekenler.

Meşhur akyldar diňe Aristotele ýönekeý düşündiriş bermek bilen çäklenmändir, eýsem onuň taglymatyny düýpli gaýtadan işläpdir we onuň materilalistik we rasionalistik meýilleirni ösdüripdir.

Ibn Ruşd Aristoteliň we Ibn Sinanyň garaýyşlaryna eýerip, hudaý we materiýa ebedi, elmydama bar bolupdyr diýip ykrar edipdir. Materiýa barlyk däl-de, barlygyň ebedilik mümkinçiligidir. Ol mümkinçiligi hudaýyň erk-ygtyýary, eradasy hakykata öwürýär we dünýädäki ähli predmetleri ilkinji materiýadan döredýär.

Ibn Ruş Aristotetliň we Ibn Sinanyň garaýyşlaryna eýerip, hudaý we materiýa ebedi, elmydama bar bolupdyr ykrar edipdir. Materiýa barlyk däl-de, barlygyň ebedilik mümkinçiligidir. Ol mümkinçiligi hudaýyň erk-ygtyýary, eradasy hakykata öwürýär we dünýädäki ähli predmetleri ilkinji materiýadan döredýär.

Ibn Ruşduň dünýägaraýşyna görä, maddy dünýäniň wagt taýdan başlangyjy ýokdur, ahyry hen bolmaz. Emma dünýä giňişlik babatda çäklidir. Dünýädäki hemme zatlar ebedi we dyngysyz hereketdedir. Her täze herekete onuň öň ýanyndaky hereket sebäp bolýar. Hereket bolmagy üçin substrat gerekdir. Hereketiň uniwersal we baky, ebedi substraty ilkinji materiýadyr.

Beýik akyldaryň pikirine görä, hudaý öz-özüne akyl ýetirýän pikirdir, paýhasdyr, ol ähli zatlaryň ideal ahyrky sebäbidir. Hudaý öz gudratyny diňe dünýäniň hereketiniň umumy ugruna gönükdirýär. Şunuň esasynda Ibn Ruşd adamlaryň öz zähmeti, erk-ygtyýary bilen öz durmuşyny üýtgetmäge mümkinçiliginiň bardygyny subut etmäge çalşypdyr.

Görnükli arap peripatetigi “hakykylygyň iki tebigaty” baradaky meşhur düzgüni öňe sürüpdir. Ol düzgüne görä, ylmyň, filosofiýanyň öz hakykylyk ideýasy, diniň hem öz istinasy, hakykylyk ideýasy bolýar. Din hem ylym bir-birine päsger bermeli däldir. Din alla tarapyn berilýän hakykylygy açmaga, allanyň gudratyna göz ýetirmäge çalyşýar. Ylym, filosofiýa bolsa pikirlenmek, pähim-paýhas arkaly zatlara bolşy ýaly, adekwat akyl ýetirmäge ymtylýar.

Ylym bilen diniň garaýyşlarynyň çapraz gelmegi, garşy bolmagy mümkindir. Ylmy nukdaý nazardan dogry, hakykylyk bolan pikir dini nukdaý nazardan ýalňyş hasaplanmagy mümkin. Dini garaýyş boýunça dogry pähimi ylmyň ýalňyş hasap etmegi hem bolýan zat. Meselem, din adamyň janynyň ölmeýändigini wagyz edýär, emma ylym ol öähim bilen ylalaşmaýar. Şeýlelikde, ylmyň we diniň her biriniň öz hakykylygy, istinasy bolýar diýip, Ibn Ruşd tassyklapdyr.

Ibn Ruşduň “hakykylygyň iki tebigaty” baradaky taglymaty ylmyň buthana, metjide, dine tabynlygyny ýeňip geçmäge gönükdirilipdir.

Ibn Ruşduň bütin adamzat nesliniň bir bitewi, ählumumy we obýektiw intellekti, paýhasy baradaky taglymaty hem möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Diňe tutuş adamzadyň dyngysyz ösýän we nesilden nesile geçýän ruhy mirasynyň aňlatmasy bolan ählumumy paýhas ebedilikdir we ölmez-ýitmezdir. Aýratyn adamyň paýhasy, ruhy, jany bolsa, şol adamyň teniniň, bedeniniň ölmegi bilen ölýär diýip, Ibn Ruşd hasap edipdir.

Ibn Ruşd Gazalynyň “Filosoflary ýalana çykarylmagy” atly eserini tankytlap “Ýalana çykarmagyň ýalana çykarylmagy” diýen filosofik işini ýazypdyr. Ol Al-Gazalynyň obýektiw sebäpligi inkär etmeginiň, Farabynyň we Ibn Sinanyň materialistik pähimlerini ýalana çykarjak bolmagynyň esassyzdygyny belläp geçipdir.

Ibn Ruşduň eserleri ondan soňky döwürde Gündogar ýurtlarynda-da, Ýewropada-da ylmyň we filosofiýanyň ösmegine oňyn täsir edipdir.

Ýakyn Gündogar ýurtlarynda VIII-XII asyrlarda taryh ylmynyň meselelerini işläp düzmekde hem ep-esli işleriň edilendigini belläp geçmek gerek. Belli arap taryhçylary Tabary (VII asyryň ikinji ýarymy – VIII asyryň başlary), Abul Ala ibn Hassul (XI asyr), Mihail Siriýaly (XII asyr), Ibn al-Esir Aly (XII asyr – XIII asyryň başlary) we beýlekiler öz eserlerinde Ýakyn Gündogar ýurtlarynda bolan taryhy waklary beýan edipdirler.

Olaryň arasynda taryh ylmyna uly goşant goşan alymlaryň bir Izzeddin Abylhasan Aly ibn Muhammet **ibn Esirdir** (1160-1234). Ol Jezire häkiminiň maşgalasynda eneden bolupdyr. Ol ömrüniň köp bölegini Mosul şäherinde geçiripdir. Ibn Esir 12 tomdan ybarat bütindünýä taryhy häsiýetine eýe bolan “Kämil taryh” atly eserini ýazypdyr. Bu eserini ýazanda Ibn Esir Tabarynyň “Uly taryh” atly işini peýdalanypdyr we ony täzeden işläp, ondaky wakalary yzygiderli beýan etmäge çalşypdyr. Şeýle Belazurynyň “Meşhur sahslaryň şejeresi”, Hamza Esat ibn Kalanysynyň “Damaskyň taryhyna goşmaça” diýen kitaplaryny peýdalanypdyr.

Ibn Esiriň eserinde diňe bir syýasy wakalar, uruş hereketleri beýan edilmän, eýsem ençeme ýurtlaryň durmuşynyň we medeniýetiniň dürli taraplary häsiýetlendirilipdir. Ibn Esiriň kitabynda oguzlaryň-türkmenleriň taryhyna, ylaýta-da XI, XII asyrlara we XIII asyryň başlaryna degişli gymmatly maglumatlar bar. “Kämil taryhyň” soňky bölümlerinde Çingiz hanyň ordalarynyň Orta Aziýada, Eýranda, Zakawkazýede eden gandöküşikli etmişleri hem görkezilipdir.

Şeýlelikde, VIII-XII asyrlarda Ýakyn Gündogar ýurtlarynda ykdysady, syýasy we medeni ösüşiň talaplaryna laýyklykda tebigaty öwreniş ylymlarynda: fizikada, matematikada, astronomiýada, şeýle hem lukmançylyk, filosofiýa, taryh

ylymlarynda görnetin öňe gidişlik gazanylypdyr. Munuň özi jemgyýetiň ruhy durmuşynyň baýlaşmagynda möhüm sepgit bolupdyr.

## VI. Türkmenistanda VIII-XII asyrlarda syýasy aň biliminiň ösüşi

Merkezi Aziýa ýurtlary, şol sanda Türkmenistanyň häzirki territoriýasy VIII asyrdan IX asyryň başlaryna çenli arap halyflygynyň tabynlygynda bolupdyr.

Gündogarda Hindistana we Hytaýa çenli, Günbatarda Pireneý ýarymadasynda Ispaniýa we Portugaliýa çenli aralykda ägirt uly territoriýany öz içine alan kuwwatly döwletiň – Arap halyflygynyň döremegi onuň düzümindäki ýurtlaryň ykdysady we medeni durmuşynda belli bir ösüşiň, öňe gidişligiň bolmagyna getiripdir.

Şol döwürde arap halyflygynyň düzümine giren ýurtlarda, tebigat bilimleri, hususan-da, matematika, fizika, astronomiýa, himiýa, biologiýa, lukmançylyk, geografiýa we beýleki ylymar uly ähmiýetli ösüşe eýe bolupdyr.

Ylym we medeniýet barada aýdylanda, VIII-XI asyrlarda Arap halyflygynda gadymy Grek we gadymy Rim medeniýetini we ylmyny gaýtadan dikeltmek we galkyndyrmak barada uly işler amala aşyrylypdyr. Antik döwrüň alymlarynyň, şol sanda Aristoteliň, Ewklidiň, Arhimediň, Ptolemeýiň, Platonyň, Gippokratyň, Galeniň we ençeme beýleki akyldarlaryň eserleri arap diline terjime edilip ýaýradylypdyr. Arap dili edebiýatyň, ylmyň, filosofiýanyň umumy kabul edilen diline öwrülipdir. Ençeme awtorlar bu döwre “Gündogar Renessansynyň”, “Antik medeniýetiň Gündogardaky täzeden döreýşiniň zamanasy” diýip baha berýärler.

Mälim bolşy ýaly, Günbatar Ýewropada Renessans döwri Gündogaryň täzeden döreýiş döwründen iki-üç asyr soň, ýagny XIV-XVII asyrlarda bolupdyr.

VIII-XII asyrlarda Arap dilli medeniýetiň ösüşine, başgaça aýdanymyzda, Gündogar Renessansyna, araplaryň basyp alan ýurtlarynyň, şol sanda Orta Aziýanyň halklarynyň wekilleri – alymlary, şahyrlary, binagärleri uly goşant goşupdyrlar.

VIII asyryň ikinji ýarymynda Abbasylar dinastiýasy arap halyflygynda eline alypdyr. Abbasy halyflary medeniýetiň, ylmyň ösmegine howandarlyk edipdirler. Halyf Mansur (754-775) VIII asyryň 60-njі ýyllarynda Bagdat şäherini esaslandyrypdyr we ylmyň, medeniýetiň ösmegine hemaýat edipdir. Bagdat gysga wagtda öz döwrüniň ylmyň we medeniýetiniň merkezine öwrülipdir. Mansur aradan çykandan soň, onuň ogly Harun ar Raşyd halyf bolýar. Onuň döwründe Bagdatda “Paýhas öýi” atly ylmy merkez-özboluşly akademiýa döredilýär. Belli taryhçy W.W.Bartoldyň ýazmagyna görä, onda işlänleriň köpüsi Merkezi Aziýadan, şol sanda Türkmenistanyň şäherleri Marydan, Gürgençden gelen alymlar bolupdyr.[1]

Harun ar Raşyd Horasan welaýatynyň paýtagty Merw öz ogly Mamun ibn Raşydy hökümdar edip iberipdir. Mamun Merwde bolan döwründe bu ýere belli alymlary we meşhur medeniýet wekillerini ýygnapdyr. Belli ürgençli alym Muhammet ibn Musa al Horezmi hem Mamunyň çakylygyna eýerip, Mara gelipdir we ylmy barlaglaryny bu ýerde dowam etdiripdir.

809-njy ýylda Harun ar Raşyd aradan çykandan soň, Mamun bilen Harunyň Bagdatdaky ogly Aminiň arasynda häkimiýet ugrunda göreş başlanýar. 813-nji ýylda Mamun üstün çykyp, bütin arap halyflygynyň hökümdary bolýar. Netijede Merw bütin halyfatyň paýtagtyna öwrülýär. Mamunyň indi ylmyň, medeniýetiň ösmegine howandarlyk etmek üçin mümkinçiligi

[1] В.В.Бартольд. Сочинения т.6., М., 1966, 41 с.

giňelýär. Mamunyň hökümdarlyk eden döwrüdnde Maryda asman jisimlerini öwrenmek maksady bilen obserwatoriýa gurlupdyr. Mamunyň köşgünde Horezmiden başga-da ençeme alymlar, şol sanda belli astronom Ýahýa ibn Mansur, meşhur matematik hem astronom Habaş Hasyp işläpdir. Habaş Hasyp öz döwrüniň astronomik baralaglarynyň netijelerini umumylaşdyryp "Mamunyň ziji" atly kitaby düzen esasy awtor bolupdry. "Aralyklar hem asman jisimleri" atly kitabyny ol astronomiýanyň we matematikanyň möhüm meselelerine bagyşlapdyr. Habaş trigonometriýa ylmyna eneçeme täzelik girizipdir. Ol ylma tangens we kotangens diýen adalgalary girizipdir.

818-nji ýylda halyf Mamun paýtagtyny Merwden Bagdada göçüripdir. Ol şonda Merwli alymlary hem Bagdatda işlemäge geçiripdir. Bagdatdaky "Paýhas öýüne" Muhammet al Horezmi ýolbaşçy bellenipdir. Al-Horezminiň bu özboluşly akademiýa ýolbaşçylyk eden döwründe matematika, astronomiýa ýaly ylmy pudaklarda ylmy-barlag alyp barmak bilen birlikde, grek alymlarynyň eserlerini arap diline terjime etmeklige uly üns berlipdir. Gippokratyň, Platonyň, Aristoteliň we ençeme beýleki grek alymlarynyň eserleri arap diline terjime edilip çykarylypdyr.

Merwli beýleki bir alym Ýahýa ibn abu Mansur Bagdatdaky şamsy obserwatoriýasyna ýolbaşçy bellenipdir. Birunynyň "Geodeziýa" kitabynda habar bermegine görä, Abu Mansur 828-nji ýylda güýzde gije-gündiziň deňleşmegine gözegçilik edipdir. Onuň astronomiýadan ýazan işleriniň birine "Mamunyň synagdan geçen ziji" diýipdirler.

IX-XI asyrlarda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň halklary arap halyflygyna tabynlykdan çykyp, özbaşdak döwletleri döredipdirler. IX asyryň 20-nji ýyllarynda Horasanda Taryhyrylar döwleti emele gelýär. IX asyryň 70-nji ýyllarynda Horasanda Saffarylar dinastiýasy häkimiýeti ele alýar. IX asyryň ahyrlarynda Horasany hem Mawerannahyr öz içine alan

Samanylar döwleti döredilýär. X asyryň 90-njy ýyllarynda döredilen Garahanlylar döwleti Kaşgar welaýatyny we Mawerannahry, Horasanyň hem ençeme welaýatlaryny özüne tabyn edipdir. Garahanlylary bilen uruşda, X asyryň ahyrynda – 999-njy ýylda Samanylar döwleti ýykylypdyr.

IX-X asyrlarda Horezm jülgesinde iki sany ýarym tabynlykdaky döwlet bolupdyr. Amyderýanyň sag kenarynda paýtagty Kyýat şäheri bolan Horezmşalar döwleti bolupdyr. Çep kenarda paýtagty Gürgenç (häzirki Köneürgenç) şäheri bolan Köneürgenç türkmenleriniň döwleti bolupdyr. 996-njy ýylda Gürgenjiň emiri Abu Aly Mamun horezmşalaryň döwletini hem özüne taby edipdir.

962-nji ýylda oguzlaryň gaýy taýpasyndan bolan Mahmyt paýtagty Gazna şäheri bolan Gaznawylar döwletini esaslandyrýar. Ol gysga wagtyň içinde Horasany, Köneürgenji, Yragy, Günorta-Gündogar Eýrany, Demirgazyk Hindistany özüne boýun egdirýär.

Merkezi Aziýada, şol sanda Türkmenistanda özbaşdak döwletleriň döredilmegi ýurduň ykdysadyýetiniň we medeniýetiniň ösmegine getirýär. Ýurtda ekerançylyk, maldarçylyk, binagärçilik, suw desgalarynyň, kanallaryň, benrleriň gurluşygy alnyp barylýar, söwda gatnaşyklary ösýär. Bu ýagdaý medreseleriň, köşkleriň, kerwen saraýlaryň, metjitleriň, kitaphanalaryň we beýleki desgalaryň gurluşygyna itergi berýär. Bu gurluşyklar bolsa, öz nobatynda, medeniýetiň, ylmyň ösmegine ýardam edýär. Şol döwürde Merw, Ürgenç, Gazna, şäherleri ylmyň, medeniýetiň ösüş merkezleri bolupdyr, olarda ady dünýä meşhur bolan ençeme alymlar, akyldarlar, filosoflar, lukmanlar, şahyrlar, binagärler işläpdirler.

Dünýä ylmynyň dürli pudaklarynyň ösüşine uly goşant goşan alymarlyň biri Muhammet ibn Musa al-Horezmidir.

Muhammet al-Horezmi 780-nji ýylda Ürgençde eneden doglupdyr. Onuň terjimehalyna degişli maglumatlar juda az saklanypdyr. Mamun ib Raşydyň Horasan welaýatyna

hökümdar bolan döwründe al-Horezminiň Merwe gelendigi we ol ýerde özüniň ylym bilen meşgullanmaga mümkinçilik alandygy, ol ýerde belli tebigatçy alymlar Abu Mansur, Habaş Hasyp we beýlekiler bilen bilelikde işländigi bellidir. Soňra 818-nji ýyldan soň Bagdada baryp, ol ýerde "Paýhasalar öýüne" ýolbaşçylyk edendigi barada ýokarda hem bellenip geçilipdi. Al-Horezmi 850-nji ýylda Bagdatda aradan çykypdyr.

Horezminiň ylaýta-da matematika ylmyna goşan goşandy uludyr. Bu barada onuň üç eseri aýratyn bellenmäge mynasypdyr. "Hindi hasaby hakynda", "Algebrany hem almukabaly hasaplamak hakda" we "Trigonometrik tablisalar" atly eserlerinde ol matematika ylmyna düýpli täzelikler girizipdir.

"Hindi hasaby hakynda" atly eserinde Horezmi hindileriň dokuz harpyň, dokuz şekiliň üsti bilen islendik sany çykaryp bilýändiklerini habar berýär. Horezminiň hasaplamagyň onluk düzügni hakyndaky kitaby ýaýramagyndan ozal dünýäniň köp ýurtlarynda, şol sanda Merkezi Aziýada el we barmak bilen sanamk ulanylypdyr. Hasaplamagyň täze düzgüni her hili hojalyk işlerinde we söwdada örän amatly bolupdyr.

Horezmi bu kitapynda öz döwri üçin ýene bir täzeligi öňe sürýär. Ol her hili sanlaryň birlikde düzülýändigini, birligiň islendik sanda bardygyny belleýär. Birlik hasaplaşyk işinde beýleki sanlara mätäç däl. Beýleki sanlar bolsa birliksiz emele gelmeýär.

Ýewropada ýurtlarynda hem XII asyrda arap dilinden latyn diline terjime edilen kitaplaryň biri Horezminiň "Hindi hasaby hakynda" atly kitaby bolupdyr. Ýewropada hem şol wagta çenli barmak bilen sanamak usuly giň ulanylypdyr. Onda birlik däl çyzyk bilen aňladylýar. Yzky sanlar aýratyn harplar bilen bellenýär. Meselem bäş–V, on–X, C–ýüz, D–bäş ýüz, müň–M. Rim hasaplaýyş düzgüni häzirki wagtda hem belli bir derejede ulanylýar. Emma hasaplamagyň esasy usuly hökmünde onluk

düzgüni berk ornaşypdyr. Şeýlelik bilen, Horezminiň bu kitaby Ýewropada hem Renessansyň – täzeden döreýşiň düýbüniň tutulmagyna ýardam edipdir.

Horezmi dünýä ylmyna algebrany beren beýik alymdyr. Onuň algebra bagyşlanan eseri “Kitab Muhtasar al jebr wal mukabala” (“Doldurmagyň we garşy goýmagyň gysgaça kitaby”) ady bilen meşhurdyr. Oňa, köplenç gysga görnüşde “Algebra we mukabala” diýilýär.

Bu eser iki bölümden: nazaryýet we amaly bölümden ybarat. Birinj bölümde çyzgyly we kwadrat deňlemleriň nazaryýeti bilen birlikde geometriýanyň hem käbir meseleleri gözden geçirilýär. Ikinji bölümde anyk hojalyk-durmuş, söwda we hukuk meseleleri çözülende algebranyň usullaryň ulanylyşy hakynda gürrüň edilýär.

Horezmi deňlemereriň alty görnüşini anyk mysallarda beýan edipdir. Deňlemäni haýsydyr bir görnüşe getirmek üçin ol iki sany amaly ulanypdyr. Birinji amala “aljebr”, ýagny “doldurmak” diýipdir. Biziň günlerimizdäki “algera” adalagasy hut şu sözden emele gelipdir. Ikinji amala “al mukabala”, ýagny “garşy goýmak” diýipdir. Bu bolsa deňlemäniň iki bölegindenem deň agzalary kemeltmekden ybaratdyr.

Horezminiň “Algebra we mukabala” eseri Gündogara hem, Günbatarda matematika ylmynyň ösmegine esas bolup hyzmat edipdir. Abu Kemil Şuja ibn Aslam (850-950), Abu Bakr Muhammet Garaja (X-XI asyrlar), Omar Haýýam (1040-1123), Leonarda Pižanskiý (XIII asyr) Horezminiň bu eserinden peýdalanypdyrlar we ony belli bir derejede ösdüripdirler. XVI asyrda ýaşan belli golland alymy Andrian Roumen (1561-1615) bu kitaba ýörite düşündiriş ýazypdyr.

Muhammet Horezmi astronomiýa ylmyna hem möhüm goşant goşupdyr. Alym Maryda ýaşan ýylarynda, şol ýerdäki obserwatoriýada ylmy barlaglar geçirilipdir. 829-nji ýylda Bagdatda Horezminiň hut özüniň gatnaşmagynda uly obserwatoriýa açylypdyr.

Muhammet Horezminiň astronomiýa boýunça ýazan eserine “Horezminiň ziji” diýipdirler. “Zij” astronomik tablisa diýmegi aňladýar. Alym bu işini ýazanda Ptolemeýiň “Almagestini” we hindileriň astronomiýa bagyşlanan “Uly Sinthint” diýen ýygyndysyny we özüniň ylmy barlaglarynyň netijesini peýdalanypdyr. Horezminiň “Zijinde” ylymda ilkinji gezek sinuslaryň tablisasy berlipdir. Olar Ptolemeýiň Horda tablisalarynyň ýerine ulanylypdyr. Ylma tangens düşünjesi hem girizilipdir. Bu eserde Günüň, Aýyň, planetalaryň hereketi gözden geçirilipdir, asman jisimleriniň, Günüň, Aýyň, ýyldyzlaryň ululygyny kesgitlemegiň usullary beýan edilipdir.

Köneürgençli alymyň bu eseri Ýewropada hem meşhurlyk gazanypdyr. Horezminiň algebrasyny terjime eden Adelart 1126-njy ýylda ony hem latyn diline geçiripdir.

Horezminiň latyn diline geçirilen bu eseri häzir Parižiň, Madridiň kitaphanalarynda saklanýar. “Zij” iňlis, nemes dillerine hem terjime edilipdir.

Nemes alymy G.Zubaryň we rus alymy Kraçkowskiniň belläp geçişleri ýaly, “Horezminiň ziji” Majritiň redaksiýasy bilen Günbatar Ýewropada soňra peýda bolan astronomik eserleriň esasy gollanmasy bolupdyr. 1983-nji ýylda Horezminiň astronomik eseri Daşkentde rus dilinde çap edilipdir.[2]

Gündogar Renessansyň taryhynda görnükli orun eýeleýän alymlaryň biri al-Fabarydyr. Onuň doly şejeresi Abu Nasyr Muhammet ibn Muhammet ibn Tarhan ibn Uzlag Faraby at Türküdir. Ol 870-nji ýylda häzirki Gazagystanyň Günortasynda Syrderýanyň boýundaky Farap (Otrara) şäherinde oguz-garlyk taýpasyndan bolan harby serkerdäniň maşgalasynda eneden bolupdyr. Akademik W.W.Bartoldyň belleýşi ýaly, şol döwürde Otrar sebitlerinde oguz-garlyk taýpalary ýaşapdyr.[3]

---

[2] Мухаммад ибн Мусса аль Хорезми. Астрономические трактаты. Ташкент, 1983

[3] Бартольд В.В. Сочинения. Т.I. М., 1963, 234 с.

Abu Nasyr Faraby 20 ýaşa ýetýänçä Otrarda ýaşap, bilim-terbiýe alypdyr. Otrar öz döwrüniň ösen şäherleriniň biri bolupdyr. Onuň baý kitaphanalary bar ekeni. Soňra Faraby Gündogaryň belli medeni merkezlerinde – Samarkantda, Buharada, Merwde, Damaskda, Bagdatda okap öz bilimini çuňlaşdyrypdyr. Al-Faraby 950-njy ýylda Damskda aradan çykypdyr. Ol 40 ýaşynda 910-njy ýylda Bagdada barypdyr. Ol Bagdatda bolanda, oňa Abu Başar Matta atly alym grek dilini öwredipdir, belli lukman Ýuhanna ibn Haýlan oňa medisinadan we logikadan sapak beripdir.

Farabynyň Bagdatda bolan döwründe ýurduň syýasy we medeni durmuşynda pese düşüşlik başlanypdyr. Erkana pikirli alymlary yzarlamak güýçlenipdir. 922-nji ýylda erkana pikirli akyldar Mansur ibn Hallaç Bagdadyň merkezi meýdançasynda jezalandyrylyp öldürlipdir. Mukaffy, Nazzam, Rawandy, Razy, Kindi ýaly görnükli alymlaryň kitaplary köpçüligiň gözüniň alnynda ýakylypdyr.[4] Akyldar Bagdatdan Damaska gitmäge mejbur bolupdyr. Damaskda ol şäheriň çetinde bir bagda gündizlerine garawul bolup, agşamlaryna bolsa şemiň ýagtysyna ylmy eserlerini ýazypdyr diýen rowaýat bar. Belli özbek alymy W.Zahydow Damaskda bir syýa çüýşe bilen bir bulgur meý onuň ýalňyz hossary bolupdyr diýip belleýär. “Men birinjiniň kömegi bilen-ä öz pikirimi beýan edýän, ikinjiniň kömegi bilen bolsa tukatlykdan dynýan” diýip Faraby gürrüň berýär ekeni.[5]

Faraby 160-dan gowrak ylmy işi miras goýupdyr. Ol eserler onuň ýaşan döwründäki ylmyň ähli pudaklaryny ýaly öz içine alypdyr. Tebigat bilimleri, matematika, filosofiýa, logika, lukmançylyk, syýasatşynaslyk, psihologiýa, estetika, etika, saz sungaty we ş.m.-ler. Faraby bu ugurlaryň hemmesine degişli ylmy eserleri ýazypdyr. Ol gadymy grek ensiklopediýaçy

[4] Хайруллаев М.М. Абу Насрал – Фараби. М., 198. 46 с.
[5] Захидов В. Три титана. Ташкент, 1972, 20 с.

alymy Aristotetliň esasy eserlerini grekçeden arap diline terjime edip, olara düşündirişler ýazypdyr. Öz döwründe Aristotetele birinji mugallym diýipdirler. Faraba bolsa “Gündogaryň Aristoteli” ýa-daikinji mugallym diýip at beripdirler.

Abu Nasyr al Faraby Gündogaryň Renesessansynyň başyny başlaýjylaryň biri bolupdyr diýilse, öte geçildigi bolmasa gerek.

Faraby Aristoteteliň eserlerine düşündirişler ýazmak arkaly, gadymy dünýäniň bu beýik ensiklopedik alymynyň ylmy pikirlerini gündogaryň ylmy jemgyýetçiligi üçin elýeterli edipdir. Farabynyň bu baradaky hyzmatyna beýik ibn Sina özüniň “Ömürnamasynda” şeýle baha berýär: “Men Aristoteteliň “Metafizika” atly kitabyny okadym, emma hiç zada düşünmedim... Men bu kitaby näçe sapar täzeden elime alyp, ony ýat tutýançam okasam-da, ozalkym ýaly hiç zada düşünmedim.

... Günleriň birinde kitap satylýan bazaryň içinde barýarkam, satyjy gygyryp, bir kitaby öwüp duran ekeni... Men ony üç dirheme satyn aldym. Görsem, bu kitap Abu Nasyr Farabynyň “Metafizikanyň tezisleri” atly kitaby ekeni. Men öýe howlukdym, gelibem, ony okap başladym. Bu kitabyň (Aristoteteliň “Metafizikasynyň”) esasy gapylary meniň öňümde açyldy we hemme düşünmesi kyn zatlar düşnükli boldy. Bu ýagdaýa men begendim...”

Belli özbek filosofy M.M.Haýrullaýew Farabynyň eserlerini mazmuny boýunça ýedi sany uly topara bölýär.

Akyldaryň filosofiýanyň umumy meselelerine degişli eserleri birinji topary düzýär. “Meseleleriň düýp mazmuny”, “Kanunlar hakynda kitap”, “Älem hereketiniň hemişeligi hakynda kitap”, “Substansiýa”, “Eflatunyň (Platonyň) we Arastunyň (Aristoteteliň) filosofiýasynyň birligi hakynda”… ýaly eserlerde barlygyň esasy kanunlary hem-de barlyk baradaky esasy kategoriýalar gözden geçirilýär. Ikinji topara degişli eserlerde adamyň akyl ýetiriş ukyby, akyl ýetirişiň formalary,

basgançaklary, usullary seljerilýär. Bu topara “Paýhasyň manysy hakynda”, “Paýhas we düşünje”, “Logika giriş kitaby”, “Ruh hakynda”, “Ruhuň gudraty hakynda” ýaly eserleri goşmak bolar.

Ylymlary topara bölmek, filosofiýanyň ylmy ulgamyndaky orny baradaky eserler üçünji topary emele getirýär. “Ylymlary kesgitlemek we toparlara bölmek”, “Filosofiýanyň manysy hakyndaky kitap”, “Filosofiýany öwrenmezden ozal nämeleri bilmelidigi hakydaky kitap” we ençeme beýleki eserler üçünji topara degişlidir.

Matematika degişli eserler dördünji topary düzýär. Arifmetika, geometriýa we saz sungaty hakynda Farabynyň “Möçber we san hakyndaky kitap”, “Astrologiýanyň dogry we nädogry düzümleri hakydaky kitap”, “Saz hakda uly kitap” we beýleki işlerini görkezmek bolar. Pifaogrdan soňra saz sungaty hakyndaky eserler matematika ylymlary toparyna goşulypdyr, sebäbi saz teoriýasy matematika esaslanypdyr.

Bäşinji topara fizika, himiýa, optika, lukmançylyk, biologiýa degişli eserler girýär. Farabynyň “Fizikanyň esaslary hakynda”, “Boşluk hakynda”, “Adamyň synalary hakynda”, “Haýwanlaryň synalary hakynda” atly eserleri şu topara degişlidir.

Akyldaryň dilşynaslyk, dilewarlyk sungaty, şahyrana döredijilik, kalligrafiýa (hatdatlyk sungaty) barada ýazan eserleri atltynjy topary düzýär. Faraby bu barada “Goşgy we ritorika hakynda kitap”, “Hatdatlyk sungaty barada kitap”, “Sözlükler barada” we ençeme beýleki eserleri miras goýupdyr.

Jemgyýetçilik durmuşynyň, döwleti dolandyrmagyň, terbiýeçilik işlerinini alyp barmagyň meselelerine, ahlak kadalaryna, adalatlylyk jemgyýetini gurmagyň ýollaryna hem Faraby uly üns beripdir. Onuň bu meselelere bagyşlanan eserleri ýedinji topary emele getirýär. Onuň “Raýatlyk syýasaty”, “Syýasat hakynda”, “Bagt gazanmak”, “Bagtlylyga alyp barýan ýollar hakynda”, “Uruş we parahatçylyk durmuşy

hakda kitap” ýaly işleri öz döwründe jemgyýetçilik – syýasy pikiriň ösüşinde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

Faraby özüniň “Ylymlary kesgitlemek we toparlar bölmek” baradaky işinde ylymlary bäş topara bölýär. Olar şu aşakdakylar:

1. Dil hakyndaky ylym;
2. Logika we onuň bölümleri;
3. Matematika. Ol alty bölüme bölünýär: a) arifmetika, b) geometriýa, w) optika, g) ýyldyzlar hakda ylym (astronomiýa), d) saz hakyndaky ylym, e) agramlar hakda ylym (mehanika);
4. Tebigy bilimler (fizika we onuň bölümleri) we metafizika;
5. Şäheri dolandyryş hakyndaky ylym ýa-da syýasy ylym hem-de kelam.[6].

Faraby ylym baradaky eserlerinde dünýä, onuň hadysalaryna, predmetlerine, kanunlaryna aky ýetirmekde ylmyň esasy serişde bolup, adamlaryň, jemgyýetiň öňünde ýüze çykýan meseleleri çözmekde esasy ýörelge, esasy gollanma bolup hyzmat edýändigini görkezmäge çalşypdyr. Onuň pikirine görä, ylmyň netijeli bolmagynyň üç sany möhüm şerti bar. Ylmy barlagyň anyk maksady, anyk temasy bolmaly, ylym dogry maglumatlary, dogry faktlary peýdalanmaly, ylym subutnamalara daýanmaly.

Beýik akyldar ylmyň, alymlaryň abraýyny ýokary götermäge çalşypdyr. Faraby ylym bilen meşgullanjak adamyň arassa ýüregi, şöhratparazlykdan we gopbamlykdan halas beýik maksatlary bolmalydyr diýip, hasap edipdir.

Özüniň filosofik garaýyşlarynda Faraby Aristoteliň filosofik däplerini dowam etdiriji, baýlaşdyryjy, ösdüriji hökmünde çykyş edýär. Oňa Gündogar peripatetizminiň (aristotelizminiň) düýbüni tutujy diýilmegi ýöne ýerden däldir. Filosofiýanyň

[6] Аль-Фараби. О разуме и науке. Алма-Ата, 1975, 53-54 с.

esasy ontologik meselesini ol naturaliastik panteizm ruhunda gözden geçirýär we çözýär.

Farabynyň pikirine görä, tebigaty hem, jemgyýeti hem Alla ýaradypdyr. Soňra hudaý öz ýaradan tebigat we jemgyýet hadysalaryna birleşýär, siňýär. Maddy dünýä hem hudaýyň özi ýaly bakydyr. Dünýä baky bolsa, onda materiýa we forma hem bakydyr. Çünki dünýä materiýa bilen formanyň bir bütewiligidir diýip, ol hasap edipdir.[7] Akyldaryň garaýşyna görä, dünýäde hemme zat üýtgeýär, ösýär. Dünýäniň hereket etdiriji güýji onuň öz içindedir, ol güýç tebigy determinizm, tebigy sebäplilikdir. Elbetde, Faraby hudaýa ynanypdyr. Ýöne onuň dini garaýyşlary özboluşly häsiýetlidir.

Farabynyň filosofik garaýyşlarynyň üç sany möhüm alamaty bar. 1) Dünýäniň ebedilikdigini ykrar etmek. 2) Dünýädäki özgerişlerde tebigy determinizmi esaslandyrmak. 3) Düýä akyl ýetirmekde rasionalizm ýörelgesinden ugur almak, adam paýhasynyň möhüm ähmiýetini nygtap bellemek.[8]

Farabynyň goýup giden baý ylmy-filosofik mirasy Gündogarda hem, Günbatarda hem ylmyň we filosofiýanyň ösüşine uly täsir edipdir.

Al-Horezminiň we Al-Farabynyň progressiw ylmy we filosofik däplerini görnükli alym we filosof Abu Reýhan Muhammet ibn Ahmet al Biruny dowam etdiripdir.

Abu Reýhanyň terjime halynda degişli maglumatlar örän ujupsyz, örän az. Ol 972-nji ýylda Horezmde Kyýat şäherinde eneden bolupdyr. Onuň ene-atasynyň atlary, haýsy kär bilen meşgul bolandygy hakynda hiç hili maglumat ýok. Ol ýaş wagty Abu Abdyllanyň köşgüne düşüpdir. Abu Abdylla medeniýete, ylma howandarlyk edipdir. Onuň köşgünde ençeme belli alymlar, medeniýet işgärleri işläpdir. Olaryň

---

[7] Захидов В. Три титана. Ташкент, 1973, 22-23 с.

[8] Аль-Фараби. Философские трактаты. Алма-Ата, 1970, XVII-XVIII – sah.

arasynda belli matematik we dilşynas alym Abu Nasyr Mansur ibn Aly ibn Yrak hem bar ekeni. Ibn Yrak Kyýatyň hökümdary Abu Abdyllanyň doganoglany bolupdyr. Ibn Yrak Abu Reýhany öz döwrüniň ylymly adamsy edip ýetişdirmek üçin köp alada edipdir. Ol özüniň baý kitaphanasyndan Abu Reýhanyň peýdalanmagy üçin ähli şertleri döredipdir, onuň Gresiýanyň, Gündogar ýurtlaryň alymlarynyň eserleri bilen tanyşmagyna, grek dilini, arap, pars dillerini öwrenmegine ýardam edipdir.

Kyýatda bolan döwründe Abu Reýhan şol ýerde işlän belli astronomlar Harajy, Hamdaky bilen hem aragatnaşyk saklapdyr, olardan köp zat öwrenipdir. Biruny 995-nji ýylda 23 ýaşynda Ýeriň globusyny öz eli bilen ýasapdyr. Professor P.G.Bulgakowyň, I.Timofeýewiň pikirine görä, munyň özi bütin dünýäde ilkinji globusdyr. Ýewropada şunuň ýaly globus bäş asyr soňra 1492-nji ýylda peýda bolupdyr.[9]

996-njy ýylda Gürgenjiň patyşasy Mamun Kyýaty basyp alyp, onuň hökümdary Abu Abdyllany öldüripdir. Abu Abdyllanyň howandarlyk eden adamlaryň, şol sanda Abu Reýhanyň hem janyna howp abanypdyr. Ol gaçyp Eýranyň Reý şäherinde mekan tutunmaly bolupdyr.

Reýde bolanda Biruny tanymal matematik we astronom Abu Mahmyt Hamyt ibn Hydyr Hojandynyň obserwatoriýasynda işläpdir. Şol ýerde deňizde ýüzmekde we howada uçmakda ylanylýan, burç ölçelýän gural – sekstant ýasalypdyr. Biruny bu sekstant hakynda ýörite ylmy iş ýazypdyr. Reýde ýaşan döwründe Biruny tanymal lukman hem filosof, himiýanyň esasyny goýujy alymlaryň biri, Merkezi Aziýanyň we Eýranyň belli akyldary Zakariýa Razynyň (864-925) hem-de öz ildeşleri al-Horezminiň, al-Farabynyň we beýleki belli alymlaryň

---

[9] Булгаков П.Г. Жизнь и труды Беруни. Ташкент, 1972, 44-с. Тимофеев И. Бируни М., 1986, 48-49 с.

eserlerini öwrenipdir. Zakariýa Razy himiýada ençeme ylmy açyşlary edipdir, şol sanda kükürt kislotasyny oýlap tapypdyr.[10]

997-nji ýylda Biruny dogduk mekany Horezme gaýdyp gelipdir. Şol ýylda Gürgenjiň hökümdary Mamun aradan çykandan soň, onuň ogly Aly ibn Mamun patyşa bolupdyr. Aly ibn Mamun heniz şazada mahaly hem, başardygyça, ylma, alymlara howandarlyk edipdir. Tagta geçenden soň ol öz köşgüne belli alymlary we sungat wekillerini ýygnap başlapdyr. Aly ibn Mamunyň köşgünde baý kitaphanasy bolupdyr. Ol ýerde ibn Yrak, Aby Sähl Mäsihi, Abul Haýyt Hammar ýaly alymlar işläpdirler. Bu alymlaryň işleýän kitaphanasyna we özboluşly birleşmesine “Mamun II-niň akademiýasy” diýip at beripdirler. Biruny hem, şol özboluşly akademiýada bir ýyl işläpdir. 998-nji ýylda Gürgeniň hökümdary Kabusyň çakylygy boýunça Biruny Gürgene gidipdir. Ol ýerde 6 ýyllap köşk astrology bolup işläpdir. Kabus bilen arasynda oňşuksyzlyk döränden soň, Biruny 1004-nji ýylda ýene Gürgenje gelip Mamunyň akademiýasynda işläpdir. Belli alymlar bilen bilelikde Biruny bu ýerde 14 ýyllap ylmy barlaglary alyp barypdyr. Emma 1017-nji ýylda Gürgenji Gaznawylar döwletiniň soltany Mahmyt basyp alypdyr. Şondan soňra Mahmyt soltanyň talap etmegi bilen gürgençli alymlaryň bir topary, şol sanda Biruny hem paýtagt şäheri Gazna gitmeli bolupdyr. Biruny 1017-nji ýyldan tä ömrüniň ahyryna çenli, ýagny 1048-nji ýyla çenli şol ýerde ylmy-barlag işlerini dowam etdiripdir.

Oguzlaryň-türkmenleriň gaýy taýpasyndan gelip çykan Gaznewi soltanlary Mahmyt hem (998-1030), Mesut hem (1030-1041), Mawdut hem (1041-1048) goňşy ýurtlaryň üstüne ençeme gezek basybalyjylykly, talaňçylykly ýörişler guran

[10] Seret; Очерки истории философской и общественно-политической мысли в Туркменистане. Ашхабад, 1970, 48 с.; Baýramsähedow N. Gündogaryň beýik danalary, 73 sah.

bolsalar-da, ýurduň öz içinde medeniýeti, ylmy ösdürmeklige uly üns beripdirler. Mülküň ýanynda obserwatoriýa gurupdyrlar, ony döwrüň iň oňat abzallary-enjamlary bilen üpjün edipdirler. Birunynyň öýi alymlaryň özboluşly pikir alyşýan, maslahatlaşýan mekanyna öwrülipdir.

Biruny soltan Mesudyň ylma howandarlygy, özüniň ylmy barlaglaryna hemaýaty hakynda şeýle ýazypdyr: “Ol galan ömrümde meniň ylma has giňden hyzmat etmegime mümkinçilik berdi, ol maňa gadyrly garap, meni gözden salmady”.

Birunynyň soňky nesillere galdyran ylmy mirasy 150-den hem köp eserden ybaratdyr. Olar öz döwrüniň ylmynyň ähli pudaklaryny öz içine alýar. Şu ýerde onuň esasy eserleri barada gysgaça gürrüň etmek göz öňünde tutulýar.

1030-njy ýylda Biruny “Hindistanyň taryhy” ýa-da, gysgaça aýdylanda “Hindistan” atly kitabyny ýazyp gutarypdyr. Heniz Kyýatda mahaly akyldar şeýle kitaby ýazmak üçin maglumat toplap başlapdyr. Gazna gelen ilkinji günlerinden, ol gadymy hindi dilini-sanskriti öwrenip başlapdyr. Biruny Gaznawy soltanlarynyň Hindistana harby ýörişleriniň ençemesine gatnaşypdyr we ony hindi halkynyň taryhyny, däp-dessurlaryny, durmuşyny, dini garaýyşlaryny öwrenmek üçin peýdalanypdyr.

Birunynyň “Hindistan” kitaby 80 bapdan ybarat. Ol gadymy siwilizasiýalaryň ojaklarynyň biri bolan Hindistanyň medeniýetiniň ösüş basgançaklaryny, bu ýurtdaky ýaýran dürli dinleri, hindi halkynyň durmuşyny, etnografiýasyny, dürli filosofiýa akymlaryny häsiýetlendirýär. Biruny Gaznawy soltanlarynyň Hindistana ýörişleriniň hindi halkyna ýetiren uly zyýanyny batyrgaýlyk bilen görkezipdir. Ol “Mahmyt hindileriň gülläp ösmegini yoga çykardy we olaryň ýurdunda şeýle bir oýunlar turuzdy welin, şol diýdimzorluklar zerarly

olar sowrulan küle… öwrüldiler”[11] diýip “Hindistan” kitabynda ýazypdyr.

1025-nji ýylda Biruny “Geodeziýa” atly uly kitabyny tamamlapdyr. Bu kitapda özüniň Ýer globusyny ýaşandygyny hem ýatlap geçýär. Alym ýeriň gatlaklarynyň öwrenilmeginiň ähmiýeti hakynda gürrüň edýär.

1036-njy ýylda Biruny “Masudyň kanuny” atly kitabyny ýazyp bolupdyr. Onda esasan matematikanyň we astromiýanyň meseleleri seljerilýär. Akyldar kitabyny Gaznanyň şol wagtky soltany Masuda bagyşlany üçin oňa şeýle at beripdir. Biruny bu kitabynda matematikanyň we astromiýanyň şol wagta çenli gazanan esasy netijelerini jemläpdir… Russiýaly belli alym-professor P.G.Bulgakow bu barada şeýle ýazypdyr: “Astronomiýanyň taryhy üçin Masudyň kanunyň ähmiýeti edil ibn Sinanyň “Kanunyň” medisinanyň taryhy üçin ähmiýeti ýaly, örrän beýikdir we deňsiz-taýsyzdyr. Orta Aziýa ylmynyň şol bir döwürde ýaşan we döreden, biri-biri bilen oňat tanyş bu iki genial alymyň her bir öz ugrundan degişli ylymlaryň ösüşiniň gutarnykly netijelerini jemlediler, şonda olaryň ikisi hem progressiw antic däplere daýandylar, olaryň ikisi hem bu jeme özleriniň gazanan ajaýyp teoretiki we praktiki netijelerini goşdular”.[12]

Biruny Ýeriň şar şekillidigini, onuň älemiň merkezi däldigini, eýsem günüň töweregine aýlanýandygyny hem öz eserlerinde ýazypdyr.

1040-njy ýyllaryň ortalarynda Biruny “Mineralogiýa” atly kitabyny ýazyp gutarypdyr. Onuň doly ady: “Kitap al jamahir fi marifat al jöwher” (“Gymmatbaha daşlara akyl ýetirmegiň maglumatlarynyň ýygyndysy”).

---

[11] Бируни Абу Рейхан. Избранные произведения. Том II, Ташкент, 1963, 67 с.

[12] Булгаков П.Г. Жизнь и труды Беруни. Ташкент. 1972, 267 с.

Alym minerallary olaryx gatylygy, dykyzlygy, reňki, udel agramy boýunça toparlara bölüpdir. Ol köp mierallaryň we gymmat bahaly metallaryň udel agramyny takyk kesgitläpdir. Onuň netijelerine häzirki zaman hünärmenleri hem ýokary baha berýärler. Ol Orta Aziýada nebitiň, altynyň, kümüşiň, misiň, demiriň, simabyň we beýleki minerallaryň bardygy we olary nähili ýol bilen almalydygy hakda gymmatly maglumatlary beripdir.

Biruny ýaşynyň 70-den geçendigine we saglygynyň gowşandygyna garamazdan, ylmy döredijiligini dowam etdiripdir. Ol "Mineralogiýa" atly we ondan soňky işlerini ýazanda, oňa şägirdi Abulfazyl Saragtly atly ýaş alym kömek edipdir.

Birunynyň iň soňky uly ylmy işi "Farmokognoziýa" atly kitapdyr. Ol öz döwründe ulanylan derman-serişdeleriniň atlaryny, görnüşlerini, häsiýetlerini, ulanylyşyny seljerip, lukmanlara we farmasewtlere kömek bermegi, halkyň saglygyny goramaga hemaýat etmegi maksat edinipdir. Kitapda dermanlyk ösümlikleriň 750-ä golaýyna, haýwan synalaryndan alynýan dermanlaryň 101-sine, mineral serişdeleriň 107-sine, dürli çylşyrymly dermanlaryň 30-syna häsiýetnama berilýär.

Biruny ylymlaryň gelip çykyşy we jemgyýetdäki ähmiýeti hakynda hem gymmatly pikirleri aýdypdyr. Ol bu barada şeýle diýipdir: "Meýdanlary hasaba almak hem ölçemek matematika diýlip atlandyrylýan ylymlaryň esaslary bolupdyr. Olary iş ýüzünde ulanmak bolsa geometriýa ylmyny berdi".[13] "Ylymlary adamyň durmuşy üçin zerur bolan islegler döretdi. Şoňa laýyklykda bu ylymlar şahalara bölündiler".[14]

Birunynyň ylmyň ösmegi üçin filosofiýanyň ähmiýeti, ylmy işgärleriň filosofiýany öwrenmeginiň zerurlygy hakynda aýdan pikirleri häzir hem öz aktuallygyny saklaýar. Ol bu hakda şeýle

---

[13] Бируни А.Р. Избранные произведения. т.III. 1966, 82 с.

[14] Şol ýerde, 86 sah.

ýazypdyr: “Eger-de adam ylym bilen iş ýüzünde meşgullanýan we öz barlaglarynda takyk netijelere eýe bolýan bolsa, diňe şeýle halatda ol ylmyň haýsy-da bolsa bir pudagy hakda pikir ýöretmäge özüne  ygtyýar berip biler. Şeýle halatda-da ol, iň bolmanda, ähli ylymlaryň esaslaryna akyl ýetiren filosof bolmalydyr, sebäbi ylymlaryň her birini jikme-jik öwrenmäge onuň ömri ýetmez”.[15] Hakykatdan hem her bir alymyň ähli ylymlary jikme-jik bilmegi mümkin däl, ol anyk bir ylmy pudagy içgin öwrenmek bilen birlikde filosofiýany çuňňur bilmelidir. Sebäbi filosofiýa ähli ylymlaryň esasy netijelerini umumylaşdyrýar, olaryň umumy teoretiki mazmunyny özünde jemleýär.

Biruny ylmy barlaglary alyp barmagyň düzgünleri, usullary barada hem gymmatly pikirleri aýdypdyr. Olaryň käbirini ýatlap geçeliň. 1) Tebigat hadysalary derňelende, hut tebigatyň özünden ugur almak gerek, tebigatyň özüne mahsus kanunalaýyklyklara esaslanmaly, faktlara hem terjribä daýanmaly. 2) Her bir predmeti öwreneniňde, onuň düzüm böleklerini derňemekden başlamaly. 3) Aýratyn netijäni umumy nazary düzgüni gollanyp çykarmaly.[16]

Şeýlelikde, beýik akyldar Biruny ylmyň ençeme pudaklary boýunça soňky nesillere ägirt uly miras goýupdyr.

Merkezi Aziýada ylmyň ösüşine uly goşant goşan alymlaryň biri Abu Aly ibn Sinadyr. (980-1037).

Abu Aly Hüseýin ibn Abdylla ibn Hasan ibn Sina 980-nji ýylyň awgust aýynda Buharanyň eteginde Afşana obasynda eneden bolupdyr. Onuň kakasy Abdylla samanylar döwletiniň edaralarynda salgyt ýygnajy bolup işläpdir. Öz döwrüniň ylymly-bilimli adamlarynyň biri bolupdyr. Ol öz ogluna hem döwrüň talabyna laýyk bilim bermäge çalşypdyr. Metematikadan, logikadan, lukmançylykdan, filosofiýadan

---

[15] Бируни А.Р. Избранные произведения. т.III, Ташкент, 1966, 262 с.

[16] Захидов В.Ю. Три титана. Ташкент, 1975, 45 с.

ýörite mugallym tutup, öz öýünde okadypdyr. Abu Aly 16 agyr keselden – iç agyrydan açypdyr. Ol Buharanyň emirini iň baý kitaphanalarynyň biri bolan Buhara emiriniň kitaphanasyndan iki ýyl peýdalanmaga rugsat beripdirler.

Ibn Sinanyň ýazan eserleriniň sany 450-den gowrak bolupdyr. Olaryň bize gelip ýeteni 240 çemesi bolup, 150-si filosofiýa, 40-sy medisina, 50-si beýleki ylymlara degişlidir.

999-njy ýylda Garahanylar bilen uruş netijesinde Samanylar döwlet ýykylypdyr. Ýurt agyr ýagdaýa düşüpdir. 1005-nji ýylda Abu Aly Buharadan gitmäge mejbur bolupdyr. Ol Gürgenje (Köneürgenje) barypdyr. Ol ýerde ony oňat kabul edipdirler. Ol ýerde Abu Aly al-Biruny, ibn Yrak, Mäsihi, Hammar ýaly tanymal alymlar bilen bilelikde “Mamun II-niň akademiýasynda” ylmy barlaglar bilen meşgullanmaga mümkinçilik alypdyr.

Oň hem ýatlap geçilişi ýaly, 1017-nji ýylda Mahmyt Gaznaly Gürgenji basyp alypdyr we köneürgençli alymlaryň Gazna şäherine baryp işlemegini talap edipdir. Biruny, ibn Yrak (Arrak) we başga birnäçe alymlar muňa razy bolupdyr. Emma ibn Sina, Mäsihi Gazna gitmekden boýun gaçyrypdyrlar.

Ibn Sina we belli lukman Abu Sähl Mäsihi derwüş eşigini geýip, Garagum çölüniň üsti bilen Nusaýa tarap gaçypdyrlar. Ýolda onuň mugallymy Mäsihi ýogalypdyr. Abu Aly Nusaýda we Abywertde (Gäwersde) ýaşandygyny öz “Ömürnamasynda” ýatlaýar. Ol Nusaýda iki ýyl çemesi ýaşap, näsaglary bejeripdir.

Soňra Abu Aly Eýranyň Gürgen, Reý, Hemedan, Yspyhan şäherlerinde ömrüniň ahyryna çenli işläpdir. Ol 17 ýyllap Hemedanda, Yspyhanda wezir, baş wezir wezipelerinde işläpdir. Gündiz döwlet işleri bilen meşgul bolansoň, ylmy eserlerini köplenç agşamlaryna, gijelerine ýazypdyr.

Abu Aly ibn Sinanyň ylmy-medeni mirasynda esasy orny onuň medisina ylmyna we praktikasyna bagyşlanan eserleri eýeleýär.

Onuň bäş tomdan ybarat “Lukmançylyk ylmynyň kanunlary” (“Kitab al-kanun fi-t-tibb”) we “Sagaldyş kitaby” (“Kitb aş şifa”) atly eserleri öz döwrüniň medisina ensiklopediýasy bolup hyzmat edipdir. Ol kitaplar 600 ýyllap Aziýa hem Ýewropa ýurtlarynyň lukmanlarynyň ýazan kitaby, medisina institutlaryň esasy okuw gollanmasy hökmünde ulanylypdyr.

“Lukmançylyk ylmynyň kanunlary”, gysgaça “…Kanun”, ilkinji ýyllarda elde göçürilip ýaýradylypdyr. XII asyrda ýaşan Nyzamy Aruzy Samarkandy diýen alym ““Kanuny” okanyňdan soň, lukmançylykdan ýazylan beýleki kitaplary okamak artykmaçlyk eder” diýip ýazypdyr. 1433-nji ýylda Ibn Sinanyň “Kanuny” Wenesiýada latyn dilinde kitap edilip çapdan çykypdyr. Soňra şol XV asyryň diňe soňky çärýeginde ol 16 gezek ýewropa dillerinde çap edilip ýaýradylypdyr. Russiýada tipgrafiýa usulynda ilkinji çap edilen kitap “Injil” bolupdyr. Ikinjisi bolsa Ibn Sinanyň (Awisenna) “Kanun...” kitaby bolupdyr.

2004-nji ýylda Ibn Sinanyň “Lukmançylyk ylmynyň kanunlary” kitabynyň 5 tomy hem Garaşsyz Türkmenistanda türkmen dilinde neşir edilip ýaýradyldy.

Ibn Sinanyň “Kanun…” kitabynda medisinanyň ähli esasy ugurlary: anatomiýa, fiziologiýa, diagnostika, terapiýa, hirurgiýa, farmakologiýa, berhiz saklamak meseleleri düýpli işlenipdir.

Kitabyň birinji tomunda lukmançylyk ylmynyň öwrenýän predmeti, onuň teoretiki, filosofik meseleleri gözden geçirilýär, onuň esasy wezipeleri we ugurlary häsiýetlendirilýär. Ikinji tomda keseliň düýp mazmuny, sebäpleri, dürli keselleriň ýüze çykyşynyň görnüşleri, olary bejermegiň ýollary we serişdeleri, adam bedenine howanyň, suwuň, topragyň, oduň, ýeliň, iýmitiň täsiri açylyp görkezilýär. Üçünji tomda ýaşaýşyň kanunalaýyklyklaryny we ölümiň sebäplerini açyp görkezmäge synanyşyk edilýär. Çagany terbiýelemegiň, ony emdirmegiň we iýmitlendirmegiň, çaga kesellerini bejermegiň meselelerine uly

üns berilýär. Dördünji tomda dürli anyk keselleriň, şol sanda gaýtarmagyň, damar dykylmagynyň, çişleriň, ýaradyr-başlaryň, gyždyrmanyň, göz keselleriniň, döş keselleriniň, kelle agyrlaryň we ş.m.-leriň ýüze çykarylyş we bejeriş usullary jikme-jik beýan edilýär. Jemleýji, bäşinji tomda köp dürli derman serişdeleri selejerilýär, olaryň häsiýetleri, dürli keseller bejerilende edýän täsiri açylyp görkezilýär.

Dürli keselleri bejermek barada, adam ölüminiň sebäplerini açyp görkezmek barada düşündiriş berende, Ibn Sina adam bedenini içgin öwrenmegiň maglumatlaryna daýanypdyr. Orta asyrlar döwründe diniň adam bedeniniň gurluşyny öwrenmegi gadagan etmegine garamazdan, Ibn Sina gijelerine ýaşyrynlykda adamyň anatomiýasyny öwrenipdir. Beýik lukman adamyň psihikasyny öwrenmäge hem uly üns beripdir.Ol adamyň bedeninde bolup geçýän fiziki we psihiki prosesleriň özara baglanyşyklydygy baradaky pikiri öňe sürüpdir. Ol adamyň ýaşaýşynda onuň beýnisiniň we nerwleriniň möhüm orun tutýandygyny nygtap belläpdir. Infeksion keselleri ýokaşdyryjy bakteriýalaryň, mikroblaryň üsti açylmazyndan has ozal Ibn Sinanyň dürli keselleri döredýän maddalaryň suw we howa arkaly ýaýraýandygy hakyndaky gipotezany öňe sürendigini hem aýtmak gerek.

Ibn Sina ylymlary toparlar bölmek, olaryň dünýägaraýyş, filosofik esaslary, din bilen gatnaşygy baradaky meselelere hem uly üns beripdir. Bu meselelerde ol hem Faraby, Biruny ýaly Aristoteliň taglymatyny dowam etdiripdir. Şu manyda Ibn Sina hem Gündogar peripatetizminiň, aristotelizmiň görnükli wekili diýmek bolar. Özüniň filosofik garaýyşlaryny ol “Danyşnama” (“Bilim hakynda taglymat”) diýen ensiklopedik häsiýetli kitabynda beýan edipdir.

Aristoteliň ylymlary toparlara bölmeginde uly bir kemçiligi bar. Ol aýry-aýry ylymlaryň özara zerur baglanyşygyny gözden geçirmändir. Ibn Sina bilimleriň bir bitewi sistemasyny

döretmäge çalşypdyr. Filosofiýa ähli bilimleri, ylymlary öz içine alýar, birleşdirýär diýip hasap edipdir.

Filosofiýa iki bölümden durýar. 1) Teoretiki, nazary filosofiýa we amaly (praktiki) filosofiýa.

Teoretiki filosofiýa fizikany, matematikany, mehanikany, astronomiýany, muzykany (sazy) öz içine alýar.

2) Praktiki filosofiýa raýatlyk ýa-da syýasy bilimleri, durmuş-ykdysady hojalyk bilimleri we ahlak-etiki bilimleri öz içine alýar.

Ibn Sinanyň pikirine görä, teoretiki filosofiýa ulgamy üç esasy bölüme bölünýär.

1. Fizika (tebigat baradaky taglymat).
2. Logika (tebigata we adama akyl ýetirmegiň ýollary baradaky taglymat).
3. Metafizika (tutuşlygyna barlyga aky ýetirmek baradaky taglymat).

Ibn Sinanyň metafizikasynda emanasiýa (çogup çykmak) teoriýasy esasy orun eýeleýär. Älem, maddy dünýä hudaýdan zerurlyk hökmünde çogup çykýar. Hudaý maddy dünýäni döretmek mümkinçiligi bolmasa, ony döredip bilmezdir. Şeýle mümkinçilik materiýadyr. Materiýa maddy dünýä däl-de, onuň mümkinçiligidir. Şol mümkinçiligi peýdalanyp, hudaý maddy dünýäni ýaradypdyr. Şeýlelikde, hudaý we materiýa ebedi bar bolupdyr.

Görşümiz ýaly, Ibn Sinanyň filosofiýasy dualistik häsiýetde bolupdyr. Özüniň jemgyýetçilik-syýasy garaýyşlarynda Ibn Sina adalatly döwlet gurluşynyň tarapdary bolupdyr. Şeýle döwletde adamlar gurply, bölelinlikde hem azatlykda ýaşamalydyrlar. Her bir adam jemgyýete peýdaly zähmet çekmelidir. Döwletiň ilaty üç gatlakdan durmaly-ýurdy dolandyryjylar, önüm öndürijiler we ony goraýjylar, ýagny goşun. Ýurtda hiç hili mugthor, bikär gatlak bolmaly däl.

Ol “At-Taýr” (“Guşlar”) diýen allegoric eserinde ilatyň, halkyň horluk, mätäçlik çekýändigini ýazgarýar. Adamlaryň

ruhyny guşlar görnüşinde suratlandyrýar. Olary awçy tutup, tora salypdyr. Olar beýik patyşadan özleriniň zynjyrly tordan halas edilmegini soraýarlar. Patyşa olary azat etmek üçin öz çaparyny ibermegi wada edýär. Onuň iberen çapary jan alyjy Ezraýyl perişde bolup çykýar. Akyldaryň pikiriçe, onuň döwründe sütemden-zulumdan diňe ölüm halas edýär. Abu Aly şeýle jemgyýetden dynyp, hakyky adalatlylyk, adamlaryň gurply, bagtly ýaşamagy barada arzuw edipdir.

Abu Aly Ibn Sina adamyň ruhy baýlygyny artdyrmakda, onuň ruhubelentligini üpjün etmekde ynsan ömrüniň manysyny açyp görkezýän pelsepe ylmyna we onuň ruhyny joşdurýan saz sungatyna uly ähmiýet beripdir. Bu babatda filosofiýa ylmynyň orny hakynda ol şeýel diýipdir: “Filosofiýa oýlanmak sungatydyr, adam bu sungatdan özüniň ýaşamagynyň name maksadynyň barlygyna düşünmegiň we öz kalbyna asyllylyk guýmak, ony kämilleşdirmek üçin öz işini nämä gönükdirmek gerekdiginiň sapagyny alýar”.[17] Abu Aly “Saz hakynda ylmyň ýygyndysy” diýen eserinde saz sungatyny adamlarda ýokary ahlaklylygy terbiýelemegiň serişdesi hasap edipdir.[18]

Şeýlelikde, VIII-XI asyrlarda Merkezi Aziýa ýurtlarynda jemgyýetçilik ösüşiniň talaplaryna laýyklykda Muhammet al-Horezmi, Abu Nasyr al-Faraby, Aby Reýhan al-Biruny, Aby Aly Ibn Sina ylmyň ösüşine ägirt uly goşant goşmak arkaly Gündogar Renessansynyň – ruhy galkynyşynyň başyny başladylar.

---

[17] Seret: Брентьес Б., Брентьес С. Ибн Сина (Авиценна). Киев, 1984, 43 c.

[18] Seret: Baýramsähedow N. Gündogaryň beýik danalary. Aşgabat, 1992, 362-37-sah.

## VII. XI-XII asyrlarda Beýik Türkmen Seljuk imperiýasynda syýasy aň biliminiň ösüşi

XI asyryň 40-njy ýyllarynda seljuk türkmenleriň ýolbaşçylygynda Beýik Türkmen Seljuk döwletiniň döredilmegi bütin adamzadyň ösüşine ägirt uly täsir eden taryhy wakalaryň biridir. Şu döwürde Türkmenistanyň topragynda şeýle milli döwletiň döremeginiň tötänleýin hadysa däldigi düşnüklidir. Munuň özi oguz-türkmen jemgyýetiniň şol döwre çenli taryhy ösüşiniň kanunalaýyk netijesidir.

Eýýäm VIII-X asyrlarda oguzlaryň-türkmenleriň taryhy ösüşi ata Watanda – Türkmenistanda merkezleşen türkmen döwletini döretmegi derwaýys zerurlyga öwrüpdi. VIII asyrda Syrderýanyň aşak akymlaryny, kem-käsleýin derejede orta kymlaryny hem öz içine alan Beýik oguz ýabgu döwletiniň döremegi, IX asyrda Hytaýyň häzirki Sinszýan ülkesini döwletiniň döremegi, X asyrda Horasany, Günorta-Gündogar Eýrany, Hindistanyň Demirgazyk bölegini öz içine alan Gaznaly döwletiniň zerurlyga belli bir derejede jogap hökmünde bolupdyr.

Emma ol döwletiň hiç birisi hem dagynyk oguz-türkmen taýpalaryny birleşdirmek, ata Watanda merkezleşen milli döwlet döretmek wezipesini doly derejede amala aşyrmaga hötde gelip bilmedi. Bu belent taryhy wezipäni amala aşyrmak seljuklar hanedanynyň, olaryň ýolbaşçylygynda döredilen Beýik Türkmen Seljuk döwletiniň paýyna düşdi.

Beýik Türkmen Seljuk döwletiniň döredilmeginde 1040-njy ýylyň maý aýynda bolan Daňdanakan söweşiniň aýgytlaýjy ähmiýeti boldy. Şol söweşde Seljuk begiň agtyklary Togrul beg bilen Çagry begiň baştutanlygynda seljuk goşunlary Gaznaly döwletiniň hökümdary Mesut soltanyň goşunlaryny derbi-dagyn edipdirler.

Söweşden soň, söweş bolan meýdanda ak öý dikip, onda hökümdaryň tagtyny goýupdyrlar. Tagtda Togrul begi oturdyp,

ony Horasanyň emiri diýip yglan edipdirler. Soňra kän wagt geçmänkä, Maryda uly türkmen gurultaýy ýygnanyp, onda Seljuk türkmen döwleti jar edilipdir. Muhammet Togrul beg döwletiň soltany diýlip yglan edilýär. Onuň agasy Çagry beg döwletiň goşunbaşysy wezipesine bellenipdir.

Beýik Türkmen Seljuk döwleti döredilende, oguzlaryň döwlet gurluşygy barada gadymdan gelýän däplerini dowam etdirmek bilen birlikde, birnäçe täzelikleriň hem girizilendigini görmek bolýar. Oguzlaryň häkimiýet başyna neberäniň uly ýaşly wekilini bellemek däbinden el çekip, häkimlik we serkerdelik ukybyny, hojalyk, ykdysady meseleleri çözmek başarnygyny göz öňünde tutup, Togrul begi ol wezipä belläpdirler.

Togrul soltanyň baştutanlygynda 20 ýyldan gowrak wagtyň içinde täze döwletiň çäklerine ata Watan Türkmenistan başgada, Syrderýanyň aşak akymlary, Demirgazyk Owganystan, Eýran, Yrak, Azerbaýjan, Ermenistan, Gruziýa, Kiçi Aziýanyň Anadoly welaýaty birikdirilipdir we ol dünýä derejesindäki uly imperiýa öwrülipdir.

Soňra Alp Arslanyň soltan bolan 1063-1072-nji ýyllarynda, Mälik şanyň soltan bolan 1072-1092-nji ýyllarynda seljuklar döwletiniň çäkrleri has-da geňeldilipdir. Onuň çäkleri Gündogarda Hytaý serhedinden başlap, Günbatarda Ortaýer we Gara deňizlerine çenli, Demirgazykda Ural we Itil (Wolga) derýalarynyň kenarlaryndan başlap, Günorta-Gündogarda Hindistana çenli, Günortada Ýemene, Palestina we Müsüre çenli ägirt uly giňişligi, ýagny Ýer togalagynyň üçden birini öz içine alypdyr.[1]

Beýik Türkmen Seljuk döwletniň ägirt uly dünýä imperiýasyna öwrülmegi onuň öz içinde dürli welaýatlaryň, halklaryň arasyndaky, şeýle hem onuň daşary ýurtlar bilen

[1] Ibn Esir Y. Kämil taryh, - Aşgabat, “Miras”, 2005, II jilt,-90-21 sah: Turan O. Seljuklular tarihi we Turk-Islam medeniýeti. Ankara.-1965. 154-sah. Агаджанов С.Г. Государство сельджукидов и Средняя Азия в XI-XII вв. М., “Наука”, 1991,-103-104 sah.

söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň ösmegine getiripdir. Seljuk soltanlary ýurduň öz içine hojalygy ösdürmäe, suwaryş akabalaryny, söwda ýollaryny, kerwensaraýlary, körüleri gurmaklyga, medreseler, kitaphanalar üçin jaý bina etmeklige we beýleki gurluşyk işlerine uly serişdeler sarp edipdirler. Imperiýanyň esasy şäherlerinde, hususan-da Merwde, Yspyhanda, Reýde, Nyşapurda, Bagdatda uly gurluşyk işleri ýaýbaňlanypdyr. Meselem, Mälik şa döwründe Murgap jülgesinde sil gelmegi sebäpli, iltayň gök ekinleri we baglary gurapdyr. Mälik şanyň permany bilen bütin Horasandan 100 müň daýhan täze suw nowhanasyny we bent gurmaklyga gatnaşypdyr.

Belli rus alymy Ý.E.Bertelsiň ýazmagyna görä, seljuk sontanlarynyň döwründe ýurtda baý medeni durmuş döredilipdir, ol bolsa bütin dünýäniň medeniýetiniň ösmeginde uly ähmiýete eýe bolupdyr.[2]

Beýik Türkmen Seljuk imperiýasynda şäherleriň, galalaryň, köşkleriň, suw desgalarynyň gurluşygy, içerki we halkara söwdasynyň ösmegi, döwleti, hukuk düzgünleri pugtalandyrmka meseleleri matematika, geografiýa, astronomiýa, syýasatşynaslyk, dil bilimi, filosofiýa, taryh ýaly ylymlaryň ösdürilmegini derwaýys zerurlyga öwrüpdir.

---

[2] Бертельс Е.Э. Литературное прошлое туркменского народа. От древнейших времен до XV века.//Совет эдебияты, 1944, № 9-10, 186-sah.

# VIII. Jemgyýetçilik pikiriň ösüşine Omar Haýýamyň, Abdyrahman al-Hazynyny we Owhateddin Enweriniň goşandy

Beýik Türkmen Seljuk döwletiniň dowam eden döwründe ýaşan **Omar Haýýam** (1040-1123) matematikany we astronomiýany ösdürmäge uly goşant goşupdyr.

Omar Haýýam 1040-njy ýylda Nyşapur şäherinde çadyrçy ussanyň maşgalasynda dünýä inipdir. Onuň doly ady Gyýaseddin Abulfath Omar ibn Ybraýym bolupdyr. Kakasy Omary sowatly-bilimli etmek üçin uly alada edipdir. Onuň matematikany, fizikany, astronomiýany, astrologiýany, filosofiýany, pars we arap dillerini oňat öwrenmegi üçin mümkin bolan şertleri döredipdir. Omar Nyşapuryň medresesini tamamlandan soň Balhda, Buharada, Samarkantda öz bilimini dowam etdiripdir. Ol Horezminiň, Farabynyň, Birunynyň, Ibn Sinanyň, gadymy grek alymlarynyň eserlerini ürç edip özbaşdak öwrenipdir.

1074-nji ýylda Omary Mälik şanyň baş weziri Nyzamylmülk döwletiň paýtagty Yspyhana işlemäge çagyrypdyr. Mälik şa Omar Haýýamy özüne nadym-maslahatçy belläpdir. Şeýle hem Yspyhandaky we Marydaky obserwatoriýalara ýolbaşçylyk etmegi tabşyrypdyr.

Omar Haýýam matematika boýunça üç sany ylmy iş ýazypdyr. Olaryň birinde “Abulfaht Omar ibn Ybraýym Haýýamyňky” diýen ýazgy bar. Ikinji işiniň ady “Matematikanyň kynçylyklary”. Üçünjisiniň ady “Algebranyň we almukabalyň meselelerini subut etmek hakyndaky traktat”.

Meşhur alym birinji eserinde çyzykly, kwadrat we kub deňlemeleriň 28 görnüşi hakynda düşündiriş berýär.

“Algebranyň we almukabalyň meselelerini subut etmek hakyndaky traktat” diýen eserinde Omar Haýýam birinji, ikinji we üçünji derejeli deňlemeleri çözmek barada hem-de beýikligi we tersin näbelliligi özünde jemleýän deňlemeleriň görnüşeri

hakynda maglumat berýär. Ol algebrany ylmy sungat diýip atlandyrýar, onuň predmetini kesgitleýär. “Algebra-ylmy sungatdyr. Onuň predmeti absolýut sandyr we näbelli bolan, emma ölçäp bolýan ululyklardyr. Bu sungatyň kämilligi matematiki usullary bilmekden ybaratdyr. Ol usullaryň kömegi bilen näbelli san ululyklaryny hem-de geometriki ululyklary kesgtilemek mümkindir”[3] diýip, Omar Haýýam ýazypdyr.

Omar Haýýamyň astronomiýa ylmyna goşan goşandy hem aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Bu barada ol “Mälik şanyň astronomic tablisalary”, “Nowruznama”, “Ewklidiň kitabyna düşündiriş”, “Fizikanyň gysgaça beýany”, “Gymmatlyklaryň hazynasy” ýaly işlerini ýazypdyr.

Omar Haýýamyň we beýleki alymlaryň teklibi esasynda Mälik şa 1079-njy ýylyň mart aýynyň 21-inde seljuklar döwletinde täze senenamany (kalendary) girizipdir. Bu Gün senenamasydyr. Ol Aý hasabyndan, ýagny Ýeriň daşynda Aýyň aýlanmagyndan ugur alýan hijri senenamasynda tapawutlylykda, Günüň daşyna Ýeriň aýlanmagyna esaslanýar. Şonda Omar Haýýam Orta Aziýa halklaryň yslam dinini kabul etmeginden ozal gün senenamasyny ulanyp, her täze ýylyň başlanmagyny mart aýynyň 21-inden belländiklerini göz öňünde tutupdyr. Omar Haýýamyň teklibi bilen girizilen senenamanyň häzirki döwürde bütin dünýäde ulanylýan gün senenamasyndan 7 sekund tapawudy bar. Munuň özi Omar Haýýamyň astronomiýa boýunça uly alym bolandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Omar Haýýam öz döwrüniň ýiti filosof alymy hem-de ýokary çeperçilikli we çuň manyly rubagylary bilen dünýäde meşhurlyk gazanan şahyr bolupdyr. Onuň filosofiýa bagyşlanan “Barlyk we borçlulyk hakda eser”, “Ýaşaýşyň ähliumumylygy hakynda eser”, “Üç sowala jogap” diýen işlerinde peripatetizmiň-aristotelizmiň täsiri duýulýar.

---

[3] Омар Хайям. Трактаты. М., 1961-70-sah.

Omar Haýýamyň filosofik garaýyşlary panteistik we dualistik häsiýetli bolupdyr. Onuň pikirine görä, dünýäniň ilkinji, dörediji sebäi hudaýdyr. Dünýäni döreden soň hudaý tebigatdan ýokarda däl-de, tebigatyň özüne siňýär, tebigatda ýaşaýar. Tebigat hudaý bilen bir bitewi barlyk bolup, edil hudaý ýaly ebedidir we absolýutdyr. Tebigata hem, hudaýa hem diňe paýhas arkaly akyl ýetirip bolýar.

Filosofiýanyň wezipesi ählumumy barlyga akyl ýetirmekden ybaratdyr, ol bolsa ebedi üýtgeýär we ösýär, bir hil ýagdaýdan başga ýagdaýa geçýär, diri zat ölýär, öli zat janlar öwrülýär diýip, beýik filosof hasap edipdir. Bu garaýyşlaryda dialektiki pikir ýöretmegiň barlygy äşgärdir.

Omar Haýýam filosofik garaýyşlaryny öz goşgularynda-tubagy hem beýan edipdir.

Beýik akyldar, adamzadyň maddy dünýädäki ösüşiň iň ýokary basgançagydygyny, bu ýagdaýyň onuň akyl-huşundan ybaratdygyny nygtap belleýär. Bu barada ol şeýle diýýär:

Adamzatdyr ähli mahlugyň başy,
Zyýadadyr onuň akyl-huşy;
Dünýä tegelegi bir ýüzük bolsa,
Ynsandyr-bezegi, zynaty, gaşy.[4]

Omar Haýýam özüniň rbagylarynda ynsanperwerlige, watançylyga, zähmetsöýerlige, ýokary ahlaklylyga, şu dünýäniň eşretlerinden peýdalanmaga, ruhubelentlige çagyrypdyr, terkidünýäligi, zalymlygy, adalatsyzlygy ýazgarypdyr. Meşhur dörtlemeleriniň birinde ol şeýle diýýär:

Jahana ýetsedi mendäki kuwwat,
Bu harap dünýäni eberdim berbat,
Täzeden gurardym şeýle bir dünýä,
Adamlar arzuwna ýeterdi aňsat.[5]

---

[4] Omar Haýýam. Rubagylar. Aşgabat, 1977, - 28 sah.
[5] Omar Haýýam. Rubagylar. Aşgabat, 1977, - 18 sah.

Yspyhandaky we Marydaky obserwatoriýalarda Omar Haýýam bilen Abylmuzaffar Ysfyzary, Meýmun ibn Nejip Wasyty, Abdyrahman al-Hazyny, Abul Abbas Lowkary ýaly tebigatyçy alymlar bile işläpdirler. Emma olaryň durmuş ýoly, ýazan eserleri barada maglumatlar ýok diýen ýaly. **Abul Fath Abdyrahman al-Hazyny** barada belli bir maglumatlar, şol sanda ýazan kitaplarynyň üçüsi saklanyp galypdyr. Ol Omar Haýýamyň şägirdi we belli tebigatçy alym bolupdyr. Ol Soltan Sanjaryň köşgünde ençeme beýleki alymlar bilen bilen işläpdir.

Al-Hazyny Soltan Sanjaryň hökümdarlyk eden döwründe Seljuklar döwletiniň düzümine giren ülkeleriň merdianlaryny, giňişlik we uzaklyk derejelerini görkezýän eser ýazypdyr. Kitapda dürli ýurtlarda dürli halklaryň ulanan senenamalary deňeşdirilýär. Aý kalendray bilen Gün kalendarynyň tapawutlary beýan edilýär. Al-Hazyny kitabyna döwletiň hökümdarynyň hormatyna "Zij Sanjary" diýip at beripdir. Al-Hazynynyň "Paýhas terezisi hakynda kitap" diýen eserinde terezileriň dürli görnüşleri häsiýetlendirilýär, şeýle hem deňagramlylygyň kanunlary barada geometriýa we fizika nukdaý nazaryndan düşündiriş berýär.

Al-Hazynynyň "Gural-esbaplar risalasy" atly üçünji kitabynda asman jisimlerine gözegçilik etmekde ulanylýan enjamlar, gurallar häsiýetlendirilýär.[6]

Beýik Türkmen Seljuk imperiýasynyň iň soňky hökümdary Soltan Sanjaryň döwründe medeniýetiň we ylmyň ösüşine uly goşant goşan akyldarlaryň biri **Owhateddin Muhammet Enweri Abywerdir** (1110-15-1189) bolupdyr. Ol Abywert (häzirki Kaka) etrabynda Mänäniň golaýyndaky Bedene obasynda doglupdyr. Kakasy gurply adam bolansoň, Enweriniň

---

[6] Seret: Очерки истории философской и общественно-политической мысли в Туркменистане. Ашхабад. 1970, 78-sah.; J.Gurbangeldiýew "Geçmişden geljege yşk". // "Beýik Türkmenbaşy nesli", 2008-nji ýylyň – 7-nji awgusty, Григорян А.Т., Рожанская М.М. Механика и астрономия на средневековом Востоке. М., «Наука», 1980, 65 sah.

oňat bilim almagy barada alada edipdir. Ol ilki Abywertde okapdyr, soňra Tus şäherinde Mansuryýe medresesini gutarypdyr. Ol matematikany, astronomiýany, filosofiýany, ritorikany ürç edip öwrenipdir.

Enweri öz döwrüniň ýiti zehinli şahyry bolupdyr. Ençeme ýyllap Soltan Sanjaryň köşgünde şahyrlaryň, alymlaryň toparynda işläpdir.

Enweri köşk şahyry mahalynda Soltan Sanjara we onuň belli emeldarlaryna bagyşlap, öwgüli kasydalary ýazypdyr. Şonuň bilen birlikde durmuşyň ençeme kynçylyklary, nogsanlyklary barada satiriki goşgulary, rubagylary hem ýazypdyr. 1152-nji ýylda Soltan Sanjaryň syýasatyndan närazy bolup, gozgalaň eden çarwa oguzlaryň Maryny eýeläp, talaňçylyk etmegi sebäpli, Enweri "Turanyň gözýaşlary" atly elegiýasyny ýazypdyr.

Ömrüniň soňky ýyllarynda Enweri öz döwrüniň jemgyýetiçilik gurluşynyň nogsanlyklary barada ençeme goşgular ýazypdyr. Ol sosial deňsizligi, eden etdiligi, ýaranjaňlygy, ýaramaz gylyk-häsiýetleri paş edipdir.

1157-nji ýylda Soltan Sanjar aradan çykandan soňra, ol Balh şäherine gidipdir. Ol ýerde esasan ylmy bilen meşgullanypdyr.

Enweri alym hökmünde Antik döwrüniň we ýakyn Gündogar ýurtlarynyň alymlarynyň hem-de öz ildeşleri Horezminiň, Farabynyň, Birunynyň, Ibn Sinanyň we beýlekileriliň eserlerini içgin öwrenipdir. Onuň ýazan eserleri saklanyp galmandyr. Onuň astronomiýa ylmynyň meselelerini işläp düzmäge aýratyn üns berendigi bellidir. Şonuň netijesinde ol 582-nji hijri ýylynyň jumada as-sani aýynyň 29-na (1186-njy ýylyň 16-njy sentýabrynda) 7 planetanyň we mizan ýyldyzlar toplumynyň gabatlaşjakdygyny, şol sebäpli Aýyň tutuljakdygyny öňünden hasaplap aýdypdyr. Emma şol gün hiç hili apy-tupanyň bolmandygy sebäpli döwürdeşleriniň köpüsi oňa ynanmandyr. Emma sowet astronomy R.R.Dobronrawiniň ylmy hasaplamalaryna görä, şol diýlen wagtda aýdylan tebigy

hadysa bolup geçipdir.[7] Enweri öz eserlerinde asman jisimleriniň özara dartyş kanuny barada ylmy gipotezany hem öňe sürüpdir. Bu maglumatlar Enweriniň öz döwrüniň güýçli alymy bolandygyna güwä geçýär. Filosofiýa babatda Enweri ibn Sinanyň dualistik garaýyşlaryny gorap çykyş edipdir.

Şeýlelikde, Beýik Türkmen Seljuk imperiýasynda Omar Haýýam, Abdyrahman al-Hazyny, Owhateddin Muhammet Enweri tebigaty öwreniş bilimleriniň we filosofiýanyň ösüşine önjeýli goşant goşupdyrlar.

[7] Seret: Е.Э.Бертельс. Избранные труды. Низами и Физули. М., 1962, 107, 130 – sah.

## IX. Lukmançylyk ylymlarynyň ösüşine Gürgenleriň (Al-Jürjanynyň) goşandy.

Beýik seljuklar zamanasynda ylmyň, medeniýetiň ösüşine uly goşant goşan beýik şahsyýetleriň biri **Seýit Ysmaýyl Gürgenli (Al-Jürjany)** bolupdyr. Ol 1057-nji ýylda Gürgende (gadymy Jürjan şäherinde) dünýä inipdir. Şonuň üçin ol Jürjany lakamyny göteripdir. Ol 1137-nji ýylda 80 ýaşynda Maryda dünýäden ötüpdir.

Jürjany Beýik Türkmen Seljuk imperiasynyň demirgazyk welaýatynyň – Köneürgenjiň hökümdarlary Tekeşiň we Atsyzyň köşgünde lukman bolup işläpdir. Ol Köneürgenç şäheriniň arassaçylygyny saklamaga, ilaty dürli ýokanç kesellerden goramaga uly üns beripdir. Soňra ol Beýik imperiýasynyň hökümdary Soltan Sanjaryň köşgünde işlemäge Mara çagyrylypdyr.

Ol özüniň baý lukmançylyk tejribesini umumylaşdyryp, “Tebipçiligiň ýankitaby” atly meşhur ensiklopedik eserini ýazypdyr. Ol eser şol döwrüň ýörgünli ylmy dilleriniň biri bolan pars dilinde ýazylypdyr. Bu kitap 1995-nji ýylda Jürjanyň ene diline-türkmen diline terjime edilip, çapdan çykaryp ýaýradyldy.

Kitabyň birinji bölüminde saglygy goramagyň ähmiýeti hakynda gürrüň edilýär. Ýylyň dürli pasyllarynda howadan, suwdan nähili peýdalanmalydygy, nähili nahar iýmelidigi, nähili geýinmelidigi, hereket etmegiň, dynç almagyň, wagtynda uklamagyň ähmiýeti hakynda degerli maslahatlar berilýär.

Kitabyň soňky bölümlerinde deri, kelle, beýni, göz, diş, ýürek, böwrek, aşgazan kesellериniň, jemi 200 çemesi keseliň alamatlary, olary anyklamagyň we bejermegiň ýollary anyk we düşnükli dilde beýan edilýär. Jürjanyň bu ajaýyp eseri öz döwründe Abu Aly ibn Sinanyň “Lukmançylyk ylmynyň kanuny” atly eserinden soň iň ygtybarly gollanmasyna, ýankitabyna öwrülipdir. Onuň ençeme maslahatlary häzirki

döwürde hem öz ähmiýetini ýitirenok diýilse, öte geçildigi bolmaz.

Jürjanynyň "Şahsy arassaçylyk" atly eserinde zamandaşlaryna öz bedenini arassa saklamagynyň ähmiýeti hakynda gürrüň berilýär. Beýik lukman, howa barada gürrüň edende, onuň bedeniniň bütin durkuna güýç-kuwwat beriji, göwnüni göteriji täsir edýändigini belleýär. Arassa howa bedeniň sagdynlygynyň we ruhubelentliginiň çeşmesidir diýip, ol nygtyýar. Akyldar "aşa yssy howa bedeni gowşadýar, köp derlemek sebäpli bedeniň peýdaly duzlary ýitýär. Neijede adamyň işe ukyplylygy peselýär" diýip belleýär. "Sowuk howa arassa bolup, adamyň sagdynlygyna peýdalydyr. Sowuk howaly ýurtlarda adamlaryň bedeniniň irimçikligi äşgärdir" diýip, Jurjany ýatlap geçýär.

Meşhur lukman iýmitlenmegiň arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmek bilen baglanyşyklydygyna ünsi çekýär. Şonda iýmitlenmegiň belli bir wagtda we belli bir düzümde bolmagyny maslahat berýär. Aly lukman "ertirligiňi özüň iý, günortanlygyňy dostlaryň bilen paýlaşyp iý, agşamlygyň bolsa duşmanyň ber" diýen halk nakylynda ugur almagy maksada laýyk hasap edýär. "Adam iýmek-içmek üçin ýaşaman, eýsem ýaşamak üçin iýip-içýär" diýip, Jürjany netije çykarýar.

Seýit Ysmaýyl Gürgenli öz eserlerinde öňe süren lukmançylyk pähim-paýhaslaryny öz döwründe ilatyň saglygyny goramakda ussatlyk bilen ulanypdyr.

## X. Beýik Türkmen Seljuk imperiýasynda syýasatşynaslyk, taryh, dilşynaslygyň ösüşi.

Beýik Türkmen Seljuk döwleti döredilenden soň, gysga wagtyň içinde onuň ägirt uly imperiýa öwrülendigi barada öňde gürrüň edilipdi. Seluk soltanlary aýry-aýry ülkeleri, şäherleri seljuklar hanedanynyň neberesiniň wekillerine mülk edip beripdirler, döwlet öňünde uly hyzmat bitiren emeldarlara, serkerdelere uly ýer böleklerini ygta edip beripdirler. Bu ýagdaý döwletiň durmuşyna garşylykly täsir edipdir. Ol bir tarapdan, mülk ýa-da ygta eýesini alan ýerinde hojalygy ösdürmgäe gyzyklandyrypdyr. Ikinji tarapdan, mülkdarlaryň we ygtadarlaryň döwletden bölünip aýrylmak meýliniň döremegine getiripdir. Ençeme gezek olaryň merkezi döwlete garşy ýaragly gozgalaňlar turzandygy mälimdir.

Ummasyz giň territoriýany, dürli ülkeleri öz içine alan döwleti dolandyrmak, döwletden bölünip aýrylmak meýillerine garşy göreşmek zerurlygy syýasatşynaslyk, hukukşynaslyk bilimleriniň ösdürilmegini talap edipdir.

Seljuklar döwründe syýasatşynaslyk we hukuşynaslyk ylymlaryna uly goşant goşan alymlar hökmünde – **Nyzamylmülküň** (1017-1092) we **Hojamylmülküň** atlaryny tutmak bolar.

Imperiýanyň döwlet edaralarynyň kemala gelmeginde Abu Aly Hasan ibn Aly at Tusynyň uly hyzmatynyň bolandygy bellidir. Şonuň üçin oňa Nyzamylmülk (döwleti düzgünleşdiriji) diýen lakam berlipdir. Ol seljuk soltanlaryň, ýagny 9 ýyl Alp Arslanyň, soňra 20 ýyl Mälik şanyň baş weziri bolup işläpdir.

Nyzamylmülk "Syýasatnama" alty uly ylmy eseriň awtorydyr. Ol öz kitabynda seljuk soltanlarynyň hökümdarlygyny Alla tarapyn berlen häkimiýet diýip yglan edýär.

Nyzamylmülk bu barada şeýle ýazypdyr: “Höküm güýçli her döwürde bir adamy saýlap alyp, onuň şan-şöhratyny arşa çykarýar, oňa şalyk derejesini eçilýär”.[8]

“Syýasatnama” kitabynda bilimli, adalatly hökümdar tarapyndan dolandyrylýan merkezleşen döwlet ideýasyny esaslandyrmaga esasy üns berilýär.

Nyzamylmülk özüniň baş wezir bolup işlän Beýik Türkmen Seljuk döwletinde merkezi häkimiýeti pugtalandyrmagyň, ony pähim-paýhasly we netijeli dolandyrmagyň ýollaryny işläp düzmäge çalyşýar, munuň üçin aýry-aýry han-begleriň, iri mülkdarlaryň we ygtadarlaryň seljuk döwletinden bölünip aýrylyp, özbaşdak döwlet döretmek meýillerine garşy aýgtytly göreşmegi teklip edýär.

“Syýasatnama” kitabynda Türkmen Seljuk döwletiniň ideýa-ruhy esaslaryny berkitmäge uly ähmiýet berilýär. Döwletiň ruhy daýanjy yslam dini bolmalydyr diýip nygtalýar. Munuň üçin awtor yslam dininiň esasy ýörelgelerine garşy çykyp, öz syýasy maksadyna ýetmek üçin terrorçylyk usullaryny ulanan batynylar, karmatlar ýaly dini-syýasy toparlara gatşy göreşmäge çagyrýar.

Seljuk soltany Mälik şanyň tabşyrmagy boýunça hukukşynas Hojamylmülk “Şalaryň düzgünnamasy” alty kitap ýazypdyr. Onda Türkmen Seljuk imperiýasynyň hukuk kanunlary, olary durmuşyň talaplaryna görä kämilleşdirmek hakynda gürrüň edilýär.

Beýik Türkmen Seljuk imperiýasynda döwlet baştutanlarynyň durmuş ýoluny, içeri we daşary syýasatyny, harby ýörişlerini, beýleki döwletler bilen gatnaşyklaryny beýan etmäge, seljuk döwletiniň, agalyk edji hanedanyň, neberäniň taryhyny ýazmaga uly ähmiýet berlipdir. Döwrüň iň görnükli taryhçysy **<u>Abu Seýit as-Samany</u>** (1113-1167) bolupdyr. Ol Mary şäherinde gurply, tanymal Samanylar maşgalasynda dünýä

[8] Nyzamylmülk. Syýasatnama. Aşgabat, “Ruh”, -1998, -16. 135-sah.

inipdir. Olaryň ençeme iri mülkleri, Mary şäherinde iki sany uly kitaphanalary bolupdyr. Abu Seýit as-Samany öz döwrüniň dünýewi we dini bilimlerini ürç edip öwrenipdir. Ol Orta we Günbatar Aziýanyň medeni-ylmy merkezleriniň köpüsinde syýahatda bolup, öz gözýetimini, bilimini giňeldipdir. Soňra ençeme ýyllap, Marydaky medreseleriň birinde mugallymçylyk edipdir.

As-Samany Marynyň, Bagdadyň, Buharanyň taryhyna degişli 40-dan gowrak eseri arap dilinde ýazypdyr. Olaryň diňe bir okan kitaplary esasynda däl, eýsem esasan hut öz gözi bilen gören, hut özüniň gatnaşan wakalarynyň esasynda ýazypdyr. As-Samanynyň kitaplarynyň mazmuny baradaky maglumatlary, soňra XIII asyrda Maryda bolan arap syýahatçy Ýakut öz eserlerinde peýdalanypdyr.

Seljuk soltanlarynyň neberesiniň taryhyna ýörite bagyşlanan kitaplaryň biri "Mäliknamadyr". Ol kitabyň awtory näbelli. Kitabyň ady boýunça çen tutsaň, ol XI asyrda Mälikşa döwründe ýazylan bolmaly. Kitapda seljuklar neberesiniň ilkinji wekilleri hem-de X-XI asyrlardaky seljuklar hereketiniň taryhy barada gyzykly maglumatlar berilýär. Kitapdaky maglumatlar ilkinji seljuk soltany Muhammet Togrul begiň garyndaşy hem döwürdeşi Ynanç Beýgunyň sözlerine salgylanyp beýan edilýär. "Mäliknamanyň" arap dilinde ýazylan teksti saklanmandyr. Soňraky döwrüň taryhçylary Ibn al-Esir (XIII asyr), Abyl Faraj (XIII asyr), Mehmet Neşri (XV asyr), Mirhond (XVI asyr) we beýlekiler öz eserlerinde "Mäliknamadan" bölekleri we dürli maglumatlary getiripdirler, oňa salgylanypdyrlar.

Seljuklar imperiýasynyň taryhyna bagyşlanan möhüm eserleriň biri XIII asyrda ýaşan Zahyreddin Nyşapurynyň "Seljuknama" atly kitabydyr. Bu kitap uzak wagtlap ýitirilen hasap edilipdir. 1953-nji ýylda Tähranda "Seljuknama" kitaby pars dilinde çap edilipdir.

“Seljuknama” kitabynda seljuklar hanedany barada, seljuk serdarlary bilen gaznewi soltanlarynyň arasyndaky göreş barada, seljuklar imperiýasynyň döwleti dolandyryş edaralary, mäliýe we salgyt ulgamy barada gymmatly maglumatlar bar.

“Seljuknamanyň” maglumatlaryny hem soňraky söwrüň taryhçylary, meselem, Muhammet Rawandy, Reşiteddin Fazlullah, Hafyzy Abru, Hamdullah Kazwini, Mahmyt Aksaraýly we beýlekiler öz eserlerinde peýdalanypdyrlar.

Dünýäniň onlarça halklarynyň ýaşaýan ägirt uly territoriýasyny öz içine alan Beýik Türkmen Seljuk imperiýasynda dürli ülkeleriň özara söwda-ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklarynda adamlaryň biri-birine düşünmeginiň esasy serişdesi bolan diniň ornuny, ylmy dil, edebi dil, özara gepleşik dili meselelerini öwrenmek zerurlygy dilşynaslyk ylmynyň ösmegine itergi berendigi düşnüklidir. Taryhy çeşmelerden mälim bolşy ýaly, seljuklar imperiýasynda ylmy dil hökmünde arap dili, çeper edebiýatyň, poeziýanyň dili hökmünde pars dili, döwlet edaralarynda arap, pars, türkmen dilleri, goşun bölümlerinde türkmen dili giňden ulanylypdyr. Şonda oguz-türkmen diliniň ulanylyş çäkleri barha giňelipdir.

Beýik Türkmen Seljuk imperiýasynyň döwründe dilşynaslyk ylmyna ägirt uly goşant goşan alym **Mahmyt Kaşgarlydyr** (1005-1105). Mahmyt Kaşgarly dünýäde türkologiýa ylmynyň düýbüni tutan beýik türkmen alymydyr. Onuň doly ady Mahymt ibn Hüseýin ibn Muhammet Kaşgarlydyr.

Ol Garahanly türkmenleriniň döwletinde ýerleşen Kaşgar şäherinde eneden bolupdyr. Onuň asly Garahanly türkmen soltanlarynyň nebersinden bolupdyr. Ol başlangyç bilimi dogduk mekany Kaşgarda alýar. Ýokary bilimi onuň nirede alandygy belli däl. Emma öz döwrüniň hakyky alymlarynyň biri bolandygy, onuň miras goýan eserlerinden äşgär görünýär.

Ol ençeme ýyllaryň dowamynda türki halklaryň, birinji nobatda, oguzlaryň-türkmenleriň dürli taýpalarynyň ýaşaýan

şäherlerine, gyşlaklaryna, ýazlaglaryna aýlanyp, olaryň dillerini, durmuşyny, medeniýetini içgin öwrenipdir.

1055-nji ýylda seljuklar döwletiniň soltany Togrul beg Bagdady eýeläp, ony döwletiň ikinji paýtagtyna öwrenden soň Mahmyt Kaşgarly bu şäherde mekan tutunýar we galan ömrüniň köpüsini şol ýerde geçirýär. Ölmeziniň öň ýanynda ol ýene Kaşgara dolanyp gelýär we şol ýerde 1105-nji ýylda aradan çykýar. Ol doglan obasynda Sinszýan ülkesiniň Opal obasynda jaýlanýar. Onuň mazary halk arasynda “Hezreti mollanyň gubury” ady bilen bellidir.

Bagdatda bolan döwründe 1072-1083-nji ýyllarda Mahmyt Kaşgarly “Türki dilleriň diwany” (“Diwany lugat et-türk”) atly esasy eserini ýazypdyr. Ol dil biliminiň ylmy seljeriş usullaryny, ylaýta-da deňeşdirme we taryhy-deňeşdirme usullaryny ulanyp türki dilleriň, aýratyn hem türkmen diliniň semantiki, gramatiki we fonetiki aýratynlyklaryny açyp görkezýär. Ol diňe bir dil biliminiň meselelerini öwrenmek bilen çäklenmän, eýsem türkmen halkynyň taryhyny, etnografiýasyny, dünýägaraýşyny, däp-dessurlaryny, halk döredijiligini hem giňişleýin beýan edýär.

2008-nji ýylda Aşgabatda “Mahmyt Kaşgarly türkologiýa ylmyny esaslandyryjydyr” atly halklara ylmy maslahatyň geçirilmegi onuň ylmy-medeni mirasyny öwrenmekde möhüm ähmiýete eýe boldy.

Seljuk Türkmenleriniň agalyk eden döwrüniň medeniýeti, ylmy barada gürrüň edilende, ylahyýet we filosofiýa ylymlaryna möhüm goşant goşan **Abu Sahyt Abul Haýyr Mäneli** (969-1048) barada aýtman geçmek bolmaz. Türkmen halkynyň arasynda ol Mäne baba ady bilen meşhurdyr. Munuň özi onuň häzirki Kaka etrabynyň Mäne obasynda doglup, ömrüniň köpüsini hem şol ýerde ýaşanlygy bilen baglanyşyklydyr. Gadymy grek filosofy Sokrat ýaly, Mäne baba hem öz pähimlerini, taglymatyny ýörite kitap görnüşinde çap etdirjek bolmandyr. Emma onuň taglymaty, garaýyşlary,

öwüt-ündewleri, ýazan rubagylary ýurduň ruhy durmuşyna uly täsir edipdir. Mäne baba aradan çykandan soň, onuň çowlugy Muhammet ibn Munawwer onuň aýdan pähimlerini, Abu Aly ibn Sina bilen alşan hatlaryny, ol baradaky rowaýatlary, hekaýalary ýygnap, "Şeýh Abu Sahydyň durmuşynda bir hudaýlylygyň syrlary" diýen at bilen kitap görnüşinde çap etdiripdir.

Mälim bolşy ýaly, 1040-njy ýylyň tomsunda Daňdanakan söweşinde şol döwürde dünýäde iň kuwwatly döwletleriň biri bolan Gaznawylar döwletiniň hökümdary Masudyň goşunlaryny seljuk türkmenleriniň goşunlary çym-pytrak edenlerinden soň, Beýik Türkmen Seljuk döwletiniň döredilendigi jar edilýär. Şonda Mäne baba ilkinji Türkmen Seljuk döwletiniň ilkinji baştutanlary Togrul beg bilen Çagry bege döwlet patasyny beripdir.

Aby Sahyt Abul Haýyr öz eserlerinde, adamlar bilen söhbetdeşliginde hoşniýetliligi, halallygy, erkin pikirlenmegi, ynsanperwerligi, beýleki dinleriň wekillerine dostlukly garamagy ýadawsuz wagyz-nesihat edipdir.

Beýik Türkmen Seljuk imperiýasy döwründe medeniýetiň, ylmyň ösüşine uly goşant goşan akyldarlaryň biri **Ýusup Has Hajyp Balasagunly** bolupdyr. Ol takmynan 1015-nji ýylda Seljuklar imperiýasyna tabynlykdaky Garahanlylar döwletiniň Balasagun (Gyzordu) şäherinde doglupdyr. Kämillik ýaşyna ýetenden soňra ülkäniň paýtagty Käşgar şäherine göçöp barypdyr. Şol ýerde 1068-1069-njy ýyllarda özüniň "Kut etgu bilik" ("Bagt getiriji bilim") atly meşhur filosofik poemasyny ýazypdyr. Ýusup elli ýaşdan geçenden soň bu kitabyny ýazandygyny eseriň girişinde ýatlaýar. Ol bu kitabyny Garahanly döwletiniň hökümdary Tawgaç Gara Bogar hanyň hatyrasyna ýazyp, oňa sowgat edipdir. Han Ýusup Balasagunly öz köşgüniň has hajyby, ýagny diwanhanasynyň baş ýolbaşçysy edip belläpdir. Balasagunlynyň aradan çykan ýyly belli däl.

Balasagunlynyň “Bagt getiriji bilim” kitabynyň dili barada alymlaryň arasynda dürli pikirler bar. Russiýanyň belli türkologlary N.A.Baskakow, A.M.Şerbak kitabyň garlyk dilinde ýazylandygy ykrar edýärler. Ýusup Balasagunlynyň döwürdeşi, türkologiýa ylmynyň düýbüni tutujy Mahmyt Kaşgarly diňe oguzlaryň däl, eýsem garlyklaryň hem türkmenlerdigini “Türk dilleriň diwanynda” belläp geçýär.

Ýusup Balasagunlynyň “Bagt getiriji bilim” atly ensiklopedik häsiýetli eseri çuňňur filosofik ideýalary wagyz edýär. Onda adam ömrüniň manysy we ähmiýeti seljerilýär, adamyň jemgyýetdäki borçlary we özüni alyp baryş kadalary kesgitlenýär. Şonda Ýusup öz döwründäki jemgyýetiň nogsanlyklaryny, sosial deňsizligi, adalatsyzlygy batyrgaý tankytlaýar.

Ýusup Balasagunly adamlaryň birleriniň bolelinlikde ýaşap, köpüsiniň açlyk çekýändigini, başy açyk, aýagy ýalaňaçdygyny, garyplyk zerarly elmydama gözleri ýaşlydygyny adalatsyzlyk hasaplaýar. Ol agalyk ediji toparlary, ozaly bilen , ýurt hökümdarlaryny halkyň abadançylygy barada alada etmeklige çagyrýar.

“Bagt getiriji bilim” eserinde döwleti syýasy taýdan dolandyrmak meselesi möhüm ourn tutýar. Şonda awtor döwleti adalatly we netijeli dolandyrmak üçin, döwletde pähim-paýhasly işlenip düzülen hukuk kadalarynyň, kanunlaryň bolmalydygyna, şol kanunlaryň hemmeler tarapyndan berjaý edilmegine hökümdaryň gözegçilik etmelidigine ünsi çekýär.

Ýusup Balasagunly jemgyýeti üstünlikli ösdürmegiň esasy şertleriniň biri ylmy ösdürmekden, onuň netijelerini peýdalanmakdan ybarat bolmalydyr diýip belleýär. Ylym we pähim-paýhas ähli oňat işlerin biýadydyr, ähli eşretleriň çeşmesi ylymlardyr diýip, akyldar nesihat berýär. Ol arifmetikanyň, geometriýanyň, astronomiýanyň, lukmançylyk ylmynyň adamlaryň durmuşyny oňatlaşdyrmak üçin uly ähmiýetiniň bardygyny aýdýar.

Ýusup Balasagunlynyň "Bagt getiriji bilim" eseriniň özünden soňky döwrüň ylmynyň we edebiýatynyň ösüşine oňyn täsir edendigi jedelsizdir.

X-XII asyrlarda ylmyň, medeniýetiň ösüşinde görnetin yz galdyran akyldarlaryň biri **Mahmyt ibn Omar az-Zamahşarydyr** (1075-1144). Ol Beýik Türkmen Seljuk imperiýasynyň demirgazyk ülkesiniň Zamahşar (Yzmykşir) obasynda eneden bolupdyr. Oňa ilkinji bilim-terbiýäni kakasy Omar ibn Ahmet beripdir. Soňra ol Köneürgençde medresäni gutarypdyr. Mahmyt Zamahşary döwrüniň ylmy-medeni merkezleri bolan Buhara, Yspyhan, Bagdat, Mekge şäherlerinde bolup, öz bilimini çuňlaşdyrypdyr.

Zamahşary 1097-1117-nji ýyllarda 20 ýyllap Köneürgenjiň hökümdary Kutbeddin Muhammedin köşgünde köşk şahyry bolupdyr. Ondan soň tä ömrüniň ahyryna çenli dini we dünýewi bilimleri öwrenmek we wagyz etmek bilen meşgullanypdyr. Ol 1118-nji ýylda Mekgä gidip, haç parzyny berjaý edipdir. Mekgede 2 ýyl bolandan soň, Köneürgenje dolanyp gelipdir.

Zamahşary 50 töweregi dünýewi we dini ylmy işi miras galdyrypdyr. Döwürdeşleri onuň adyny Fahry-Horezm (Horezmiň guwanjy) diýip tutupdyrlar.

Zamahşarynyň "Al-Kaşşaf" ("Äşgär ediji") atly eseri yslam dininiň keramatly kitaby hasaplanýan Gurahny arap dilinde tefsir etmeklige, düşündirmeklige bagyşlanypdyr. Ol arap dilini düýpli öwrenipdir we onuň beýan ediş kadalaryny ussatlarça ulanyp, Gurhanyň süreleriniň, aýatlarynyň manysyny dini hökümler, okalyş düzgüni, taryhy maglumatlar, fykyh (yslam hukugy) jähtinden düşündirýär. "Keşşaf" kitaby özünden soňky tefsirleriň ählisine gollanma bolup hyzmat edipdir.

Mahmyt Zamahşary yslamyň dini filosofiýasynyň birnäçe jedelli meseleleri barada hem öz pikirini batyrgaýlyk bilen aýdypdyr. Ol yslam filosofiýasynyň mutazileçilik (mugtazile) akymyna eýeripdir. Mutazileçiler takdyryň öňünden kesgitlenendigine ynanmandyrlar. Olar "Eger ähli boljak işler

öňünden Alla tarapyn adamyň maňlaýyna ýazylýan bolsa, onda eden ýaramazlyklary üçin ol adam günäkär däldir. Munuň üçin kyýamatda ondan hasap soramak adalatsyzlyk bolar” diýip hasaplapdyrlar. Bu pikiri boldap, Zamahşary Gurhanyň 13-nji “Ybraýym” süresine düşündiriş berende şeýle ýazypdyr: “Bu aýat bagta ýa-da betbagtlylyga barýan ýoly adamaýň özüniň saýlap alýandygyny dellillendirýär”.

Türkmen alymy Zamahşary arap dili boýunça birnäçe ylmy sözlükleri düzüpdir. Mysal üçin “Esas ul-belaga” atly sözlükde arap diliniň sözleri elipbiý tertibinde ýerleşdirilip, olaryň asyl we göçme manylary düşündirilýär.

Köneürgenç hökümdary Atsyz ibn Muhammediň tabşyrmagy boýunça Zamahşary takmynan 1130-1138-nji ýyllarda “Mukaddimet al-Edeb” atly arapça-parsça – türkmençe-mongolça terjime sözlügini düzüpdir. Şeýle dört dilli sözlügiň düzülmegi türkmenleriň goňşy döwletler bilen parahatçylykly söwda we medeni gatnaşyklary ösdürmäge çalşandyklarynyň, munuň üçin beýik alym Zamahşarynyň hem öz bilimini, gujur-gaýratyny gaýgyrmandygynyň subutnamasydyr.

Mahmyt Zamahşarynyň ylmy-medeni mirasynda “Ýagşyzadalaryň bahary” atly alty tomluk eseri möhüm orun eýeleýär. Ony 2004-nji ýylda “Miras” milli medeniýet merkezi arap dilinden türkmen diline geçirip, çap edip ýaýratdy. Gadymy eserlerden, halk hakydasyndan toplanan nakyllar, rowaýatlar, şygyr bentleri, meşhur akyldarlaryň, alymlaryň aýdan hikmetleri ol kitabyň mazmunyny düzýär. Olarda çuňňur filosofik pähimler, watansöýüjilik, ynsanperwerlik, mertlik, ruhubelentlik ýaly ahlak sypatlary wagyz-nesihat edilýär.

2007-nji ýylyň maý aýynda Aşgabatda-Daşoguzda “Mahmyt Zamahşary we Gündogaryň ylmy-edebi galkynyşy” atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Onda beýik türkmen akyldarynyň Gündogar ýurtlarda dünýewi we dini ylymlaryň ösüşine eden uly täsiri açylyp görkezildi.

Şeýlelikde, Beýik Türkmen Seljuk imperiýasy döwürnde Omar Haýýamyň, Abdyrahman Hazynynyň, Al Jürjanynyň, Nyzamylmülküň, as-Samanynyň, Mahmyt Kaşgarlynyň, Ýusup Balasagunlynyň, Mahmyt Zamahşarynyň döreden ajaýyp ylmy eserleri türkmen halkynyň şu taryhy döwürde dünýä siwilizasiýasynyň ösüşine aýratyn uly goşant goşandygy äşgär görkezýär.

## XI. Köneürgenç türkmenleriniň döwletinde XII asyryň II ýarymynda – XIII asyryň başlarynda syýasy aň biliminiň ösüşi

XII asyryň II ýarymynda Beýik Seljuk Türkmen döwlet darganyndan soňra, Köneürgenç türkmenleriniň döwleti doly özbaşdaklyk gazanyp, dünýäniň şol döwürdäki iň kuwwatly döwletiniň birine öwrülipdir. Taryhy edebiýatda alymlaryň birnäçesi oňa horezmşalaryň-anuşteginleriň döwleti hem diýýärler.[1] Seljuk soltany Mälik şa 1077-nji ýylda seljuklar imperiýasynyň demirgazyk ülkesi Horezme oguzlaryň – türkmenleriň begdili taýpasyndan bolan Anuş tegini häkim edip belläpdir. Ol ölenden soňra onuň ogly Kutbeddin Muhammet ülkäniň häkimligine belleňýär (1097-1128). Ol ülkäni özbaşdak döwlet etmek maksady bilen özüni "Horezmşa" diýip yglan edipdir. Emma garaşsyzlyk gazanyp bilmändir. Soňra onuň ogly Atsyz (1128-1156) häkim bolupdyr. 1138-nji ýylda Atsyz özbaşdak döwlet döretmek üçin gozgalaň turzupdyr. Emma gozgalaň şowsuz gutarypdyr.

1141-nji ýylyň sentýabrynda seljuklar imperiýasynyň hökümdary Soltan Sanjar kidanlaryň-garahytaýlaryň goşunlary bilen Samarkandyň golaýynda Katwan düzlüginde bolan söweşde ýeňlipdir. Şondan soň Beýik Seljuk Türkmen döwleti güýçden gaçyp, aýňalyp bilmändir. 1157-nji ýylda Soltan Sanjar aradan çykandan soňra bolsa imperiýa dargapdyr. Katwan söweşinden soň Köneürgenç hökümdary Atsyz iş ýüzünde özbaşdak syýasat ýöredip ugrapdyr.

Köneürgenç türkmenleriniň döwleti Il Arslanyň (1156-1172), Tekeşiň (1172-1200) we Alaýeddin Muhammediň (1200-1220) hökümdarlyk eden döwründe has-da güýçlenipdir. Ol ozalky

[1] Буниятов З.М. Государство хорезмшахов-ануштегинов (1097-1231). М., "Наука", 1986.

Gündogar Seljuk Türkmen imperiýasynyň eýelän territoriýasyny öz içine alypdyr. Onuň serhetleri demirgazykda Deşti-Gypjak sährasyndan günortada Owganystana çenli, günbatar-günortada Yrakdan gündogarda Hytaý diwarlaryna çenli giňişligi eýeläpdir.

Gürrüňi edilýän döwürde Horezmşalar döwleti ykdysady we medeni taýdan gülläp ösýän ýurda öwrülipdir. Döwletiň paýtagty Köneürgenç şäheri döwrüniň syýasy, ykdysady we medeni merkezi bolupdyr. Köneürgenjiň her künjünde medreseler, metjitler, kitaphanalar, hassahanalar, dermanhanalar, kaşaň ýaşaýyş jaýlar gurlupdyr. Ýurduň dürli ülkelerinde ekerançylyk, maldarçylyk hünärmentlik ösüpdir.

XIII-nji asyryň başlarynda Türkmenistanda ýaşan belli arap taryhçysy we geografiýaçysy Ýakudyň ýazmagyna görä, ýurduň Ürgenç, Mary, Nusaý ýaly şäherleri, olaryň golaýyndaky obalar gülläp hünärmentçiligiň ösendigini, hususan-da küýzegärçilik, zergärçilik, mata, haly dokamak, demirden zähmet gurallaryny ýasamak, reňkli aýna önümlerini öndürmek ýaly önümçiligiň ösendigini Ýakut belleýär. Oba hojalygynda ekerançylygyň, bagçylygyň, üzümdarçylygyň, ýüpekçiligiň, arpa-bugdaý ösdürip ýetişdirmegiň giň gerimde alnyp barlandygyny hem ol belläp geçýär. Horezm täjirleri Wolga derýasy bilen gaýykly ýüzüp Russiýanyň şäherlerinden gymmat bahaly sütükli derileri we beýleki harytlary getiripdirler.

Beýik ýüpek ýolunyň esasy ugurlarynyň biri Köneürgenjiň üstünden geçipdir. Goňşy ýurtlar bilen, şeýle hem döwletiň aýry-aýry ülkeleriniň arasynda söwda gatnaşyklary giň gerim bilen ösüpdir.

Merkezleşen jahan döwleti derejesine ýetmegi netijesinde ýurtda alnyp barylýan köşkleriň, beýleki döwlet edaralarynyň, medreseleriň, kerwensaraýlaryň, söwda ýollarynyň, köprüleriň, kanallaryň, bentleriň gurluşygy tebigaty öwreniş we gumanitar ylymlaryň ösdürilmegi talap edipdir.

Köneürgenç hökümdarlary Atsyz, Tekeş, Alaýeddin Muhammet ylma we sungata howandarlyk edip, dünýäniň köp ýurtlaryndan belli alymlary we sungat işgärlerini işlemäge çagyryp getiripdirler. Olaryň kömegi bilen ýerli ylym we sungat wekillerini taýýarlapdyrlar. Belli akyldar Muhammet Awhynyň sözlerine görä, Köneürgençdäki alymlaryň we sungat adamlaryň sany asmandaky ýyldyzlaryň sanyna barabar bolupdyr.

## Fahr eddin ar-Razynyň, Muhammet ibn Najyp Bekranyň we Mahmyt al Jagmyny al-Horezminiň tebigaty öwreniş we lukmançylyk ylymlaryna goşandy

Taryhy maglumatlardan belli bolşy ýaly, orta asyrlarda Gündogarda iň güýçli ylym-bilim merkezleriň biri Köneürgenç bolupdyr. Ata-babalarymyzyň, şol sanda Köneürgençli alymlaryň nesillere goýan ylmy-medeni mirasyny öwrenmegiň zerurdygyny milli liderimiz G.M.Berdimuhamedow öz çykyşarynda ençeme gezek belläp geçdi. Ol bu hakda şeýle diýýär: “Ylym, bilim, sungat, senetçilik babatda biziň ata-babalarymyzda guwanara, nusga alara zat köp. Gündogarda iň güýçli ylym-bilim merkezleri bolan Merw, Köneürgenç ýaly ylmy-medeni ojaklaryň hut Türkmenistanda bolmagy guwandyryjydyr”.[2]

Türkmenistan döwletiniň baştutany şol ylmy-medeni ojaklardza zähmet çeken, kemala gelen alymarlyň ömrüniň, döredijiliginiň, ylymda ýeten derejeleriniň bu günki ýaş türkmen alymlaryna nusgalyk mekdep bolmalydygyna ünsi çekýär.[3]

Köneürgenç türkmenleriniň döwletinde tebigaty öwreniş ylymlaryna uly goşant goşan alymlaryň biri Fahr eddin ar-Razydyr. Onuň terjimehaly baradaky maglumatlar saklanmandyr. Ol soltan Tekşiň kögünde işläpdir we 1179-njy

---

[2] “Türkmenistan” gazeti. 2008-nji ýylyň 16-njy oktýabry.
[3] Şol ýerde.

ýylda “Jawamy al-ulum” (“Ylymlaryň ýygyndysy”) atly ensiklopedik eserini ýazyp gutarypdyr. Bu eserde şol döwrüň ylymlarynyň 57 pudagyna degişli maglumatlar beýan edilipdir.

Fahr eddin Razy lukmançylyk ylmyna bagyşlanan birnäçe kitaby hem ýazypdyr. Olaryň arasynda arap dilinde ýazylan “Uly lukmançylyk rsalasy”, “Kanuna düşündiriş”, “Syrkawyň şypasy hakynda giňişleýin söhbetiň bossany”, “Anatomiýa” ýaly eserler bar. Gynansak-da, Razynyň eserleri biziň günlerimize çenli saklanyp galmandyr.

Maryly belli alym **Bahaeddin Abu Muhammet al-Haraky** hem 1141-nji ýylda Ürgenje gelip işläp başlapdyr. Ol astronomiýa, logika we taryh bagyşlap birnäçe kitap ýazypdyr. Emma al-Harakynyň eserleri hem biziň günlerimize çenli saklanmandyr.

Köneürgençli belli alymlaryň biri **Mahymt al-Jagmany al Horezmi** bolupdyr. Onuň 1121-nji ýylda aradan çykanlygy belli. Ol “Astronomiýa boýunça saýlanan esereler” atly kitap ýazypdyr. Onuň eseri hem biziň günlerimize çenli saklanmandyr.

Mahmyt al-Jagmynynyň iki jiltden ybarat “Astronomiýa boýunça saýlanan eserler” kitabynyň mazmuny barada ňora XIV asyrda Altyn ordanyň paýtagty Saraý şäherinde Janybek hanyň köşgünde işlän meşhur alym Kemaleddin Türkmeni maglumat beripdir. Ol al-Jagmynynyň eserine ýörite düşündiriş kitabyny ýazypdyr. Kitabyna “Al-Jagmynynyň astronomiýa boýunça saýlanan eserlerine düşündiriş” diýen ady goýupdyr.

Kemaleddin Türkmeniniň maglumatyna görä, al-Jagmynynyň kitabynyň girişinde fizikadan we matematikadan astronomiýa degişli bilimler beýan edilýär. Kitabynyň birinji jildinde astronomiýanyň meseleleri, ikinji jildinde bolsa geografiýa hem-de hronologiýa degişli meseleler gözden geçirilýär. Kitabyň ikinji jildinde Ýer togalagynyň ýaşalýan bölegi, howa şertleri, ekwatoryň alamatlary, geografik giňişligine degişli meýdanlar hakyndaky meseleler gözden geçirilýär.

Orta asyrlaryň geograflary, şol sanda al-Jagmyny, Ýer togalagyny dört bölege bölüpdirler. Olar Ýeriň ekwatory boýunça we Ýeriň polýuslaryndan geçýän uly tegelekler boýunça bölünipdir. Ilat ýaşamaga amatly bölek diýip, olar Ýeriň demirgazyk bölegini hasap edipdirler. Ýaşalýan bölegi bolsa howa şertleri boýunça ýedi geografik giňişlige bölüpdirler.[4]

Öz döwrüniň ylmynyň ençeme pudaklaryna, hususan-da astronomiýa, geografiýa, lukmançylyk, taryh ylymlaryna uly goşant goşan alymlaryň biri **Muhammet ibn Najyp Bekrandyr**. Ol XII asyryň ahyrlarynda – XIII asyryň başlarynda ýaşapdyr. Muhammet Bekran Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň gülläp ösen döwründe Alaýeddin Muhammet şanyň köşgünde gulluk edipdir.

Muhammet Bekranyň iň esasy ylmy açyşy dünýäniň reňkli kartasyny matanyň ýüzüne çyzmagydyr we özüniň “Jahannama” atly eserinde ol karta giňişleýin düşündiriş bermegidir.

Bekranyň terjimehaly barada hem saklanyp galan maglumatlar juda az. Alym “Jahannama” eserinde özi barada käbir maglumatlary beripdir. Ol Horasan welaýatynyň Tus şäherinde doglupdyr. Onuň dünýä kartasyny 1208-1209-njy ýyllarda çyzandygy hem “Jahannamada” ýatlanypdyr.

“Jahannamanyň” biziň döwrümize gelip ýeten iki sany nusgasy bar. Olaryň biri golýazma görnüşinde Fransiýanyň paýtagty Parižiň milli kitaphanasynda saklanýar. Belli gündogarşynas Reno baryp 1862-nji ýylda şol golýazmanyň birnäçe bölümini fransuz diline terjime edip, çap etdiripdir.

Golýazamnyň ikinji nusgasy Russiýa Ylymlar akademiýasynyň Sankt Peterburgdaky Aziýa halklaryny öwreniş institutynyň golýazmalar gorunda saklanýar. Ony

[4] Seret: TSSR Ylymlar akademiýasynyň habarlary. Jemgyýetçilik ylymlarynyň seriýasy, 1984, № 1, 54 -sah.

1892-nji ýylda Abul Fazl Gulpaýegany Buhara şäherinde ele salypdyr we rus gündogarşynas alymy A.G.Tumanskä beripdir. Tumanskiý “Jahannamanyň” birnäçe bölümini rus diline terjime edip, çap etdiripdir.

W.F.Minorskiý, A.A.Romaskewiç, N.D.Mikluho-Maklaý, I.Ý.Kraçkowskiý ýaly görnükli rus alymlary “Jahannamanyň” geografiýa, astronomiýa we taryh ylymlary barada uly ähmiýetli eserdigini nygatp belläpdirler.

Muhammet Bekran dünýä kartasyny düzmek we “Jahannama” eserini ýazmak üçin özünden ozal ýaşap geçen alymlaryň eserlerini, şol sanda IX asyrda ýaşan Abul Kasym Hordat begiň “Kitap al-masalik al mamalik” (“Ýollaryň we ýurtlaryň taryhy”), X asyryň aýaklarynda – XI asyryň birinji ýarymynda ýaşan al-Birunynyň geografiýa, astronomiýa, taryha, geodeziýa, etnografiýa degişli işlerini, Nasyr Hysrowyň “Safarnama”, meşhur lukman Aly ibn Abbas al Majusiniň “Kämil as Sinaat At Tibbiýa” (“Bedeniniň kämilligi we saglygy”) kitabyny, başgada köp sanly ýazarlaryň, alymlaryň eserlerini peýdalanypdyr.

Bekran özüniň dozen dünýä kartasynda şol döwürde dürli awtorlaryň düzen astronomik tablisalaryny deňeşdirip, bar bolan ýalňyşlyklary, sälikleri düzedipdir. Ylmy-geografik salgylanmalary – meridianlary, parallelleri Bekran örän takyk bermäge çalşypdyr. Alym dünýä kartasynda dürli döwletleriň, ýurtlaryň, ülkeleriň ýerleşýän territoriýasyny, tebigy-howa şertlerini, deňizleri, derýalary, çölleri, çägelikleri, daglary, düzleri, tokaýlary dürli reňkler bilen belgiläpdir. Awtor kartada 600-den hem köp geografik atlary, adalgalary ulanypdyr.

Meşhur Muhammet Bekranyň dünýä kartasy we “Jahannama” eseri astronomiýa we geografiýa ylymlaryna önjeýli goşant bolupdyr.

## XII. Muhammet an-Nesewiniň, Nejmeddin Kubranyň, Reşideddin Watwatyň gumanitar bilimleriň ösüşine goşandy

Köneürgenç türkmenleriniň döwletinde ylmyň, medeniýetiň ösüşinde uly yz galdyran alymlaryň biri **Nejmeddin Kubradyr** (1145-1221). Ol demirgazyk Türkmenistanyň Haýweki obasynda dünýä inipdir. Şol sebäpli onuň Haýweki lakamy hem bolupdyr.

Nejmeddin Kubra ilki döwletiň paýtagty Ürgençde medresäni tamamlapdyr. Soňra döwrüniň bilim we ylym merkezleriniň ençemesinde, hususan-da Hemedanda, Nyşapurda, Töwrizde, BAgdatda, Kairde bolup, zamanasynyň görnükli alymlaryndan, dinşynaslaryndan tälim alypdyr. Kubranyň ylymda, dini-filosofik taglymaty ösdürmekde bitiren hyzmatlaryny nazarda tutup, oňa “Diniň ýyldyzy”, “Horezmiň şyhy” ýaly hormatly lakamlary hem beripdirler.

Köneürgençli alym yslam dininiň çäklerinde sopuçylygyň Kubrawiýe (Zehebiýe) atly akymyny esaslandyrypdyr. Kubrawiýe mekdebine eýerýänler häzir hem Eýranda, Hindistanda, Hytaýda we birnäçe beýleki ýurtlarda bar. Kubrawiýe akymynyň aýratynlygy yslam dininiň kada-kanunlaryny ata-babadan gelýän milli däp-dessurlar bilen utgaşdyryp berjaý etmekden ybaratdyr. Kubranyň belli bir derejede ysmaýylylar sopuçylyk akymynyň batynylar şahamçasyna eýerendigini hem käbir awtorlar belläp geçýärler.[5]

Nejmeddin Kubra ylahyýet, filosofiýa, syýasatşynaslyk, lukmançylyk ylymlaryna degişli “Gözelligiň müşki we beýikligiň gözbaşy”, “Käýeýjiniň käýinjinden gorkýan haýran kişiniň risalasy”, “On usul”, “Sopuçylygyň edepleri” atly eserleri we ençeme şahyrana “Rubagylary” miras goýupdyr.

---

[5] Seret: “Aşgabat” gazeti. 2008-nji ýylyň 19-njy awgusty

Onuň işleriniň arasynda “Aýn al-haýat” (“Durmuşyň çeşmesi”) atly eseri aýratyn ourn tutýar. Ony ol doly ýazyp gutarmandyr. Onyň soňra şägirtleri tamamlapdyr. Bu eserde Gurhana giňişleýin tesfir, düşündiriş berilýär.

Ol “Usuly aşere” (“On usul”) atly eserinde hudaýa ýakyn bolmagyň, Allatagalla gowuşmagyň on sany esasy şertini beýan edýär. Ol şetler her bir işde hudaýa bil baglamak, allanyň adyny yzygiderli zikr etmek, ýatlamak, kanagatly, sabyrly bolmak, eden günäleriňe toba edip, hudaýyň bagyşlamagyny soramak, allanyň ýoluny ak ýürekden berjaý etmek ýaly möhüm parz işlerden ybaratdyr.

Şyh Kubra dini-filosofik garaýyşlarynda dünýädäi ähli zatlaryň Alla tarapyn ýaradylandygyny ykrar edýär. Ol Allanyň ýaradan närseleriniň iň kämiliniň adamdygyny belläp, adamyň mertebesini belende götermäge, onuň sylag-sarpasyny saklamaga çalşypdyr. “Gözellgiiň müşki we beýikligiň gözbaşy” eserinde tebigat bilen adamyň bir bitewiligini, ol bitewiligiň olaryň ikisiniň hem gelip çykyşynyň birliginden ybaratdygyny, ýagny tebigaty hem, ynsany hem Allanyň toprakdan, suwdan, otdan we howadan ýaradandygyny belläp geçýär. Ol adama ýüzlenip, sen tebigaty hasyl edýän dört närseden aýrylyp bilmersiň, sen özüň hem şolardan ýaradylansyň diýýär. “Ol diňe ruhuny Biribara tarap ýollanyňda mümkindir. Şonda sen umumylyga goşularsyň, ýer seni küliňi, suw suwuklygyňy, ot yssylygyňy, howa hem demiňi alar. Olaryň her biri özüniň paýyny alandan soň, sen ol ýüklerden halas bolarsyň” diýip, alym şyh belläp geçýär. Adam mertebesiniň belent bolmagynyň sebäbi barada gürrüň edip, Nejmeddin şeýle diýýär: “Her bir ynsan Biribaryň ruhunyň bir bölejigini özünde getirýär”.

Nejmeddin Kubra özüniň ylmy-ylahyýet we ylmy-filosofik eserlerinde we şahyrana rubagylarynda adamlary, küllin ynsanyýeti haýyr işleri etmäge, şer işlerden gaça durmaga,

zähmet çekmäge, watansöýijilige, parahatçylyga, ynsanperwerlige çagyrypdyr.

Taryhy maglumatlara görä, Nejmeddin Kubra 1221-nji ýylda ýurduň paýtagty Ürgenji mongol basybalyjylarynyň hüjüminden goramaga gatnaşyp, söweşde gahrymanlarça wepat bolupdyr.

Nejmeddin Kubranyň ylymyň, medeniýetiň taryhynda öçmejek yz galdyrandygyny Türkmenistanyň Prezidenti G.M.Berdimuhamedow öz çykyşlarynda belleýär. Bu barada "Nejmeddin Kubra we Gündogaryň ruhy-medeni dünýäsi" atly 2008-nji ýylyň sentýabr aýynda bolup geçen halklara ylmy konferensiýa gatnaşyjylara iberen gutlagynda ol şeýle diýýär: "Bütin musulman älemniň beýik piri, meşhur türkmen alymy Nejmeddin Kubra özüniň ömrüni adamzat jemgyýetiniň kämil, ynsan kalplarynyň ruhy-ahlak taýdan arassa bolmagy üçin haýyrly işlere, ylma, Watana bagyş eden beýik ynsandyr… Çünki, akyldaryň nesillere miras goýan taglymatynda umumy adamzadyň haýyrly ösüşlerine laýyk gelýän beýik maksat jemlenendir. Külli ynsanyýeti haýra, hakykata çagyran şol beýik maksat Kubranyň kemala gelen türkmen topragyndan Merkezi Aziýa, Türkiýä, Eýrana, Owganystana, Päkistana, Arap döwletlerine, Hindistananyň, Hytaýyň musulman halklaryň arasyna we beýleki ýerlere ýaýrapdyr."[6]

Köneürgenç türkmenleriniň döwletinde türkmen halkynyň taryhyna degişli birnäçe resmi dokumentleriň ýygyndysy, şeýle hem türkmen döwletleriniň, olary dolandyran hanedanlaryň taryhyna bagyşlanan eserler ýazylypdyr. Şeýle eserleri ýazan awtorlaryň biri **Reşideddin Watwat** (1089-1178) bolupdyr. Ol Horezmşa Atsyzyň köşgünde diplomatic hatlary we beýleki resminamalary alyşmak edarasyna müdir bolup işläpdir. Şonuň bilen birlikde Watwat öz döwrüniň belli şähyrlarynyň biri bolupdyr. Watwat "Resmi hatlar" atly iki tomdan ybarat

[6] "Türkmenistan" gazeti. 2008-nji ýylyň 4-nji sentýabry.

ýygyndysy miras goýupdyr. Ol ýygyndylar 112 sany resminamany, şol sanda horezmşalaryň permanlaryny we buýruklaryny, beýleki ýurtlaryň hökümdarlary, taýpa baştutanlary bilen alşan resmi hatlaryny öz içine alýar. Ol resminamalarda Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň ykdysady, syýasy we medeni durmuşy, harby hereketleri, onuň goňşy we beýlkei döwletler bilen gatnaşyklary häsiýetlendirilýär. Watwatyň "Resmi hatlary" Türkmenistanyň we türkmen halkynyň taryhyny öwrenmek üçin möhüm ähmiýetli ilkinji çeşmedir.

XIII asyryň meşhur türkmen taryhçy alymy **Muhammet ibn Ahmet an-Nesewi** (...-1249). "Jelaleddin Meňburnuň ömür beýany" atly eserini ýazypdyr.[7] An-Nesewiniň özüniň terjimehaly baradaky maglumatlar juda az. Ol gadymy Nusaý şäherinde eneden doglupdyr. Ol Köneürgenç türkmen döwletiniň iň soky patyşasy **Jelaleddin Meňburnuň** (1220-1231) kätibi bolup gulluk edipdir. Jelaleddiniň mongol basybalyjylaryna garşy ençeme ýyllap alyp baran gahrymançylykly söweşlerinde onuň ýanynda bolupdyr we öz gözi bilen gören, özüniň gös-göni gatnaşan taryhy wakalaryny kitabynda beýan edipdir.

An-Nesewiniň maglumatlaryna görä, horezmşasy Alaýeddin Muhammet ölenden soňra onuň ogly Jelaleddin 1220-nji ýylda Horezmiň şasy diýlip yglan edilipdir. Mongol ordalary döwletiň paýtagty Ürgenji basyp alandan soň, Jelaleddin Nusaýa tarap gitmäge mejbur bolupdyr. Ol güýç toplap, Nusaýyň golaýynda mongollaryň uly otrýadyny derbi-dagyn edipdir. Soňra demirgazyk Owganystana-Seýistana gelip, türkmenlerden, gaňlylardan, owganlardan, halaçlardan uly güýç toplap, duşmana gaýtawul bermäge taýýarlanypdyr.

1221-nji ýylyň tomsunda Jelaleddin 60 müňe golaý adamdan ybarat goşun toplapdyr we Perwanyň golaýynda Penjişi

[7] Ан-Насавы. Жизнеописание Джелалэтдина Менгбурны. Баку, 1973.

jülgesinde (häzirki Owganystanda) mongol serkerdesi Şiki Hutuhunyň 30 müň esgerden ybarat goşuny bilen çaknyşyp, ony derbi-dagyn edipdir. Jelaleddiniň egindeşi Kuş Teginiň baştutanlygynda türkmenler Maryny mongollardan azat edipdirler. Kuş Teginiň hatda Buhara tarap ýöriş edendigi hakynda an-Nesewi öz kitabynda habar berýär.

Şol ýylyň güýzünde Çingiz hanyň özi mongollaryň esasy harby güýçlerini jemläp, Jelaleddine garşy ýöriş edipdir. Hind derýasynyň boýuna bolan uly söweşde Jelaleddin ýeňilipdir. Rowaýata görä, şol söweşde Jelaleddiniň aýaly, ogly wepat bolupdyr. Jelaleddin birnäçe eserleri bilen Hind derýasyndan atly ýüzüp geçipdir. Şol kenardan ol Çingiz hana ýüzlenip, ýalaňaç gylyjyny ýokary galdyryp, halkaryň jellady, men saňa göz görezerin diýip gygyrypdyr. Çingiz han ýayndakylara ýüzlenip, meniň ogullarym hem Jelaleddin ýaly ugur tapyjy, edermen bolaýsady diýipdir.

Jelaleddin soňra Hindistana gaçypdyr. 1224-nji ýylyň başlaryna çenli Hindistanda, soňra Zakawkazýede mekan tutunypdyr. 1225-nji ýylda Jelaleddin Ermenistanyň we Gruziýanyň ep-esli bölegini we Azerbaýjany özüne tabyn edip, özbaşdak döwlet döredipdir. 1231-nji ýylda Azerbaýjanda mongol serkerdesi Udegey bilen söweşde ýeňilipdir. Ol Mesopotamiýa gaçmaga mejbur bolupdyr we şol ýerde duşmanlary tarapyndan ödürilipdir.

Taryhçy alym an-Nesewi mongol basybalyşlary we talaňçylygy netijesinde Merkezi Aziýanyň, şol sanda Türkmenistanyň ozal gülläp ösen şäherleriniň weýran bolandygyny, oba hojalygynyň, hünärmentçiliginiň pese gaçandygyny, baý kitaphanalarynyň, beýleki medeni ojaklarynyň ýakylyp ýok edilendigini öz kitabynda görkezipdir.

Şeýlelikde, XII asyryň II ýarymynda – XIII asyryň ilkinji onýyllyklarynda Köneürgenç türkmenleriniň döwleti dünýäniň ösen ylmy-medeni merkezleriniň birine öwrülipdir. Köneürgençli meşhur alymlar Fahr eddin ar-Razy, Muhammet

ibn Najyp Bekran, Mahmyt al Jagmyny, Nejmeddin Kubra, Reşideddin Watwat, Muhammet ibn Ahmet an-Nesewi öz döwrüniň ylmynyň we medeniýetiniň ösüşine uly goşant goşupdyrlar.

## XIII. Türkmenistanda sowet häkimýetiniň berkarar edilmegi we jemgyýetçilik pikir.

1917-nji ýylyň rewolýusiýasy Russiýa imperiýasynda 300 ýyllap höküm süren Ramanowlaryň neberesiniň häkimýetini syndyrýar. Ýurtda iki häkimýetlilik emele geldi. Wagtlaýyn hökümeti jemgyýetiň ýokary gatlaklary, sowetleri bolsa işçiler we es-erler goldaýardy. Özboluşly iki häkimýetlik imperiýanyň milli ülkelerinde, şol sanda Zakaspi oblastynda hem döredildi. Türkmenlerde edara etmekde maý, 1917-de ählitürkmen gurlutaýy çagyrylýar. Gurlutaý türkmen ýerlerinde ýetirýän Komiteti döredip, onuň başlyklygyna Han Ýomudiskiý bellenýär. Şol wagtlar G.Atabaýew, Öwezbaýew, Kakajan we Bekgi Berdiýewlwe syýasy sahna çykyp başlaýar. Oktýabr 1917-ýylda oktýabr rewolýusiýasy üstün çykýar. Ululy-kiçili halklaryň azatlygyny we deňhukuklygyny jar edýän beýýannamalar yglan edilýär. Ýurtda açlyk horluk bolup 30.11-05.12.1917-ýylda Aşgabatda sowetleriň IV gurlutaýy bolýar. Ol ähli häkimýetiň sowetleriö eline geçýändigini yglan edýär. Sowetlerde türkmen bölümleri döredilýär. Oblast halk Komiteti sowetleiň başlyklygyna Öwezberdi Kuliýew, Mary sowetlerine G.Atabaýew we Garagöz işan ýolbaşçylyk edýär. Sowet häkimýeti örän çylşyrymly syýasy gatnaşykda berkarar edýär. Çünki rewolýusiýanyň netijesinde jemgyýetiň gapma-garşylykly iki tapawut bolýar. Köne düzgüni dikeltmäge çalyşýanlar-aklan sowet häkimýetiniň tarapdary-gyzyllar diýip

at alypdyr. Göreş dowam edýär. Ýurtda raýatlyk urşuna getirýär.

17.06.1918-nji ýylda sag sagçy es-erler we menşewikler Zakaspide sowet häkimýetini agdarmak üçin synanşyk etdiler, ýöne ol başa barmady. Türkistan ASSR-ň hökümeti bu ýagdaýy anyklamak maksady bilen Samarkant häkimýetiniň başlygy Flolowy Zakaspä adatdan daşary ygtyýarly kamissary edip belleýär. Ol Aşgabada gelip, harby gabaw çäresini yglan edýär. Ýöne ol oblastda dörän örän çylşyrymly ýagdaý sebäpli doly anyklap bilmändir. Tersine gödek hereket edip, ýagdaýy çylşyrymlaşdyrypdyr. Sagçy es-erler we menşewikler şeýle ýagdaýdan peýdalanyp 12.07.1918-nji ýylda Aşgabatda ýaragly çykyş edip, sowet häkimýetini agdarýar. Şol gün Gyzylarbatda gazaply söweşde Danilow bilen Frolow heläk bolýarlar. Tiz wagtdan oblastyň Guşgudan başga ýerinde sowet häkimýeti agdarylyp es-erleriň we menşewikleriň eline geçýär. Olar wagtlaýyn ýerine ýetiriji komiteti döredip, başlyklygyna es-er Funtikowy belleýärler. 12.08.1918-nji ýylda iňlisleriň Eýranda jemlenen goşunlarynyň bir topary araçäkden geçip, ak gwardiýaçylara kömege gelýär. Şeýlelikde Zakaspi floty döräp gazaply uruş başlanýar. Bu uruş türkmenlere bolşowik we menşewik urşy ady bilen belli bolupdyr. Uruş hereketleri esasan demir ýoluň ugryndaky şäherlerde, uly stansiýalarda bolupdyr. Şol ýylyň 16.08 türkmen jemgyýetiniň wekilleri Büzmeýinde maslahat çagyrýar. Maslahatga Seýitmyrat Öwezbaýewiň baştutanlygynda Merkezi türkmen komiteti döreýär. Onuň füzümine Oraz Serdar, Hojageldi Hajymyradow, Kakajan Berdiýew we başgalar girýär. Komitet tutuşlygyna türkmen bölümi hökmünde ak wardiýaçylaryň hökümetine goşulypdy. Ak wardiýaçylaryň goşunynyň başlygyna Oraz serdar bellenilýär. 1919-njy ýylyň apreliniň ortalaryna rewolýutsion harby hereket döredilýär. Şondan soňam hüjüme geçýär. Birnüçe türkmen bölümleriniň goşunbaşylary gyzyllaryň tarapyna geçýär. 1920-nji ýylda raýatlyk urşy

tamamlanýar. Zakaspide sowet häkimýetiniň ýerli guramalary berkarar edilýär. Raýatlyk urşy ýyllarynda sowet häkimýetiniň ykdysady syýasaty «harby kominizm» ady bilen taryha girdi. Bu syýasat bazar gatnaşyklaryny inkär edýärdi. Şeýlelikde Zakaspiniň çäklerinde gyzyl goşunyň kömegi bilen sowet häkimýeti täzeden dikeldildi. Raýatlyk urşy halkyň üstüne inen hasrat bolup, ol jemgyýetiň aň düşünjesine ýaramaz täsir ýetirdi. Şeýlelik bilen jemgyýetçilik durmuşy täzelendi. Täze syýasy pikir, syýasy gatnaşyklar öňe sürildi. Rewolýusion öwrülşikler we raýatlyk urşy bolşewikleriň peýdasyna gutarýar. Türkmenistanda onuä Zakaspi oblastynda, Hywada, Buharada türkmen etraplarynda gyzyl goşunyň kömegi bilen sowet häkimýeti berkarar edildi.

2. 1917-1920-nji ýyllarda Türkmenistan SSR-iň HHSR-ň BHSR-ň jar edilmegi milli awtonom respublikanyň döredilmegi orta aziýada ýaşan halklary bölüp, üç respublikanyň düzümine girizipdirler. Meselem türkmenleriň 43%-ni Türkmenistan ASSR-ne 29%-ni BHSR, we HHSR-e degişli bolupdyr. Bolşewikler patyşasy milletleriň öz ykbalyny kesgitlemäge hukugynyň bardygyny ençeme gezek jar edýär. Şol syýasat netijesinde orta aziýa halklarynyň milli bölünişigi hakyndaky karar kabul edilýär. Munuň esasyndaky karar ilkinji partiýa guramalarynda ara alyp maslahatlaşylýar. Türkmenistanyň milli ispolnitel komitetiniň adatdan daşary sessiýasynda karar kabul edilýär. Orta aziýada milli döwlet bölünşigini geçirmek hakyndaky . Şonuň netijesinde 27. 19. 1924-nji ýylda özbaşdaklyk we türkmen SSR-ni döretmek hakynda karar kabul edildi. 15.02.1925-nji ýylda Aşgabatda dabaraly ýagdaýda sowetleriň bütün türkmen gurlutaýynda TSSR-iň döredilmegi barada jarnama kabul edildi. TSSR-iň gurlutaýyna MIR-iň başlyklygyna M.Aýtakow, HKS-nyň başlyklygyna orta aziýada milli döwlet bölünşigini geçirmäge, TSSR-iň binýadyny tutmaga işeňňir gatnaşan G.Atabaýew saýlanyldy. Gurlutaý TSSR-iň SSR-iň düzümine goirmegi

hakyndaky karar kabul etdi. Ilkinji bolup halkara derejesinde Turkiýa hökümeti 23 11 1925-nji ýylda TSSR-ň ýuridiki taýdan ykrar etdi. TSSR-iň SSR-iň düzümine girmegi bilen sowet respublikasynyň saýuzynyň döretmek hakynda şertnama laýyklykda türkmen beýleki saýuz respublikalary ýaly öz birnäçe düýpli hukuklary, halkara, daşary söwda, goranmak meseleleri, demir ýol, howa ulagy, poçta, teleograf boýunça hukuklaryny merkezi hökümetiň ygtyýaryna berdi.

TSSR-iň SSR-e girmegi oňa beýleki saýuz respublikalary bilen gös-göni aragatnaşygy ýola goýmaga ýardam etdi. Taryhy ösüşiň ýokary basgançagyna galmaga mümkinçilik berdi. Syýasat we ykdysaýet durmuşynyň çenden aşa merkezleşmegine hem umumy galyp salnandygyna garamazdan türkmen halky öz çäk bütewiligini, milli özbaşdaklygyny we beýleki gowy häsiýetlerini saklap bildi. Respublikada dürli-dürli halklaryň agzybir, ylalaşykly ýaşamagynyň tejribesi toplandy. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynda ähli pudaklaryň düýpli özgerişlrine gönürdirilen çäreleriň tutuş toplumy medeni rewolýusoýa ady bilen taryha girdi. Munuä esasynda uly ýaşly adamlaryň sowatsyzlygyny aradan aýyrmak üçin N.Aýtakowyň ýolbaşçylygynda sowatsyzlygy ýok etmek boýunça topar düzüldi. Sowatsyzlygy ýok ediş mekdep açyldy. 30-njy ýyllaryň ahyryna çenli uly ýaşly adamlaryň sowatsyzlygy esasan ýok edildi. Halk magaryfyna uly ähmiýet berildi. Mekdepleri açmak, olaryň maddy esasyny pugtalandyrmak, mugallymlary taýýarlamak işi yzygiderli dowam edýärdi. 1927-1929-njy ýyllarda arap elipbiýi latyn elipbiýi bilen çalyşyldy. 1930-njy ýylda ähliumumy hökmany başlangyç okuw girizildi. Mekdepleri üçin okuw kitaplary çap edildi. 1927-nji ýylda Aşgabatda türkmen med inistituty döredildi. Onda ylymlaryň dürli bölümleri boýunça bölümler işlenildi. 1931-nji ýylda pedagogik oba hojalyk institutlary  işläp başlapdyr. 1940-njy

ýyllaryň başlarynda ýokary okuw mekdepleriň bäşsi, ýörite orta mekdepleriň 36-sy ýörite hünärmenler taýýarlanyldy. Türkmenistanyň medeni mirasyny, taryhyny, tebigy baýlyklaryny öwrenmekde, Maskwanyň, Lelingradyň, Daşkendiň alymlary degişli kömek berdiler. 1941-nji ýylda SSR-ISŇ türkmen filýaly döredildi. Dünýä belli adamlar degerli kömek berdiler. Saglygy goraýyşda fiziki usulda bejermek we nefralogiýa merkezi döredildi. 1932-nji ýylda medinstitut döredildi 1920-1930-njy ýylda türkmen sowet edebiýaty kemala geldi. Türkmen sowet metbugaty, habar beriş serişdeleri medeni aň edaralary döreýär. Şekillendiriş sungaty ilkinji adamlaryny berip başlady. 1929-njy ýylda türkmen drama teatry açyldy. 1926-njy ýylda türkmen film studiýasy döredildi. Aýdym-saz sungatyna ähmiýet berilýär. Saz sunmgaty öwrenilip başlanýar. Şeýlelikde sowet döwründe jemgyýetçilik gatnaşyklarynda aň düşünjesi meselesinde uly ösüşler bolýar.  Medeniýet we sungat jemgyýetçilik pikiri komnistik aň esasynda alnyp barlypdyr. Sowet häkimýeti yslama bolan garaýyşlary ýok etmek boýunça işler alnyp barylýardy. Milli gymmatlayklar inkär edilýärdi.

## XIV. Sowet döwründe Türkmenistanda syýasy jemgyýetçilik pikir

1939-1945-nji ýyllarda ikinji jahan urşy boldy. Uruşdan soňky ýyllarda ýurduň jemgyýetçilik syýasy durmuşy örän dargynlydy. Uruş döwründe Ýewropa ýurtlaryny faşistlerden azat etmäge gatnaşan sowet esgerleriniň millionlarçasy ilkinji gezek kapitalistik hakykat bilen ýüzbe-ýüz boldy. Olar SSR-iň ýaşaýyş durmuş şertleriniň Ýewropa ýurtlarynkydan pes gelýändigine göz ýetirdiler. Bu ýagdaý  sowet wagyz nesihaty arkaly jemgyýetçilik oňz ornaşdyrylan durmuş düşünjelere şübhe döredip beşleýar. Şonuň üçin ýurduň jemgyýetçilik syýasy durmuşyny ösdürmäge, ylmy, medeniýeti ösdürmäge hal ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen çäreler amala aşyrylyp başlanýar. 1947-nji ýylda Türkmenistanyň kompartiýasynyň birinji sekratarlygyna Şaja Batyrow saýlanylyp, ýurduň ykdysadyýetini, medeniýetini ösdürmekde, milli partiýa döwlet işgürlerini, ylmy işgärleri taýýarlamakda işeňňirlik görkezdi. Emma onuň bu işlerinde milletçilik alamatlarynyň ýüze çykmagy tapylyp, iýul 1951-nji ýylda wezipesinde boşadyldy. TKP-nyň birinji sekratorlygyna Suhan Babaýew saýlanyldy. 1951-nji ýylyň dekabr aýynyň 28-29-nda bolan TKP-nyň plenumynda türkemn medeniýetiniň ajaýyp ýadygärligi bolan «Gorkut ata» dessany halka ýad we zyýanly eser hökmünde häsiýetlendirildi. Ol eseri çapa taýýarlan Baýmuhammet Garryýew, M.Kösäýew we türkmen döwlet neşiriniň baş redaktary O.Abdalow türmä basyldy. 05.03.1953-nji ýylda Stalin aradan çykdy. Onuň egindeşleriniň arasynda N.S.Hruşýow üstün çykdy. 1956-nji ýylda Staliniň şahsyýet kulty barada çykyş edip ony ýazgardy. Ol ýurduň syýasy jemgyýetçilik durmuşyna uly täsir etdi. 30-40-50-njy ýyllarda nähak tussag edilenler aklanyldy.

14.10.1964-nji ýylda Hruşýow ähli partiýa we döwlet wezipelerinden boşadyldy we pensiýa ugradyldy. SKP-nyň

birinji sekretarlygyna I.Brežnew saýlandy. Dekabr 1969-njy ýylda TSSR-yň kominiistik partiýasynyň ýolbaşçysy çalşyldy. Balyş Öwezow boşadylyp, ýerine M Gapurow saýlanyldy. 21.12.1985-nji ýylda S.A.Nyýazow saýlanyldy.

Brežnewiň döwri, durgunlyk ýyllary. Ýurduň jemgyýetçilik syýasy durmuşynda hem kominiistik jemgyýete gurmak hakyndaky şygaryň esasynda iş alnyp barylýar. Howaýy kominiistik şygarynyň astynda dowam edipdir.

2).

03.1985-nji ýylda SRP-ň baş sekretarlygyna M.S.Garbaçow saýlanýar. Ýurtda durmuş ykdysady ösüşi çaltlandyrmaga ugur alynýar. Bu ugra üýtgedip gurmak syýasaty diýen at berilýär.

01.1987-nji ýylda bolan flenunda sowet jemgyýetine demokratik meselesini öňe sürýärler. Has köp «demokratiýa» diýen şygar çap edildi. Netije bermeýär. Sowet jemgyýetçilik syýasy jemgyýeti çarşaýar. Türkmenistanda syýasy jemgyýetçilik durmuşynda ilki bilen türkmen halkynyň medeni mirasyny öwrenmäge ýol berildi. Ozal äsgermezçilik, gadagan edilen:gurban baýramy, nowruz baýramy, käbir däp-dessurlar:sadaka, sünnet, zyýarat etmek dikeldildi. Wyždan azatlygy doly kepillendirildi. Ilkinji medreseler açyldy, metjitler guruldy.

22.08.1990-njy ýylda Türkemistanyň özygtyýarlygy baradaky jarnam kabul edildi. Onda Türkmenistanyň respublikasynyň çäklerindüki ýere, tebigy baýlyklara, serişdelere, önümçilige eýeçilik etmek, hem-de bütün häkimýetiä şeýle-de gadymdan gelýän taryhy we medeni mirasynyň doly eýesi bolmak hukugy esaslandyryldy. Şol ýylyň 11.10-da dolandyrylyşygyň pr/lik görnüşleri girizildi. 08.12,1991-nji ýylda SSR ýykyldy.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.

16. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
17. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.

24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý.
29. N.Baýramähedow. Gündogaryň beýik danalary. A.1992.
30. История политических и правовых учений. М.2000.
31. Очерки философской мысли в Центральной Азии. М.1957

MAZMUNY

Giriş………….......………………………………….....7-8
**I.** Türkmenistanda jemgyýetçilik pikiriň emele gelmeginiň deslapky şertleri............................................................9-15
**II.** Gadymy Margiana (Marguş) dünýä siwilizasiýasynyň bäşinji merkezi hökmünde (syýasy aň bilimiň ösüşi).……16-21
**III**. Arap halyfaty döwründe syýasy aň bilim ösüşi………21-26
**IV.** Ibn Ýulasyň, Ibn al-Haýsamyň, Muhammedal Battanyň we beýleki alymlaryň tebigaty öwreniş ylymlaryna goşan goşantlary...................................................................27-30
**V.** Orta asyrlar döwründe Türkmenistanda taryh, filosofiýanyň ösüşi.........................................................................30-37
**VI.** Türkmenistanda VIII-XII asyrlarda syýasy aň biliminiň ösüşi.........................................................................37-59
**VII.** XI-XII asyrlarda Beýik Türkmen Seljuk imperiýasynda syýasy aň biliminiň ösüşi…………………...............…60-62
**VIII.** Jemgyýetçilik pikiriniň ösüşine Omar Haýýamyň, Abdyrahman al-Hazynynyň we Owhateddin Enweriniň goşandy……………….........................................…63-68
**IX.** Lukmançylyk ylymlarynyň ösüşine Gürgenleriň (Al-Jürjanynyň) goşandy…………….................................69-70
**X.** Beýik Türkmen Seljuk imperiýasynda syýasatşynaslyk, taryh, dilşynaslygyň ösüşi……………………..…...…71-80
**XI.** Köneürgenç türkmenleriniň döwletinde XII asyryň II ýarymynda – XIII asyryň başlarynda syýasy aň biliminiň ösüşi…………....................................................…..81-86
**XII.** Muhammet an-Nesewiniň, Nejmeddin Kubranyň, Reşideddin Watwatyň gumanitar bilimleriň ösüşine goşandy……..........................................................…87-92
**XIII.** Türkmenistanda sowet häkimýetiniň berkarar edilmegi we jemgyýetçilik pikir…………….......................92-96
**XIV.** Sowet döwründe Türkmenistanda syýasy jemgyýetçilik pikir……………………………………………97-98
Edebiýat…………………………………….99

© Türkmenistanda syýasy - jemgyýetçilik pikiriň taryhy
© Muhammet Akmyradow.
©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti